TÜRKMENISTANYŇ MEDENIÝET MINISTRLIGI
TÜRKMEN MILLI KONSERWATORIÝASY

Amangeldiýew Hudaýnazar

# TÜRKMENISTANYŇ HOR SUNGATY

Aşgabat•Ylym•2014

UOK 784
A 54

**Amangeldiýew H.**
A54 **Türkmenistanyň hor sungaty.** – A.: Ylym, 2014. – 144 sah.

TDKP №128, 2014 KBK 85.244

© H. Amangeldiýew, 2014
© “Ylym” neşirýaty, 2014



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Watanymyzda jemgyýetçilik aňynda saklanyp galan köne ýörelgelerden ýagdan gyl sogrulan ýaly saplanylandygyny we täze dünýäniň kämil ösüş ýoluna düşülendigini, munuň örän uly, hatda asyrlara ýaň saljak beýik üstünlikdigini sözüň hakyky manysynda bellemek gerek. Bu günki gün Türkmenistanyň medeni syýasaty raýat jemgyýetçiliginiň, adam hukugyny goramaklygyň we demokratiýanyň dabaralanmagyna hem öz saldamly goşandyny goşýar. Ýurdumyzyň medeni syýasatynyň esasy maksady ýurtda adamyň, jemgyýetiň we döwletiň ruhy kämilliklere, abadan ýaşaýşa eýe bolmagy üçin amatly şertleri döretmäge ýardam etmeklige gönükdirilendir.

Türkmen saz medeniýetiniň gadymdan gelýän köp müňýyllyk taryhy bar. Türkmen aýdym-saz sungaty asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçip, bu günki gün milli saz sungatymyzyň özenini düzýär, onuň has-da ösmegine ýardam berýär. Biziň şirin owazly, çeper, baý saz mirasymyzyň, halk döredijiligimiziň, gadymy adatlarymyzyň, däp-dessurlarymyzyň dürdänelerine ýugrulan häzirki zaman milli saz medeniýetimiz, göýä diýersiň, beýik ylhamdan we galkynyşdan nurlanan nepis bir haly eserini ýadyňa salýar.

Şu günki Türkmenistanyň aýdym-saz syýasaty, Garaşsyzlyk baýdagyny erkana parladýan, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe batly gadamlary bilen öňe gidýän eziz Watanymyzyň

adyl syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Döwletimiziň ykdysadyýetinde, sosial-durmuş ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgerişlikler ýurduň aýdym-saz durmuşyna hem täsirini ýetirdi. Taryhy köklerini has çuňdan alyp gaýdýanlygy bilen dünýäniň ösen ýurtlarynyň arasynda abraýly orunlary eýeleýän milli medeniýetimizi has-da ösdürmek meselelerine türkmen döwletiniň Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan aýratyn üns berilýär. Bu bolsa düýpli we ulgamlaýyn medeni maksatlary bökdençsiz ýerine ýetirmäge ýardam berýär. Çeper halk döredijiliginiň, professional sungatyň giňden ýaýbaňlanmagy üçin döredijilik bäsleşikleridir festiwallar, halkara maslahatlardyr sergiler yzygiderli geçirilip durulýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe halkyň milli ruhunyň galkynmagy netijesinde türkmen medeniýeti görlüp-eşidilmedik ösüşlere eýe boldy. Döwlet tarapyndan döredilýän amatly şertler milli medeniýetimiziň bütindünýä halklary bilen köp ugurly medeni aragatnaşyklary açmagyna, onuň giňden wagyz edilmegine, şeýle hem türkmen operasynyň, simfoniki sazlarynyň, kinosynyň, sirkiniň, hor sungatynyň täze kämil ösüş ýoluna düşmegine badalga berdi.

Monografiýanyň derňewi nazaryýet, şeýle-de taryh saz ylmynyň häzirkizaman esaslygyndan peýdalanlyyp döredildi. Derňelen edebiýat türkmen kompozitorlarynyň hor döredijiligini beýan edýän aýratyn monografiýalaryň hem-de bu meseläniň aýratynlyklaryny çuňňur öwrenýän gözleg işleriniň häzirki wagta çenli ýokdugyny görkezýär. Kitapda Türkmenistanda geçen asyryň 20-nji ýyllaryndan şu wagta çenli hor sungatynyň döreýşi we ösüşi suratlandyrylýar. Bu bölümi beýan etmekde dürli arhiw materiallary, şeýle hem Türkmenistanyň medeniýetiniň taryhy boýunça edilen gözleg işleri we metbugatda çap edilen makalalar peýdalanyldy.

# I BAP. TÜRKMENISTANDA HOR SUNGATYNYŇ DÖREÝŞINIŇ WE ÖSÜŞINIŇ TARYHY

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe batly gadam basýan Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başda durmagynda beýleki ugurlar bilen bir hatarda professional saz sungatyny ösdürmeklige hem aýratyn üns berilýär. Ýurduň saz jemgyýetçiliginde emele gelen ägirt uly özgerişlikler, dünýä saz medeniýetine ýakynlaşmak boýunça geçirilýän halkara çäreler munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmen saz sungaty dürli ugurly bolmak bilen, hor, simfoniýa, opera sungaty ýaly dünýä derejesine laýyk gelýän saz ulgamyndaky ösüşiň ägirt uly ýoluny geçdi.

Hor sazy saz döredijiliginiň iň baý gatlagydyr. Täze-täze eserleri döretmeklige bolan yzygiderli islegler, olaryň döwrüň wajyp hadysalaryna dessine seslenip bilmek ukyby, keşplendirijilik, esasan hem, liriki keşplendirijilik mümkinçiliginiň ululygy boýunça ol diňe aýdym sungaty bilen bäsleşip biler. Onuň köklerini milli däp-dessurlara salgylanyp, ýerine ýetirijiligiň köpçülikleýin formasyny özünde jemleýänligi, wokal esasynyň ýönekeýligi, kompozitorçylyk döredijiliginde beýleki saz ulgamlarynyň arasynda hor žanrynyň aýratyn ornuny üpjün edýär.

Özüniň dörän ilkinji günlerinden başlap häzirki döwre çenli türkmen hor sungatynyň göwrümi örän baý we köptaraplydyr. Türkmen kompozitorçylyk mekdebiniň döreýiş taryhynda hor döredijiliginiň kemala geliş ýagdaýyny beýan etmek meselesi örän döwrebap bolup durýar. Instrumental žanrynda örän aýdyň ýüze çykan äheňleýin serişdeleriň baýlaşmagy bu ulgamda özüni görkezip bildimikä? Hor sazynyň dürli ulgamlarynda – žanr we mazmun ulgamlarynda, dramaturgiýada, forma ýasaýyşda we

beýlekilerde däp-dessurlaýynlygyň we täzeçilligiň gatnaşygy näderejede? Žanryň genetiki gözbaşlaryna bolan gatnaşygy boýunça hor sazy näderejede döredijiligiň nähilidir bir däp bolan görnüşi bolup durýar?

Türkmen hor sungatynyň ösüşiniň has wajyp döwürlerini gysgaça suratlandyryp geçeliň. Halk sazynyň esasy görnüşi bolup saklanan monodiýa sungaty Aziýa, Afrika sebitlerinde ýörgünli bolup, türkmen folklor we halk professional döredijiligine hem mahsusdyr. Hor ýerine ýetirijiliginiň başlangyçlaryny aýallar toparlary bolup unison (bir sesde) görnüşinde ýerine ýetirilýän "Läle" aýdymlarynda, toý däpleriniň oýun görnüşlerinde, şeýle hem köpçülik bolup ýerine ýetirilýän sokral žanrlarynda ("Küştdepdilerde") hem görmek bolýar. Türkmen halkynyň hor bolup ýerine ýetirmekligi özleşdirmek hadysasy halk aýdymlaryna berk daýanmakdan başlanandygyny aýratyn bellemek gerek.

Türkmenistanda hor sungatynyň döreýşi we ösüşi türkmen kompozitorçylyk mekdebiniň döreýşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Onuň düýbi 30-njy ýyllarda tutulypdy. Şol ýyllaryň saz durmuşynyň köpsanly aýdyň, ýatdan çykmajak hadysalarynyň arasynda Türkmenistanda ilkinji professional hor toparlarynyň döredilmegi wajyp başlangyç bolupdy. Mysal üçin, 1934-nji ýylda türkmen radiokomitetiniň ýanynda erkekler hory döredilipdi, onuň hataryna 12 adam girýärdi. Horuň ýolbaşçysy G. M. Arakelýan bolupdy. 1940-njy ýylda Türkmen döwlet filarmoniýasynda professional hor, 1941-nji ýylda bolsa täze açylan opera we balet teatrynyň ýanynda hor topary döredilipdi.

Hor ýerine ýetirijileriniň hor aýdymlarynyň özboluşlylyk häsiýetini gazanmaklary üçin tutanýerli zähmet çekilipdi, täze döredilen hor topary gysga wagtyň içinde uly üstünlikler gazanmagy başarypdyr. 1941-1945 ý. urşunyň başynda Aşgabada göçürilip getirilen we ýaş türkmen ýerine ýetirijileri üçin

ýerine ýetirijilik ussatlygynyň janly nusgasy bolan Ukrain hor kapellasynyň hem belli bir hyzmaty ýerine ýetirendigini belläp geçmek gerek. Bu hor 1943-nji ýylda hor sungatyny wagyz etmek maksady bilen, dirižýor-assistent A. Esadowyň ýolbaşçylygynda respublika boýunça uly gastrol çykyşlaryny amala aşyrypdy. Aýry-aýry horlar, esasan, çeper höwesjeňligiň, aýratynam, harby çeper höwesjeňliginiň çäklerinde mundan öň hem hereket edipdi. Mysal üçin, B. Žaworonkowyň, W. Larionowyň "Türkmenistanyň saz boýunça hünärmen taýýarlaýjy ussahanasy" diýen kitabynda 1902-nji ýylda Gyzylarbatdaky Ilkinji Zakaspiý demir ýol batalýonynyň ýanynda R. A. Iwanow tarapyndan birnäçe uly bolmadyk hor gurnaklarynyň döredilendigi baradaky maglumatlar getirilýär.

Horlaryň döremegi bilen olar üçin repertuar döretmek meselesi ör-boýuna galýar. Ony çözmeklige pajygaly uruş ýyllarynda Türkmenistanda işlän Ý. Meýtus, B. S. Şehter, A. G. Lobaçýow, K. A. Korçmarýow ýaly rus we ukrain kompozitorlary işjeň girişýärler. Türkmen melosynyň lad, ritmiki aýratynlyklaryny çuňňur özleşdirmeklige esaslanmak bilen, türkmen kompozitorçylyk mekdebiniň taryhynda öçmejek yz galdyran bu ajaýyp ussatlar hor üçin gadymy türkmen halk aýdymlaryny gaýtadan işlemeklige ýüzlenýärler. Ý. Meýtusyň "Ýaltajan", "Uzak ýoldan", K. Korçmarýowyň "Ýarowjan", G. Lobaçýowyň "Dilber" ýaly aýdymlary bu ugurda ilkinji nusgalardyr.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň hor sungatynyň taryhynyň başlangyjy goýulýar. Onuň ösüşiniň dowamynda ýaş respublikanyň tutuş medeniýetine mahsus bolan, şol wagt üçin döwrebap bolup durýan, gözbaşy asyrlaryň çuňlugyndan gelýän sungat bilen, däp bolan ýaşaýyş-durmuş üýtgeşmeler arkaly emele gelen täzeçilligiň sintezini döretmeklige bolan ymtylyşlar aýdyň

ýäze çykýar. Şondan uzak wagt geçmänkä hem, entek ýeterlik tejribesi bolmadyk türkmen kompozitorlary tarapyndan ilkinji hor eserleri döredilip başlanýar: Aşyr Kulyýewiň “Hoşlaşyk aýdymy”, “Watan üçin” (B. Seýtäkowyň goşgularyna), “Men ýaş watançy” (M. Janmyradowyň goşgusyna), W. Muhadowyň “Biziň goşunymyz” (Z. Muhammedowyň goşgusyna) we başgalar. Aýdymlarda halk melosynyň äheňleri işjeň marş ritmikasy, giňişleýin interwallarda çagyryş ýaňy ýaly ýewropa sungatynda orun tutan gahrymançylykly keşbi döretmekligiň häsiýetli usullary bilen baglanyşdyrylýar. Gazaply uruş ýyllarynda döremek bilen, olar, Watany goramaklyga çagyryş we şol ýyllaryň sowet aýdym döredijiligine mahsus bolan aýdym-plakat görnüşli bolup durýarlar.

Giňişleýin umumylaşdyrylan görnüşde, şeýle-de belli bir gahrymanyň edermenligi wasp edilýän 1941-1945 ý. urşunyň hadysalary kantata-oratoriýa žanrynyň hem sýužetleýin esasyny düzýär. Türkmen kompozitorlary bu žanry özleşdirmeklige hem 40-njy ýyllaryň başlarynda girişýärler. Döredilen eserleriň hatarynda Aşyr Kulyýewiň Türkmenistanyň ilkinji Gahrymany bolan Gurban Durda bagyşlanan poema-kantatasyny (D. Agamämmedowyň goşgusyna), K. Korçmarýowyň “Türkmen poemasyny” (R. Seýidowyň goşgusyna), Weli Muhadowyň “Ýeňiş” atly kantatasyny (R. Seýidowyň goşgusyna) görkezmek bolar. Bu eserler heniz ýeterlik derejede kämil bolmasalar-da, olar kantata-oratoriýa žanry üçin esasy bolan uly watansöýüjilik temasyny öz içine alýandyklary üçin ähmiýetlidirler.

Eger-de geçen asyryň 40-njy ýyllarynda Türkmenistanyň hor sungatynyň esasy goýlan bolsa, onda soňraky onýyllykda – 50-60-njy ýyllarda türkmen kompozitorlarynyň öňünde ýokary estetiki gymmatlyklara eýe bolan aýdyň milli eserleri döretmek ýaly çylşyrymly wezipe durýardy. Hor ýazuwynyň tilsimlerini

kämil ele almak, halk melosynyň aýratynlyklarynyň ýewropa hor klassykasynyň däp-dessurlary bilen has kadaly sazlaşmagyny gazanmak, öz stilini polifoniki tehnikanyň her dürli usullaryny, çylşyrymly köpsesli hor dikligini has inçelik bilen ulanmak arkaly baýlaşdyrmak ýaly wezipeleri çözmelidi.

Türkmen hor sungatynyň ösüşiniň 50-60-njy ýyllardaky kesgitlenen wajyp meselüleriniň biri hem a’capella hory üçin eser döretmeklik bilen baglanyşyklydyr. G. S. Drżewskiniň R. Seýidowyň sözlerine döreden hor toplumy bu ugurda ädilen ilkinji ädimdir. Bu ajaýyp sazandanyň döredijilik şahsyýeti köpsanly türkmen kompozitorlaryna, dirižýorlaryna, ýerine ýetirijilerine ägirt uly täsirini ýetirýär. Türkmen radiokomitetiniň çagyrmagy boýunça 1938-nji ýylda Aşgabada gelen G. S. Drżewskiý özüniň soňraky durmuşyny Türkmenistan bilen ymykly baglanyşdyrýar. Ol köp ugurly işleri alyp barýar: dürli ýyllarda ol horuň ýolbaşçysy we dirižýory bolýar, sazçylyk uçilişesinde mugallymçylyk edýär, köpsanly eserleri döredýär. G. S. Drżewskiniň a’capella horlar toplumy türkmen sazynyň taryhynda tutuş bir däp-dessuryň başlangyjyny goýýar: 60-70-nji ýyllarda D. Öwezow, W. Ahmedow, R. Gutlyýew, O. Gurbannyýazow, R. Allaýarow, D. Nuryýew ýaly kompozitorlar özleriniň a’capella hor eserlerini döredýärler.

50-60-njy ýyllarda türkmen kompozitorlarynyň kantata-oratorial döredijiligi işjeň ösüşe eýe bolýar. D. Öwezowyň oratoriýalaryny we A. Kulyýewiň “Garagum derýa” diýen kantatasyny bu döwürde döredilen eseriň iň gowularynyň hataryna doly hukuk bilen goşmak bolar. Ady agzalan we köpsanly beýleki kompozitorlaryň döredijiliklerinde kompozitorçylyk işiniň dürli ugurlarynda bolup geçýän hadysalaryň kanunalaýyk şertlendirilen häsiýetleri ýüze çykýar. Olaryň ilkinjisi 50-nji ýyllara – haçan-da täze nesil ýaňy bir özbaşdak döredijilik ýoluna düşen wagtyna

we rus sowet mekdebiniň klassyk däp-dessurlary bilen berk baglanyşykda bolan wagtyna gabat gelýär. “Prokofýewiň, Mýaskowskiniň simfonizmi, Şostakowiçiň iň beýik gazananlary, bu we uly nesle degişli bolan beýleki awtorlaryň kantata-oratoriýa we opera döredijilikleri bilen tebigy baglanyşyklar, köpsanly ýaş awtorlarlaryň kämillik ýoluny kesgitlemeklige hyzmat edipdiler”.

50-nji ýyllarda döredilen eserler ýaş kompozitorlaryň raýatlyk temasyna, beýan edişiň nusgawy serişdelerinden peýdalanmaklyga ýykgyn edýändigini alamatlandyrýar. Eýýäm 50-nji ýyllaryň ahyrlarynda kompozitorlar sazly beýan ediş serişdeleriniň ulgamyny giňeltmeklige bolan talaby ýiti duýup başladylar: folklor ulgamyndaky gözlegler görkezme meýilleriniň peýda bolşuny has görnetin şekillendiripdirler – halk-professional sazynyň melodiki we tembr-fakturalaýyn seslenişini formal taýdan suratlandyrmak däl-de, eýsem, lad, gurluş düzümine göz ýetirmek arkaly olary kompozitorçylyk işinde aýdyňlygy bilen ulanypdyrlar. Şundan soň indiki tapgyr gelýär. Onuň iň bir wajyp manysy, bir tarapdan, 60-njy ýyllarda folkloryň kanunalaýyklyklarynyň batyrgaýlyk bilen ösüşinden, beýleki bir tarapdan bolsa, sazly beýan ediş serişdeleriniň ulgamyny yzygiderli täzeläp durmakdan, şeýle-de klassyky däp-dessurlary öndürijilikli çuňlaşdyrmakdan ybaratdyr. D. Nuryýewiň, W. Ahmedowyň, D. Öwezowyň hor döredijiligi oňa mysal bolup biler.

Eýýäm 60-njy ýyllaryň ahyrlaryna çenli beýleki kanunalaýyklyklar has aýdyňlygy bilen ýüze çykyp başlaýar: pikirleniş ulgamlarynyň, kompozisiýa usullarynyň dürli görnüşleriniň klassyky we radikal ugurlarynyň ýakynlaşmagy we biri-birine aralaşmagy. Dodekafoniýa we tonalnost elementlerini, gapma-garşylykly ritmiki we fakturalaýyn komponentleri birmeňzeş erkinlik bilen ulanmaga mümkinçilik berýän özboluşly

“garym-gatym” tehnika peýda bolýar. Şunlukda, 70-80-nji ýyllarda döredilen eserlerde aýdyň ýüze çykan polistilistik usul döreýär. “Stilleýin çäklendirmäniň üsti bilen klassyky däp-dessurlaryň ýüzbe-ýüz ösüşinden köpdürlüligi has işjeň utgaşdyrmaklyga çenli – organiki bölegi hor žanry bolup durýan saz döredijiliginiň ewolýusiýasynyň kanunalaýyk ýoly şundan ybaratdyr”.

70-80-nji ýyllar türkmen kompozitorlarynyň hor döredijiliginiň ösüşinde düýpgöter täze tapgyrdyr. Ilkinji nobatda, raýatlyk-watansöýüjilik tematikasynyň hiç haçan könelmejek ähmiýetini belläp geçeliň. Halkyň geçmiş taryhynyň we häzirki zaman döwrüniň iň bir wajyp hadysalary hor žanrynyň däp-dessurlary boýunça kompozitorlaryň üns merkezinde bolmagynda galýar. Bu eserleriň belläp geçerlikli aýratynlygy – beýan ediş serişdeleriniň örüsini giňeltmekden, olary häzirki zaman tehnikasynyň dürli usullary bilen ýakynlaşdyrmak arkaly baýlaşdyrmakdan, ses belentliginiň gurluşynyň tonal däl usullary bilen baglanyşykly bolan aýdymyň täze ekspressiw häsiýetlerini ýüze çykarmaklykdan ybaratdyr. Muňa aýdyň mysal hökmünde R. Allaýarowyň R. Tagoryň goşgularyna döreden oratoriýasy hyzmat edip biler. Türkmen hor sungatynyň taryhynda bu eser daşary ýurt şahyrynyň çuňňur filosofik manyly sözlerine döredilen ýeke-täk eserdir.

80-nji ýyllarda türkmen hor döredijiliginde watançylyk temasyna esaslanyp döredilen eserleriň sany has hem köpeldi. 1941-1945 ý. urşunda gazanylan ýeňşiň 40 ýyllygyna bagyşlanan tema N. Halmämmedowyň Rekwiýem eserinde, Türkmenistanyň geçen we häzirki zaman taryhy wakalary R. Allaýarowyň, B. Hudaýgulyýewiň, G. Çaryýewiň eserlerinde öz beýanyny tapdy.

Garaşsyzlyk döwrüniň başlanmagy bilen türkmen kompozitorlarynyň hor döredijiligi aýratyn sosial ähmiýete eýe bolýar. Lirikanyň aýratyn çuňňurlygy, özüne çekijiligi – soňky ýyllaryň hor sungatynyň saz keşpleýinlikginiň özboluşly häsiýetidir. “Täzeçilligiň” dürli görnüşleri bilen gyzyklanmaklygy synag edilýän tapgyry tebigy ýagdaýda hakyky beýan edişligiň, sazdaky labyz berýän, baglanyşyklary döredýän döwri bilen öz ornuny çalyşýar. 90-njy we 2000-nji ýyllaryň başlaryndaky türkmen kompozitorlarynyň döredijiligi žanr, mazmun, stil ugurlarynyň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Ýöne welin, watansöýüjilik mazmunyna eýe bolan eserlere ýykgyn etmeklik soňky ýyllardaky saz sungatynyň ösüşinde häsiýetli we kesgitleýji alamat bolup durýar. Syýasy, raýatlyk tematikasy öňdäki hatara çykýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde türkmen kompozitorlary täze döwri şekillendirýän, Watana bolan çuňňur söýgi duýgusyny, onuň ýagty geljegine bolan ynamyny beýan edýän hor eserlerini döredýärler. Olaryň köpüsi Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna, baky Bitaraplygyna, beýik taryhy şahsyýetleriň keşplerine bagyşlanandyr. Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Döwlet Senasynyň döredilmegi täze döwürdäki ýurduň durmuşynda bolup geçen iň wajyp hadysalaryň biri bolup durýar. Bu taryhy pursatda hor sazy ulgamy has talabalaýyk bolup durýar, türkmen halkynyň durmuşynda düýpli özgerişleriň bolup geçýän döwründe türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen hor eserleriniň sanawy munuň aýdyň şaýatnamasydyr: A. Çaryýewiň opera-oratoriýasy (häzirki zaman türkmen şahyrlarynyň goşgularyna); R. Allaýarowyň “Pyragy we Serdar” odasy (A. Atabaýewiň goşgusyna); R. Allaýarowyň “Türkmenistan – ata-mekan” odasy (A. Atabaýewiň goşgusyna); R. Allaýarowyň “Diýarym” odasy (A. Atabaýewiň goşgusyna);

R. Allaýarowyň “Deprek” odasy; W. Muhadowyň “Türkmenistan – bagy-bossan” kantatasy (A. Çüriýewiň goşgusyna); W. Muhadowyň “Watannama” eseri (A. Çüriýewiň goşgusyna); R. Rejebowyň “Garaşsyzlyk kantatasy” (A. Hojanyýazowyň goşgusyna); S. Tüýliýewiň “Göroglynyň mekanynda” kantatasy (A. Aganazarowyň goşgusyna); M. Annamyradowyň “Täleý” kantatasy (Magtymgulynyň we Mollanepesiň goşgularyna).

Beýleki türkmen awtorlary tarapyndan hem hor aýdymlarynyň, odalaryň, kantatalaryň, hor toplumlarynyň köpsanlysy döredilýär: W. Ahmedow, B. Hudaýgulyýew, B. Hudaýnazarow, D. Hydyrow, J. Gurbangylyjowa, S. Tüýliýew, G. Çaryýew, J. Paýtakowa, M. Mämmetjumaýewa we beýlekiler. Bu eserleriň hemmesi Türkmenistanda hor žanrynyň ösüşiniň dowam etdirilýändigini, şeýle hem döredijilik gözlegleriniň we awtorçylyk stilleriniň köpdürlüligini görkezýär. Mysal üçin, R. Allaýarowyň odalary kompozitoryň saz diliniň özboluşlylygy we hiç wagt gaýtalanmaýanlygy bilen tapawutlanýar, ol polifoniýanyň giňişleýin ulanylmagy, aýdyň, halk sazlaryna esaslanan sazlaryň we dürli-dürli dissonans sazlaşyklardan doly bolan ýiti garmonik diliniň baglanyşygy bilen häsiýetlendirilýär. M. Annamyradow özüniň uly bolmadyk dört bölümli kantatasyna, milli öwüşgini döretmeklige ýardam edýän saz guraly hökmünde dutary girizýär. S. Tüýliýew özüniň “Göroglynyň mekanynda” diýen kantatasyny “Waspnama” diýip atlandyrýar we şeýlelik bilen, onuň žanr taýdan özboluşlylygyny kesgitleýär.

Arkadagymyzyň tagallasy bilen ýurdumyzda Türkmen döwlet horunyň, simfoniki orkestriniň döredilendigi meseläniň bir tarapydyr. Indiki maksat şol professional döredijilik toparlar üçin kämil, döwrebap eserleriň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu babatda türkmen kompozitorlarynyň döredijiligine ser salmak ýerliklidir. R. Allaýarow, A. Agajykow, B. Hudaýnazarow,

R. Rejebow, S. Tüýliýew, H. Amangeldiýew, M. Annamyradow ýaly kompozitorlarymyz bu žanrda has köp eser döreden ussatlar hökmünde orta çykdylar. Olaryň hor üçin ýazylan eserlerinde, kamera-instrumental sazlarynda, aýdymlar we romanslarynda hem uly döwrebaplyk duýulýar. Türkmenistanyň halk artisti Aman Agajykow bu ugurda beýlekilere görelde bolup, ençeme eserleri döretdi. Onuň okyjy we simfoniki orkestr üçin "Garaşsyzlyk mukamy" atly aýdymy meşhur eserleriň biridir.

Türkmenistanyň halk artisti Rejep Allaýarowyň döredijiliginde hem ajaýyp zamanamyz belent heňde wasp edilýär. Halypa kompozitoryň döredijiliginde watançylyk temasy uly orny eýeleýär. Bu babatda ol "Watan" diýen uly göwrümli eseri bilen diňleýjileri begendirdi. Hor, solist we simfoniki orkestre niýetlenilip döredilen bu aýdymda çuň mazmunly şahyrana sözleriň özüne laýyk gelýän saz bilen utgaşyp, başymyzyň täji bolan ata-Watanymyzyň kämil derejede waspy ýetirilýär. Garaşsyzlygymyza bagyşlanan kirişli, halk we kakylyp çalynýan saz gurallaryna niýetlenen uly göwrümli eseri, şeýle hem solist we kamera orkestr üçin Garajaoglanyň sözlerine wokal toplumy aýdylanlara aýdyň mysal bolup biler.

Nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiligine ýüzlenmek däbi beýleki kompozitorlarymyza hem mahsusdyr. Türkmenistanyň halk artisti Rejep Rejebowyň Garajaoglanyň goşgularyna döreden aýdymlarynyň sany ýigrimä barabardyr. Bu kompozitor ajaýyp zamanamyzy belent heňde wasp edýän aýdym-sazlary döredip, professional aýdymçylaryň repertuarlarynyň baýlaşmagyna uly goşant goşdy. "Türkmenistan", "Ýalkymly ýodalar" ýaly aýdymlary kompozitoryň şu döwürde döreden şowly eserlerine mysal bolup biler. Milli Garaşsyzlygymyzyň 20 ýyllygy mynasybetli sahnalaşdyrylýan "Görogly" operasynyň sazynyda Rejep Rejebow ýazdy.

Türkmenistanyň at gazanan artisti Baýramdurdy Hudaýnazarow Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe önjeýli işleýän we döredýän kompozitorlaryň biridir. Gyzlar hory üçin "Watandadyr", solist we hor üçin "Baky parahatlyk adamzat üçin", "Döwran gelendir", "Goý, aýdylsyn bitaraplyk aýdymy", "Gelýär Galkynyşyň şanly günleri" ýaly döwrebap aýdymlary bu kompozitor soňky ýyllarda döredip, professional aýdym-saz sungatymyzyň hazynasyny baýlaşdyrdy.

Türkmenistanyň halk artisti, ussat kompozitor Daňatar Hydyrow hem ajaýyp zamanamyzyň waspyny ýetirmekde nusgalyk iş bitirýär. Ol ençeme spektakllardyr filmlere saz ýazmak işini ululy-kiçili hor we aýdym-saz eserlerini döretmek bilen utgaşdyrýar. D. Hydyrowyň solist, hor we simfoniki orkestr üçin döredilen "Galkynyşly Watanymyz" we başga-da onlarça ajaýyp aýdymlardyr sazlary sungat muşdaklaryny begendirýär.

Türkmenistanyň at gazanan artisti Suhan Tüýliýewiň döredijiliginde milli halk aýdym-sazlaryna ýüzlenilip, ondan ylham alnyp döredilen uly göwrümli eserler bellenilmäge mynasypdyr. Kompozitoryň "Döwletli döwran" atly uly göwrümli kantatasy okyjy, solist, hor, gargy tüýdük, gopuz hem simfoniki orkestr üçin niýetlenip döredilendir. Şeýle hem ol şu ýyllarda Magtymgulynyň goşgusyna "Türkmen binasy" ady bilen okyjy, solist, hor we simfoniki orkestr üçin waspnama döretdi.

Zehinli kompozitor Meret Annamyradow hem Garaşsyzlyk ýyllarynda professional aýdym-saz sungatymyzyň döwrebap ösmegine saldamly goşant goşýar. Onuň döredijiliginde dürli žanrlarda döredilen aýdym-saz eserleriniň ençemesi bar. Onuň "Beýik Galkynyş joşguny" eserinde bedew bady bilen oňe barýan agzybir halkymyzyň bagtyýar durmuşy, ýurdumyzy gülletmekdäki çekýän joşgunly zähmeti dürli saz gurallaryndan çykýan owazlar arkaly beýan edilýär. Bu eser simfoniki orkestr

üçin döredilendir. Awtor şeýle joşgunly owazlaryny özüniň şanly 20 ýyllyk senä bagyşlap döreden kamera orkestr üçin "Öňe, Watanym" atly dabaraly uwertýurasynda, uly simfoniki orkestr üçin "Galkynyş" uwertýurasynda, "Watan hakynda kantatasynda" dowam edipdir. Kompozitor akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň şygryýet baýramçylygy mynasybetli şahyryň "Näbilsin" goşgusyna romans döretdi. "Söýgi mülki", "Daglara", "Ýaňgala" ýaly aýdym-saz eserleri dürli-dürli temalary öz içine alyp, ululy-kiçili orkestrler üçin döredilen aýdym-saz eserleridir.

Döredijilik gözlegleri bilen döwrebap aýdym-saz döredýän tejribeli halypa kompozitorlar bilen bilelikde ýaş kompozitorlarymyzyň hem bu babatda işjeňlik görkezýändiklerini bellemelidiris. Z. Jumagulyýewa, R. Nepesow, K. Garowow, J. Paýtakowa ýaly ýaş kompozitorlarymyzyň şu ýyllarda döreden eserleri muny subut edýär. Bu zatlar aýdym-saz sungatynyň dowamat-dowamlygyndan nyşandyr.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täzeden sahna çykyp, öz tomaşaçylaryna gowşan "Şasenem-Garyp", "Leýli-Mejnun", "Zöhre-Tahyr", operalarymyzda ýörite köpçülikleýin sahnalarda horuň we orkestriň bir bitewi sazlaşygy öz gözbaşyny şol gadymy akaba köklerinden alyp gaýdýar. Döredijilik işgärleri hemişe gözlegde. Bu häsiýet bagşy-sazandalarymyza-da, kompozitorlarymyza-da mahsusdyr. Mysal hökmünde aýtsak, halypa kompozitorymyz A. Agajykow şu günler "Ýusup-Züleýha" operasyny ýazýar. M. Annamyradow bolsa "Saýatly-Hemra" operasynyň üstünde işleýär. Şular ýaly döredijilik üstünlikleri milli aýdym-sazlarymyzyň Garaşsyzlyk ýyllaryna milli Liderimiziň tagallasy bilen has-da ýokary galyp, onuň dünýä saz medeniýeti bilen utgaşykly ösýändigini görkezýär.

# II BAP. TÜRKMENISTANYŇ KOMPOZITORLARYNYŇ WOKAL-SIMFONIK DÖREDIJILIGI

Wokal-simfonik sazy žanr taýdan örän baýdyr. Oňa hor we simfonik orkestr üçin ýazylan kantatalar, oratoriýalar, operalardan hor sahnalary, wokal-simfonik poemalar, odalar, gimnler degişlidir[1]. Bu žanrlaryň hersiniň öz taryhy däpleri we wezipeleri bardyr. Şonuň bilen bilelikde, keşp-dramaturgik ulgamy olary birleşdirýän hadysa hökmünde ýüze çykýar. Türkmen halkynyň möhüm taryhy wakalary we häzirki döwrüniň wajyp syýasy özgerişleri milli wokal-simfoniki sazynyň esasy temasy bolup ýaňlanýar.

Türkmen kompozitorlarynyň wokal simfonik döredijiliginiň žanr diapazony uly göwrümli (kantata, oratoriýa, poema), şeýle-de kiçi göwrümli (gimnler, odalar) eserleri öz içine alýar. Konsertlerde häli-şindi ýerine ýetirilýän operalardan horlary bu döredijiligiň aýratyn sahypasyny düzýärler[2].

## Kantatalar we oratoriýalar

Türkmen wokal-simfonik sazynyň geçen ýoly ol diýen bir uzak däl. Ilkinji kantatalar 1941-1945 ý. urşy ýyllarynda, ilkinji oratoriýalar bolsa soňraky onýyllykda peýda bolupdylar. Umuman aýdanyňda, bu žanrlara bolan gyzyklanma hiç haçan hem gowşamady. Oratoriýany we kantatany “monumental sungatyň has gahrymançylykly žanrlary bolan – şygryýetdäki epik rowaýata, dramaturgiýadaky we teatrdaky gahrymançylykly epopeýa, žiwopisdäki gözel nagşa ýa-da gahrymançylykly

[1] Музыкальная форма (под ред. Ю.Тюлина). – М.: Музыка, 1965, 302.
[2] Назайкинский Е. В. Логика музыкальной композиции. – М., 1982, 28.

portrete meňzedip bolýandygy” adalatly bellenip geçilýär[3]. Wokal-simfonik žanrlarynyň taryhy tematikany, öz döwrüniň hadysalaryny suratlandyrmaga, geçmişiň we häzirki döwrüň ähmiýetli şahsyýetleriniň keşplerini beýan etmeklige bolan ukyby kompozitorlaryň kantata we oratoriýa üns bermekleriniň esasy özeni bolup durýar.

Bu žanrlaryň ösüşiniň başlangyç tapgyrynda olar üçin toplumyň sýuitalaýyn gurluşynyň prinsipi häsiýetli bolupdy. Mysal üçin, Aşyr Kulyýewiň Baba Japarowyň sözlerine döreden “Garagum derýa” diýen kantatasy giňişleýin ykrar edilmegine eýe bolýar (1967). Watansöýüjilik duýgularyna ýugrulan bu eserde döredijilik işiniň aýdyň joşgunlylygy şekillendirilýär. Janly hyjuwlylyk, formanyň aýdyňlygy, milli usulyň arassalygy, agras we batyrgaý adamlaryň keşplerini döretmeklik kantata sazynyň gazanan şübhesiz üstünligidir. Kantatanyň bölümleriniň hemmesiniň sazy aýdyň keşpleýin gapma-garşylyklara esaslanandyr, horuň aýdýan aýdymy hem onuň instrumentowkasy çeýe we täsirlidir. “Garagum derýa” diýen kantata üçin kompozitora Magtymguly adyndaky Döwlet baýragy gowşurylýar[4].

A. Kulyýewiň “Garagum derýa” kantatasy alty bölümden ybarat:

**I bölüm** – “Suw baradaky arzuw”;

**II bölüm** – “Jeýhun” (halk içinde ýörgünli bolan Däli Jeýhunyň – Amyderýanyň ady);

**III bölüm** – “Çöle hüjüm”;

**IV bölüm** – “Gyzlaryň hory (Läle)”;

**V bölüm** – “Kanal gurujylaryň marşy”;

---

[3] Хохловкина А. Советская оратория и кантата. – М., 1955, 8.

[4] Жаворонков Б., Ларионов В. Композиторы и музыковеды Туркменистана. – А.: Туркменистан, 1982, 104.

**VI bölüm** – “Uly suwuň baýramy”.

Kantatadaky hereket çalt dinamikada ösýär. Dramaturgiýanyň gapma-garşylyklary saz serişdeleriniň üsti bilen anyk ýüze çykarylypdyr. I, III, VI bölümler esasy bölümler bolup durýarlar. Olarda kompozisiýanyň esasy dramaturgik pursatlary jemlenen. Kantata solistlere, uly düzümli hor we simfonik orkestre niýetlenip ýazylypdyr.

Kantatanyň “Suw baradaky arzuw” diýen I bölümi – bu suwa teşne eziz topragy suwdan gandyryp biljek uly suwuň çöllüge gelşini görmegi arzuw edýän garyp daýhanyň suwsuzlykdan ejir çekýän gyzgyn toprak baradaky hyjuwly hekaýatydyr. Bu ýerde ýerine ýetirijilik topary solony ýerine ýetirýän baritondan we simfoniki orkestrden ybaratdyr. Bu solo kantatadaky ýeke-täk solo nomeridir. Özboluşly lad öwüşgini, gulagyňy gamaşdyryjy kwarta-kwinta sazlaşyklarynyň köplügi türkmen halkynyň agyr ykbalynyň çykgynsyzlyk duýgusyny döredýär. Kantatanyň birinji bölümi bent-wariasiýa formasynda ýazylan.

“Jeýhun” diýlip atlandyrylan II bölüm horuň garyşyk düzümi, solist (messo-soprano) we simfonik orkestr üçin ýazylypdyr. Bu bölümiň formasy hem bent-wariasiýalydyr. Ol bu bölümiň esasy temasynyň materialyna düzülen, orkestriň ýerine ýetirmegindäki uly bolmadyk giriş sazy bilen başlanýar. Tematiki material özüniň häsiýeti boýunça Amyderýa barada 20-nji ýyllarda döredilen aýdymlara ýakyndyr. Esasy tematik material *fis-moll’*da gaýtalanýan periody emele getirýän bent formasynda beýan edilen.

Melodiki heň esasy temany beýan etmekde gezekli-gezegine girişýän hor partiýalaryň kömegi bilen döredilýär; bu partiýalar ilkinji bolup gelmek üçin bir-biri bilen bäsleşýän tolkunlar ýaly bolup owazlanýar. Kulminasiýa pursadyny döredýän jemleýji jümleler bolsa, bir ritmde urulýan sesler garyşyp gidip, güýçli

täsir ediji duýgyny döredýär. Saz akgynly gidýär, aýry-aýry jümleleriň arasyndaky tebigy ýagdaýdaky dyngylar eseriň içinden geçip gidýän zowwamlaýyn ösüşiň gidişine päsgel bermeýär. Çalt bolmadyk hereket beýan edişe kadaly gürrüň berijilik öwüşginini berýär:




Erjellik bilen ýokaryk dyrmaşýan saz hereketiniň esasy şahasy (messo-sopranonyň solosy) beýleki seslerde ýuwaş-ýuwaşdan uly bolmadyk goşulýan heňler bilen baýlaşýar. Lad durnuklylygy bilen baglanyşykly bolan şunuň ýaly usul owazlanyşyň bitewiligine we belent mertebeliligine ýardam edýär.

Temany ösdürmek bilen, kompozitor gürrüň berijilik usuldan daşlaşýar we başga beýan ediş mümkinçiliklerini ýüze çykarýar. Şeýlelikde, ilkinji wariasiýa geçmeklik sazandarlyk edilişiniň fakturasyndaky üýtgeşmeleriň, şeýle-de *a-moll* tonalnostyna modulýasiýanyň üsti bilen amala aşyrylýar. Orkestriň tolgundyryjy we hyjuwly owazlanyşyna aýratyn agraslyk duýgusyny berýän wariasiýanyň erkekler seslerindäki tematik materialyň owazlanyşyna garşy goýulmagy ýaly üýtgeşmeler Amyderýanyň joşgunly we gyňyr häsiýetini açyp görkezýär:



Özünden öňki wariasiýadan liriki seslenişi boýunça tapawutlanýan ikinji wariasiýada esasy tonalnosta dolanyp gelmeklik amala aşyrylýar. Esasy tema solo sesine geçýär. Hor partiýasyna bolsa imitasiýa häsiýetli goşulýan sesleriň roly degişli edilýär. Olar derýanyň owadanlygyny suratlandyrýarlar. Derýanyň ýalkymly keşbini açyp görkezmek bilen birlikde, wariasiýanyň mazmuny, özüne zerur bolan güýç hökmünde garalýandygyny görkezýär. Bu pikirler “Türkmen çöli saňa zardyr, Bal suwuňa hyrydardyr”, diýen ýaly sözlerde öz beýanyny tapýar.

Wariasiýa, şonuň bilen birlikde hem tutuşlygyna ikinji bölüm gujurly derýany wasp edýän horuň, tutuşlygyna orkestriň we solistiň kuwwatly owazlanyşy bilen tamamlanýar. Gazaply Jeýhunyň jylawlanmagyna alyp baran, kanal gurujylaryň çöle hüjüm edişini şekillendirýän kantatanyň üçünji bölümi dramatik häsiýetlidir. Möçberi boýunça bu bölüm – toplumda iň uly bölümdir. Bu ýerde agdyklyk edýän minor öwüşginligi temanyň işjeňligini peseltmän, eýsem, tersine, oňa aýratyn batyrgaýlyk berýär.

Üçünji bölümde beýik derýanyň gujurly güýji däl-de, tebigatyň keşbini batyrgaýlyk bilen üýtgedýän öndürijilikli zähmetiň şatlygy esasy üns merkezindäki keşp bolup hyzmat edýär. Bu bölümde iki sany güýç biri-birine gapma-garşy edilip goýulýar – adamyň edermençilikli göreşi we ýowuz tebigatyň garşylyk görkezmesi:

Buýsanma güýjüňe, Jeýhun,
Düşdük göreş ýola bu gün.
Tutdurmadyk jylawyňy,
Alarys tiz gola, Jeýhun.

Özüniň owazlanyş häsiýeti boýunça kantatanyň üçünji bölümi 30-50-nji ýyllaryň köpçülikleýin aýdymlaryna ýakyn

durýar. Kantatanyň bu bölümini kompozitor rondo formasynda beýan edýär:

$$A \quad B \quad A_1 \quad B_1 \quad A_2$$

Rondonyň temasy monotema. Sebäbi epizodyň intonasiýalyk mazmuny refren temasynyň wariant işlenilmegine esaslanýar. Refreniň özi-de tonal, gurluş we faktura taýdan işjeň warýirlenilýär. Rondoda özboluşly tonal gatnaşyklary bar:

A – e-moll, a-moll
B – B-dur
$A_1$ – e-moll
$B_1$ – As-dur
$A_2$ – g-moll, a-moll

Üçünji bölüm refreniň materialyna esaslanýan giňişleýin girişden başlanýar. Girişiň heň esasynda ýatan refreniniň intonasiýalary, köplenç, sekwensiýa usulda ösdürilýär.

Refreniň hor bölümi (e-*moll*) 17 taktdan ybarat. Olar iki gezek gaýtalanýar: A+A (17+17). Birinji gezek refren tenor we bas seslerinde berilýär, ikinji gezekde bolsa garyşyk hora tabşyrylýar. Refreniň esasy özeni bas seslerinde geçirilýän başlangyç dört taktda ýüze çykýar.




Soňra temanyň heň-dänesi wariant-sekwensiýa usulynda ösdürilýär. Refrendäki kompozisiýanyň shemasy şeýle:

$$\begin{matrix} a & a & a_1 & a_2 & a_3 & a_4 \\ 4 & 4 & 2 & 2 & 2 & 3 \end{matrix}$$

Tonal taýdan refren modulýasiýa görnüşlidir, ol *e-moll*’da başlap, *a-moll*’da tamamlanýar.

Rondonyň birinji epizody refren bilen depgin we melodik babatda gapma-garşylykly. Epizod şähdaçyk, dabaraly, şatlykly häsiýetde ýazylan. Ol altlaryň solosyndan başlanýar. Ikinji gezek bu tema horuň ähli seslerinde ikisesli görnüşde berilýär: soprano we tenorlar esasy temany oktawa aralykda ýerine ýetirýärler, alt we bas sesleri ýarym takt gijä galyp, eseriň esasy temasyna kontrapunkt döredýärler. Kontrapunkt esasy temanyň warianty bolup çykýar:




Birinji epizodyň kulminasiýasy onuň tamamlaýjy böleginde ýerleşýär. Sazyň dinamikasy ösdürilip, *f* derejä ýetirilýär, melodik heň ýokarylygyna tarap okgunly hereketlenýär – bu serişdeleriň ählisi hor partiýalaryny joşgunly derejä, *tutti* usulyna ýetirýär. Birinji epizody häsiýetlendirýän saz heňiniň giňligi, hor ýaňlanyşyň dykyzlygy we dinamikasy köpsesli polifoniýanyň ulanylmagy bilen gazanylýar. Sesler erkin hereketlenip, dikliginde göni, garşylykly we parallel gatnaşyklary döredýärler:




Bu usullar saz şekilini has aýdyň kesgitlemek, ol ýa-da beýleki heňlere belli bir çeperçilik manysyny bermek maksady

bilen hem ulanylýar. Ikinji berlişde refren ikeldilen kanon görnüşinde polifonik taýdan ösdürilýär. Bas we alt sesleri esasy temany *e-moll*'da imitasiýa usulynda alyp barýarlar, soňra şol tema bilen *a-moll*'da imitasiýa usulynda soprano we tenor partiýalary goşulyşýar. Iki kanonyň arasynda politonal gatnaşyklaryň döremegine garamazdan, bu bölegiň umumy ýaňlanyşy konsonans häsiýetlidir. Ikinji epizod, birinjiniň warianty bolup, täze tonalnostda (*As-dur*) hem-de başdanaýak ähli sesleriň gatnaşmagynda dykyz gomofon-garmonik fakturada berilýär.

Refreniň iň soňky beýan edilişi hem täze tonalnostyň gatnaşmagynda berilýär, bu usul sazyň täsirliligini güýçlendirýär. Refrende *g-moll* hem-de *a-moll* tonalnostlary gatnaşýar. Başda esasy tema *g-moll*'da, ähli horuň ýerine ýetirilmeginde, iki *ff*-da şatlykly ýaňlanýar. Soňra ol esasy tonalnostda (*a-moll*) ösdürilýär. Şu ýerde getirilen fakturanyň çalşygy hem örän täsirli ýaňlanýar – ikinji refrene meňzeş kanon emele gelýär, ýöne welin, onda ses gatnaşyklary başgadyr. Temanyň ilkinji berlişi aýallar sesleriniň partiýasyna tabşyrylan, erkekleriň sesleri bolsa oňa imitasiýany döredýärler. Bu polifonik fragmentiň dowamynda üçünji bölümdäki ($A_1$) ikeldilen kanonyň fakturasy we melodikasy dikeldilýär. Bölüm ähli sesleriň *divisi* usulynda berilýär, ol *A-dur*'yň üçemsesini tassyklaýan ýaňlanyşyň güýçli köpelmegi bilen tamamlanýar.

Bu bölümiň keşp-häsiýetini döretmekde natural ladlaryň öwüşginleriniň, kadaly bolmadyk tonal gatnaşyklarynyň, aýdyň ritmiki şekilleriniň, özboluşly tembr reňkleriniň ähmiýeti uludyr. Fakturanyň üýtgeşik usullary, mysal üçin, unisonda beýan edilen temanyň köpsesli hor bilen gatnaşyşy, dramaturgik ýagdaýlarynyň çalyşmagynda ýiti gapma-garşylygyň döremegine ýardam edýär.

Polifonik we gomofon-garmonik fakturalaryň gatnaşygy hem täsirlidir.

Dördünji bölüm – gyzlaryň mähir duýgulardan doly “Läle” hory – adaty bolmadyk ölçegde (3/4 geçýän 5/8) ýazylan. Türkmen halk sazyna mahsus bolan improwizasiýa häsiýetli ritmika, aýratynam, täk ölçegleriň utgaşdyrylmasy sazda erkin pulsasiýany döredýär. Bu bölüm üçin köklerini dutar sazlaryndan alyp gaýdýan kwarta-kwintaly sazlaşyklar häsiýetli.

“Gyzlaryň hory” liriki intermesso bolup, tutuş kantatanyň liriki kulminasiýasy diýip hasaplamak bolýar. Onuň keşpleýin mazmuny “uly suwa” garaşýan gyzlary suratlandyrýar. Bölümiň tematik materialy türkmen halk aýdymlaryndan (gyzlaryň “Läle” aýdymlarynyň görnüşlerinden) alnandyr. Halk sungatynyň hazynasyndan alnan usullaryň köpdürlüligi saz materialynyň dyngysyz warýirlemegini üpjün edýär hem-de kompozitora bir kiçijik başlangyç heňden bitewi, giňişleýin hor eserini döretmäge mümkinçilik berýär. Kantatanyň bu bölüminde horuň diňe aýallar düzümi peýdalanylan.

“Gyzlaryň hory” çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan:

A $A_1$ A (warýirlenen)

Gyradaky bölümleriň tonalnosty – *b-moll*, ortaky bölümiňki bolsa – *B-dur*-dyr. Birinji bölümiň gurluşy – ýönekeý üç bölümli forma. Hor, faktura boýunça dury girişden başlanýar. Onuň intonasiýalary birinji bölümiň ortasyndan alnan. Girişden soň altlaryň solosy gelýär. Aýdymyň heňi saldamly, näzik. Ony, saza nepis ýeňillik berýän on altylyk notalaryň hereketi bezeýär. Altlar başlangyç bölümiň tutuş dowamynda solony ýerine ýetirýärler.

Ortaky bölümde solo soprano partiýasyna geçýär, altlar bolsa oňa kontrapunkt bolup hyzmat edýärler. Reprizada faktura has baýlaşdyrylýar. Altlar *divisi* usulynda geterofon ikiseslilikde

birinji bölümiň heňini ýerine ýetirýärler, sopranolarda ýaňlanýan ikinji derejeli heň hem örän täsirlidir:




Ortaky bölüm möçberi boýunça uly däl. Bu ýerde lad-tonalnost çalyşýar. Saz gomofon-garmoniki fakturada ýerine ýetirilýär. Solony sopranolar alyp barýar. Altlar iki topara bölünip, sazyň garmonik esasyny döredýärler. Heň, intonasiýa babatda, horuň esasy temasy bilen ýakyn baglanyşyklydyr.

Horuň reprizasy (A waryirlenen) gysgaldylan görnüşde berilýär. Bu ýerde diňe başlangyç iki bölüm gaýtalanýar. Birinji bölüm bilen tapawutlylykda, esasy heňi aýallar hor toparynyň ählisi ýerine ýetirýär. Solo soprano sesinde berilýär, altlar saza garmonik goldawy berýärler. Ortaky bölüm üýtgedilmän gaýtalanýar. Üçünji bölüm goýberilen.

Kantatanyň bäşinji bölümi "Kanal gurujylaryň marşy" diýlip atlandyrylan. Bu bölümiň esasy özeni – bütin halka şatlyk getirýän döredijilikli zähmetdir. Marş tenor we dörtsesli erkekleriň hor düzümi üçin niýetlenip ýazylan. Aslyýetinde, bu eser – inedördül, anyk kadansly köpçülikleýin ýerine ýetirilýän aýdymdyr. Häsiýeti boýunça ol harby-nyzam aýdymyny ýatladýar. Sazyň esasy heňi soliste tabşyrylan. Inçelik bilen improwizirlenen solistiň partiýasy türkmen bagşy-sazandalarynyň improwizasiýa sungatyna ýakyn. Belent tessiturada täsirli ýaňlanýan aýdymyň kulminasiýasyny bagşylaryň jukguldama usuly bilen deňeşdirmek bolar.




“Kanal gurujylaryň marşy” diýen eserde horuň orny şeýle bir uly däl. Ol solistiň soňky jümleleriniň gaýtalanmagy we tenoryň solosyna ikinji derejeli heňleriň goşulyşmagy bilen çäklendirilen. Marş, solist bilen bilelikde, hor sahna görnüşinde düzülen. Halka ýüzlenýän solistiň partiýasy kanal gurujylaryň adyndan gidýär. Horuň partiýasy (halkyň keşbi) olaryň ýüzlenmesine jogap berýär, bu ýerde kompozitor aýdym žanrynda ýörgünli bolan bent-gaýtalama formasyny ulanmaklygy makul bilipdir. Marş dabaraly, iki *ff*-de tamamlanýar. Jemleniş pursadynda hor, gaýtalamada solistiň soňky jümlelerini aýdýar, solist bolsa olary ikinji derejeli heň bilen baýlaşdyrýar.

Bent görnüşli marşyň formasy ýönekeý üç bölümlidir. Bölümleriň ählisi birmeňzeş intonasiýa materialyna esaslanan, şonuň bilen bilelikde gyradaky bölümler bir tonalnostda *(G-dur – e-moll*), ortaky bölüm bolsa başga tonalnostda (*C-dur – a-moll*) getirilýär. Gyradaky bölümler biri-birinden, esasan, faktura taýdan tapawutlydyr, ortaky bölümde bolsa esasy heňiň täze warianty getirilýär.

“Uly suwuň baýramy” diýlip atlandyrylan kantatanyň finaly – Amyderýadan gojaman Hazara suw geçirip, çöli ýeňen halkyň güýjüni wasp edýän şöhratnama, gimndir. Bu ýerde horuň güýji bimöçberdir, hora solistleriň dördüsi hem goşulýar. Göwrümi boýunça final – kantatanyň iň uly bölümi. Ol çylşyrymly üç bölümli gurluşda ýazylan (*Allegro-Moderato-Moderato maestoso*). Öňki bölümlerde bolşy ýaly, kompozitor bu ýerde wariant görnüşli üç bölümli formadan peýdalanýar.

Final üçin garmonik we lad-tonal öwüşginleriň aýratyn baýlygy we labyzlylygy, metroritmik we dinamik taýdan dürlülilik mahsus. Eserde gomofon-garmoniki sklad agdyklyk edýär. Final solistleriň, horuň we orkestriň güýçli *tutti'*si bilen tamamlanýar.

Kantatanyň alty sany bölümleriniň her biri formasy, garmonik we ritmik gurluşy boýunça özbaşdak bolmak bilen, şol bir wagtyň özünde, geçmişden häzirki döwre çenli yzygiderli açylyp görkezilýän şekiliň zerur halkasy bolup durýarlar. Aşyr Kulyýewiň kantata žanrynda döreden beýleki eserlerindäki ýaly "Garagum derýa" kantatasynda hem işjeň ýagty häsiýete eýe bolan parçalar has hem ýerine düşüpdir. Ol ýerde giňişleýin melodiki heň takyk ritmler bilen baglanyşýar, hor partiýalary bolsa polifonik ösüşleriň we dürli-dürli tembrleýin öwüşginleriň baýlygy bilen özüne çekýär.

Aşyr Kulyýewiň dürli döwürleriň aýdym döredijiligi bilen baglanyşdyrýan miraslaýyn işi köp derejelerde öndürijilikli netijäni berýär. Olar diňe bir kompozitor tarapyndan döredilen keşpleri çuňlaşdyrmak we onuň ses palitrasyny baýlaşdyrmak bilen çäklenmän, eýsem hor fakturasynyň köpsesli melodiki ösüşiniň mümkinçiliklerini hem ep-esli giňeldýär.
Täzeçilligiň gözleglerini milli däp-dessurlar bilen çuňňur baglanyşdyrmak arkaly, Aşyr Kulyýew şeýle monumental eseri döredipdir. Onda aýdym beýanyna eýe bolan milli öwüşgin häzirki zaman kompozitorçylyk tehnikasynyň gazananlarynyň hemmesi bilen organiki taýdan birleşdirilendir.

A. Kulyýewiň köp bölümli kantatasyndan tapawutlylykda, D. Öwezowyň döredijiliginde kantatanyň beýleki görnüşi ("Dutaryň owazy") uly orun tutýar. Kompozitor Daňatar Öwezowyň "Dutaryň owazy" kantatasy Guseýin Muhtarowyň sözlerine döredilen. Türkmen kompozitorlarynyň hor döredijiliginde bu kantata türkmen milli saz guraly bolan

dutaryň owazlanyş aýratynlygyny fortepiano saz guralynda aýdyňlygy bilen görkezýän ilkinji eser bolup durýar. Onuň ýerine ýetirijileriniň düzümine dört sesli hor, iki solist (tenor we bas) we fortepiano girýär.

Eser kontrast epizody, girişi we jemlemäni öz içine alýan çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan. Onuň birinji bölüminiň strukturasy aýratyn gyzyklanma döredýär. Bagşylaryň döredijilik däplerine ýüzlenmek bilen, kompozitor bentleýin (kuplet) – wariantly forma ýüzlenýär. Onda her bent öňünde getirilen bentden tersiýa interwaly aralykda ýokarda getirilýär. Şeýlelikde, üç bent *a-moll, C-dur, e-moll* tonalnostlarda getirilýär. Üçünji bent solistiň we horuň arasyndaky saz materialynyň bölünmegi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde esasy hyzmat hora berilýär.

Kantatanyň ikinji bölümi keşp, tematizm, tembr, tonalnost taýdan gapma-garşylykly häsiýetde döredilipdir. Üçünji bölüm gysgaldylan repriza bolup, ol aýdyň, monumental koda geçýär. Umuman, kantatanyň formasy şeýle:

| **Giriş** | **A** | | | **B** | **A** | | **Coda** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **a** | **$a^1$** | **$a^2$** | **b** | **$b^1$** | **$a^1$** | **$a^2$** | **$a^3$** |
| **a-moll** | **C-dur** | **e-moll** | **b-moll** | **Des-dur** | **a-moll** | **C-dur** | **a-moll** |

Kantata fortepianonyň partiýasyndaky aýdyň giriş sazy bilen başlanýar. Ol birnäçe funksiýany ýerine ýetirýär:

– kantatanyň keşp düzümine giriş funksiýasy;

– geljekki tematik materialyň fragmentlerini eksponirlemek funksiýasy;

– solisti gerekli tonalnosta taýýarlamak funksiýasy.

Bu funksiýalaryň her biri bagşylaryň ýerine ýetirijilik däpleri bilen bagly bolup durýar. Girişiň dowamy hökmünde tenoryň solosy hyzmat edýär. Ýokarky tonlarda dowamly owazlanyş bagşylaryň ýerine ýetiriş usulyna mahsus. Soňra temany solist

eksponirläp başlaýar. Temanyň we onuň intonasiýa ösüşiniň strukturasy sorag-jogap formulasyna alyp barýar. Solistiň derejesinde bu formula iki taktyň içinde ýerleşdirilýär (2+2). Horuň jogaby özüniň sekwensiýa ösüşinde ýüzlenme-jogap jümlesini umumy dört takta birleşdirýär. Intonasiýa ösüşiniň indiki tapgyry, sekunda beýgelmegi netijesinde amala aşyrylýar. Ösüş tapgyrlarynyň ikisi hem birinji bendi emele getirýär.

Ikinji bent C-dur tonalnostynda ýazylan. Solistiň temasy heňiň her bir daýanç sesiniň has giň owazlandyrylmasynyň hasabyna warýirlenýär. Şol bir wagtda horuň jogaby üýtgewsizligine galýar. Kantatanyň birinji bölüminiň birinji we ikinji bentleri faktura taýdan biri-birine meňzeş. Solistiň temasy dutar owazlanyşynyň imitasiýasynyň fonunda getirilýär. Horuň partiýasyny saz guraly unison ýaňlanyşda dublirleýär. Bu usul gazaplylyk we durnuklylyk duýgusyny döredýär.

Esasy wokal partiýasy hora berlen. Baş temanyň üýtgemegi tonalnostyň (*e-moll*), fakturanyň melodizasiýasynyň çalşylmagy, temanyň göwrüminiň struktura taýdan kiçeldilmegi, ritmik tarapdan üýtgedilmegi (kadaly çärýekleriň hereketi) bilen bagly bolýar. Umuman alanyňda, bu ýerde keşp özgerdilýär. Saz häsiýeti boýunça has-da liriki görnüşe girýär. Kompozitor birbada horuň düzümini görkezmeýär. Ilki başda tema tenorlarda we baslarda getirilýär. Aýallar hory garmonik fon hökmünde çykyş edýärler. Kulminasiýa pursadynda erkekler we aýallar horunyň owazlanyşy birleşdirilýär. Umumy herekete sopranonyň solosy hem goşulýar. Ol hor sopranosynyň partiýasyny dublirleýär. Birinji bölüm fortepianonyň ýerine ýetirilýän interlýudiýasy bilen tamamlanýar.

Kantatanyň birinji bölüminiň garmoniki dili saz stiliniň iki tarapyny beýan edýär. Esasy garmonik usul hökmünde türkmen milli saz guralynyň owazyny beýan etmek bilen, kompozitor,

dutar sazlaryna häsiýetli bolan ritmikada kwarta-kwinta toplumyny ulanýar. Ikinji tarapy tersiýa strukturadaky akkordlary ulanmaklyk bilen bagly bolup durýar. Olaryň logik baglanyşygy klassyk garmoniýanyň kanunlary bilen kesgitlenilen. Kompozitor esasy we kömekçi basgançaklaryň üçsesleri bilen öwrülişikleri, akkord däl sesleri (saklanylmalar, ötegçi sesler) ulanýar.

"Dutaryň owazy" kantatasynyň ikinji bölümi kontrast epizody emele getirýär. Bu ýerde gapma-garşylykly keşp, žanr we saz-şekillendiriş serişdeleri ýüze çykýar. Ikinji bölümiň sazynyň gam-gussaly häsiýeti çakonany ýatladýan žanrda beýan edilen. Epizodyň bütin dowamynda diýen ýaly tonika organ punkty saklanylýar. Bu epizodda basyň solosy getirilip, diňe jemleýji bölekde hor goşulýar. Fortepianonyň partiýasynda ol melodiki taýdan goşulan sesler bilen baýlaşdyrylan. Ikinji bölümiň ikinji bölegi parallel mažorda beýan edilýär. Faktura akkord kompleksi bilen doldurylan. Umumy ösüş kulminasiýa çenli getirilýär. Repriza, birinji bölüm bilen deňeşdireniňde gysgaldylan. Onuň sazy örän dabaraly eşidilýär. Bu ýerde akkordika esasy we kömekçi basgançaklaryň üçseslerini, sekstakkordlaryny öz içine alýar. Reprizada optimizm we durmuşa bolan ynamly garaýyş tassyklanylýar.

D. Öwezowyň "Dutaryň owazy" kantatasy çylşyrymly üç bölümli formanyň wokal hor žanrynda ulanylmagynyň nusgasy bolup hyzmat edýär. Bu gurluşa ýüzlenmek bilen, kompozitor häsiýetli aýratynlyklardan peýdalanýar: gyradaky we ortaky bölümleriň gapma-garşylygy, aýdyň keşp mümkinçilikleri, formanyň wokal ösüş prinsipleri bilen baýlaşdyrylmagy.

70-80-nji ýyllarda kantata-oratoriýa žanrynyň ösüşinde sýuita gurluşyň köp bölümliliginiň eseriň içinden böwsüp geçýän zowwamlaýyn ösüşiň dramaturgiýasyna öz ornuny berýän döwür gelip ýetýär. Kantata we oratoriýa bilen bir hatarda wokal-

simfonik poemalar hem öz orunlaryny alýarlar. Sazyň keşpleýin mazmuny çuňlaşýar, onuň düýp pikiri has agramly bolýar. Ýöne welin, zowwamlaýyn ösüşe esaslanan wokal-simfonik eserleriň peýda bolmagy ýönekeý sýuita formalaryň bolmaklygyny inkär etmeýär, olar kompozitorlaryň döredijiliginde belli bir orny eýelemegi dowam etdirýärler. Mysal üçin, H. Allanurowyň (Rekwiýem) we N. Halmämmedowyň (Triptih) döredijiliginde bir ideýanyň – 1941-1945 ý. urşunyň temasynyň beýan edilişiniň iki sany dürli usullaryny görýäris.

Nury Halmämmedowyň solistler, garyşyk hor we simfonik orkestr üçin poemasy Gurbannazar Ezizowyň sözlerine 1974-nji ýylda ýazylypdyr (W. Tatarinowyň terjimesi). Şahyrana tekstiň döremegi we onuň sazynyň beýany bir wagtyň dowamynda bolup geçýär. Käwagtlar saz hatda goşgulardan hem öň ýazylýardy. Mysal üçin, poemany tamamlaýan “Pida bolanlaryň aýdymy” we Rekwiýem kompozitorda A. Agabaýewiň “Gara ýaň” diýen urşa garşy poemasyndan galan täsirleri esasynda peýda bolýar. Ýöne welin, kompozitor öz eserini iki sany awtoryň goşgularyna döretmek islemändir. Ol sazyny ýazýar, soňra bolsa şahyr G. Ezizow tekstini getirýär we ol takyk kybap gelýär we N. Halmämmedowyň tragik-gahrymançylykly rekwiýemi bilen bir bitewilige garyşyp gidýär[5].

Poemanyň iki sany redaksiýasynyň bardygy belli. Olaryň birinjisinde dört sany bölüm göz öňünde tutulypdyr: Giriş, “Esgeriň ýatlamalary”, “Hemme ýerde sen”, Rekwiýem. N. Halmämmedow keşpleýin-emosional mazmuny boýunça meňzeş bolan iki sany ortaky bölümleri birleşdirýär. Biziň işimizde poemanyň ikinji redaksiýasy seredilip geçilýär. Ol özünde üç bölümi jemleýänligi üçin (Giriş, “Soldatyň ýatlamalary” we

[5] Larionow W, Halykow A. Nury Halmämmedow. // Sowet Türkmenistanynyň kompozitorlary. – Aşgabat: Türkmenistan, 1976, 67.

Rekwiýem) Triptih diýip atlandyrylýar. N. Halmämmedow bu eseri üçin 1983-nji ýylda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Döwlet baýragyna mynasyp bolýar.

Poemanyň her bölümi birnäçe wezipeleri özünde jemleýär. Adamlaryň durmuşyny suratlandyrýan bölümler eseriň düýp manysyny açmaga gönükdirilen. Şonuň bilen bilelikde, keşp taýdan gutarnykly bolan poemanyň bölümleri (Giriş, “Soldatyň ýatlamalary” we Rekwiýem) aýratyn ýerine ýetirilmek üçin hem niýetlenen. Şeýlelikde, mazmunyň ähmiýetliligi bilen bilelikde saz materialy lakonizm bilen kompaktlylyk taýdan hem häsiýetlendirýärler.

Birinji bölüm – Giriş – eseriň keşplerini häsiýetlendirýän, iki gapma-garşylykly motiwleri özünde jemleýän, uly bolmadyk giriş temasyndan başlanýar. Hor we orkestriň ýerine ýetirilmegindäki motiwleriň gatnaşmagynda poemanyň esasy aýratynlygy ýüze çykýar – dürli žanr gatlaklarynda ýerleşýän epik (birinjisi) we lirik (ikinjisi) motiwleriniň ýakynlaşmagy we tebigi taýdan utgaşdyrylmagy.



Birinji motiwiň başlangyç saz jümlesi çagyryş häsiýetlidir. Garmoniki dikligiň kadaly kwarta-kwintaly gurluşy saz heňiniň çeper okaýyş labyzlylygyny güýçlendirýär. Minor öwüşginli (*h-moll*) II peseldilen basgançak başlangyç motiwe gazaply gaýgynyň häsiýetini berýär. Ikinji lirik motiwinde toniki belentlige yzygiderli ýokarlandyrylýan akkordlaryň giriştonlygy bilen gamgyn gussa has ýitileşýär. Ýarym sekundly intonasiýalar, ikinji ülşüň agras aksentliligi motiwiň agyly-gussaly häsiýetini beýan edýär.

Birinji bölümiň merkezinde ýerleşýän fugato aýdym häsiýetli tema esaslanýar. Alaçsyz gaýgydan doly heň kadaly diatonikalylyk düzgüni boýunça halk agylaryna ýakyn. Epik motiwden has giňişleýin gurluşa öwrülip, ol giriş bölüminiň dowamy bolup durýar. Bu gurluşlary özboluşly garmoniki ostinato, tonikanyň (*h-moll*) kwintasyna esaslanýan durnuklylyk birleşdirýär. Polifonik gurluşynyň girizilmegi kompozitora temanyň emosional taýdan dartgynlylygyny güýçlendirmegine, şonuň bilen urşa ogullaryny ugradan eneleriň ýüreklerindäki duýgularynyň beýan etmegine mümkinçilik döredýär.

A. Aleksandrowyň belli aýdymynyň başlangyç intonasiýasyna esaslanan, misden ýasalan üflenip çalynýan saz gurallarynyň ýerine ýetirilmeginde ýaňlanýan hyjuwly saz jümlesi, umuman, epik häsiýetli sazyň ösüşine gapma-garşylyk başlangyjyny girizýär. Bu saz jümlesi birinji bölümiň sözlerine düşýän kulminasiýasynda ýaňlanýar. Faktura-garmonik figurasiýalar hökmünde partitura girizilen bu saz jümlesi, ritmik taýdan üýtgedilmegi bilen, öz dramaturgik özboluşlylygyny ýitirmän, eýsem, eseriň sýužet ösüşini has hem kesgitleýär.



Birinji bölümiň soňlaýjy bölegi çagyryş intonasiýalaryň “eneleriň hoşlaşyk temasy”[6] bilen utgaşdyrylmagyna esaslanýar. Ikinji bölüm gahrymanyň alysda galan söýgülisi, eziz topragy baradaky ýatlamalaryny, onuň durmuş we ölüm baradaky filosofik pikirlerini özünde jemleýär. Bu ýerde iki sany uly bölümi görmek bolýar. Onuň birinjisinde (*g-moll*) uruşdan öňki döwür suratlandyrylýar: gahryman öz öýi, maşgalasy barada ýatlaýar, horuň we orkestriň wals häsiýetli labyzly, asuda akkompanimentiň esasynda bas sesi liriki monology ýerine ýetirýär. Kompozitoryň bu ýerde wals žanryny peýdalanmagy ýöne ýerden däldir. Uruş wagty frontda bolan adamlar üçin wals parahatçylykly döwrüň, mähriban ojagyň, bagtyň simwoly bolupdy. Bu žanryň saza girizilmegi bilen N. Halmämmedow uruşdan öň bolan ýaşaýşyň atmosferasyny döredýär.




Üç bölümli kompozisiýanyň motiwi gyradaky bölümlerinde wokaliz görnüşde, ortaky bölüminde bolsa solo görnüşde ýerine ýetirilýär. Adybir mažoryň tonikasynda wokal sesi goşulýar, onuň aýdyň ösüşi ýokarky çeşmeden başlanýar. Tersiýaly konsonanslar bilen sazlaşýan melodizirlenen bas, esgeriň ýüregini ýyladýan öýüň eşreti, mähirliligi bilen baglanyşykly ýatlamalary döredýär. Solo usulynda ýerine ýetirilýän ortaky epizod birinji bölümdäki girişiň “dyrmaşýan” motiwine esaslanýar. Bu – uruşda pida bolanlar barada täze ýatlama.

Ikinji bölümde gahrymanyň ýatlamalary we pikirleri has pelsepewi häsiýete eýe bolýar. Orkestriň aýdym häsiýetli fonunda we horuň sabyrly garmonik goldamagynda reçitatiw görnüşli

[6] Dramaturgik maksadyna we keşp düzgünine görä, fugatonyň temasyny “Eneleriň hoşlaşyk temasy” diýip atlandyrmagy makul bildik.

monolog başlanýar, käbir ýerlerde oňa erkin çeper okaýşyň alamatlary goşulýar:




Üçünji bölüm, Rekwiýem, jaňlaryň matam owazyndan başlanýar. Kiçi sekundaly sazlaşyklaryň fonunda, misden ýasalan üflenip çalynýan saz gurallarynyň ýerine ýetirilmeginde A. Aleksandrowyň gimn-aýdymynyň başlangyç jümlesi ýaňlanýar. Bu ýerde kompozitor aýdymyň ritmiki transformasiýasyny dälde, onuň özüni, ýöne welin, gysgaldylan görnüşde girizýär: heň ýokarky kulminasiýa nokadynda üzülýär. Oňa gapma-garşylyk döredip, ýokarky registrde, agaçdan ýasalan üflenip çalynýan saz gurallary agy intonasiýalara ýakyn bolan, aşak düşýän kontrapunktly motiwi ýerine ýetirýärler:






Depginiň birden üýtgemeginde geçmişden, agyr, kynçylykly ýaşaýyşdan gelýän ýaly gazaply pursatda öz döşi bilen Watany goran gerçegiň sesi ýaňlanýar. Ýalňyz ýaňlanýan ses köpelýär we köpsesli hor ony millionlarça pida bolanlaryň arasyndan kuwwatly we hyjuwly alyp göterýär:




Gimn häsiýetli dabaraly tema özüniň mažor öwüşgini, giňişleýin deňagramly gurluşy (3/2 ölçegde), tutuş orkestriň doly derejeli seslenmegi bilen tapawutlanýar. Poemany jaňlaryň birsydyrgyn zaňynyň fonunda ýaňlanýan "eneleriň hoşlaşyk temasy" tamamlaýar.

Poemanyň dramaturgik pikirini açyp görkezmekde saz serişdeleri örän wajyp hyzmaty ýerine ýetirýär. Eseriň umumy bitewiligi äheňleýin birleşmeleriň kömegi bilen döreýär: birinji bölümiň giriş motiwi Rekwiýem üçin esas bolýar, girişiň ikinji motiwiniň äheňleri, "eneleriň hoşlaşyk temasy" öz aralarynda ses alyşýar. A. Aleksandrowyň "Watançylyk urşy" diýen aýdymynyň sazly jümlesi wajyp ähmiýete eýe bolýar. Tutuş eseriň içinden geçip, mazmuny takyklaşdyrmak bilen, ol poemanyň leýtemasyna öwrülýär. Uruş döwri üçin häsiýetli bolan aýdymly nyşanyň girizilmegi poemanyň geçmişi detallaşdyrmagynyň derejesine çenli "pese düşürmeýär". Tersine, döwri häsiýetlendirýän element hökmünde A. Aleksandrowyň gimnindäki sitatanyň ulanylmagy, kompozitora şol döwrüň atmosferasyny döretmäge, ýöne welin, onda bolup geçýän hadysalara şu günki günüň ýagdaýyndan baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Uruş ýyllarynyň aýdym we tans žanry alamatlaryna (wals) ýüzlenmeklik olary beýan edişiň umumylaşdyrylmagyna ýardam edýär, bu ýagdaý bolsa, 70-80-nji ýyllaryň saz sungaty üçin häsiýetli alamat bolup durýar. 1941-1945 ý. urşunyň temasyna biziň ýurdumyzda-da, daşary ýurtlarda-da köpsanly kompozitorlar ýüzlenipdiler. Bu tema türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär: A. Kulyýewiň "Esger", "Parahatçylygy goraň" diýen poemalary, W. Muhadowyň "Parahatçylyk üçin" diýen poemasy, N. Halmämmedowyň "Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan gahrymanlaryň ýadygärligine" diýen wokal-simfoniki poemasy we beýlekiler hut şu temadan ýazylan eserlerdir.

Hydyr Allanurowyň 1941-1945-nji urşy ýyllarynda wepat bolanlaryň ýadygärligine bagyşlanan Italmaz Nuryýewiň sözlerine döreden "Rekwiýem" diýen eseri şu temadan ýazylan eserleriň içinde iň aýdyň mysallaryň biri bolup durýar. H. Allanurow

“Rekwiýem” diýen eserini faşistik Germaniýadan üstün çykylmagynyň 30 ýyllygyna bagyşlap döredipdir. “Rekwiýemde” agalyk ediji harby tema liriki tema bilen berk baglanyşykda berlipdir. Bu temalar saz dramaturgiýasynda keşpleriň dürli hili saz-intonasiýa ulgamlary hökmünde beýan edilipdir.

“Rekwiýemiň” I bölümi (“Unutmaň”) gam-gussaly duýgular bilen häsiýetlendirilýär. “Rekwiýem” simfonik orkestr, solistler (S, A, $T_I$, $T_{II}$, $B_I$, $B_{II}$, $B_{III}$, $B_{IV}$) we sekiz sesli garyşyk hor üçin ýazylan. H. Allanurow eseriň keşp mazmunyny açmagyna ýardam edýän orkestr çözgüdine uly üns berýär. Orkestr üçin saýlanylyp alnan düzüm – iňlis rožogy, 2 fleýta, fleýta-pikkolo, goboý, kirişli, kakylyp çalynýan we misden ýasalan üflenip çalynýan saz gurallary çeýe we erkin peýdalanylýar; bu aýratynlyk solo we tembr toparlarynyň gatnaşmagynda, owazlanyşyň dartgynly dinamikada ýaňlanmagynda ýüze çykýar.

“Rekwiýemde” esasy ähmiýet baş gahrymanlar bolup gatnaşýan solistlere berilýär. Eseriň alty bölüminde kompozitor horuň ýerine ýetirilişini ulanýar. Ýedinji bölüm okyjy we orkestr üçin ýazylan. H. Allanurow öz horlaryna tragizmi, lirikany, alaçsyz gussany, emosional dartgynlylygy goşýar. Horuň partiýalarynda kompozitor sesleri iki-ikiden alyp ($S_{I-II}$, $A_{I-II}$, $T_{I-II}$, $B_{I-II)}$, olary, köplenç, gomofon-garmoniki fakturada beýan edýär.

Birinji bölümi *mf*-de ýaňlanýan orkestriň girişi açýar. Çuňňur, çäksiz agdyklyk edýän minor owazlanyş (*c-moll, f-moll, e-moll, a-moll)* gam-gussanyň döremegine ýardam edýär.





Orkestr toparlarynyň yzygiderli goşulmagy bilen sazyň dinamikasy güýçlendirilýär. *Andante* depgininde iki *ff*-de *g-moll* tonalnostynda dört sesli garyşyk a’capella hory ýaňlanýar.




I we V basgançaklaryň ýarym ton boýunça aýlaw hereketleri agy intonasiýalaryny ýatladýar. Horda iki gezek gaýtalanan “Unutmaň” jümlesinden soň *piu mosso* depginde tenoryň solosy ýaňlanýar.



Temanyň gussaly intonasiýalary *mp* dinamikada, *poco poco rit.* depginde, kiçi sekundaly hereketde getirilýän messo-sopranolaryň “dem almalary” bilen kesilýär. Saz saklanan ýaly bolýar-da, soňra iki *pp*-da a’capella horuň wokalizi başlanýar. Horda “a” bogunda heňiň wokalizirlenmegi halkyň agysyny suratlandyrýar. Heň aşak hereketlenýän sekwensiýalar boýunça ösdürilýär. Sekwensiýanyň her bir halkasy tersiýa aşakda ýaňlanýar. Täsirli fermatadan soň marş depginde baritonyň solosynda tassyklaýjy intonasiýalar emele gelýärler. Şol wagtyň özünde orkestriň kirişli saz gurallary toparynda ýaňlanýan triollaryň hereketi sazda howsala duýgularyny döredýär. Ortaky epizod gyradaky gurluşlardan gapma-garşylykly ýaňlanýar; bölüm *f-moll* tonalnostda başlangyç motiwiň gaýtalanmagy bilen tamamlanýar.

II bölüm (“Esgerleriň kasamy”) *Allegro* depgininde on altylyk notalaryň hereketinden düzülen orkestriň girişi bilen başlanýar (*mf*). Uly bolmadyk pauzadan soň *Andante* depgininde *(ff),* orkestrde saklanylýan organ punktuň fonunda bäş sesli garyşyk hor ýaňlanýar ($S_I$, $S_{II}$, A, T, B). Horuň partiýasy “Aglamaň” jümlesiniň esasynda gaýtalanýan ritmik gurluşda düzülen. Horuň fonunda tenoryň solosy ýaňlanýar, ol wokalizi ýerine ýetirýär. Wokaliziň dartgynly, tolgundyryjy sazy, yzygiderli peselýän (ýuwaş-ýuwaşdan “sönüp barýan ýaly”) dinamikada (*ff, mf, mf, mp, p, pp*) ýitip gidýän ýaly bolýar. Horuň soňunda orkestr unisonda ýaňlanýar. Soňra orkestriň beýan etmeginde sazyň dramatiki dartgynlylygy ýüze çykýar. Kirişli saz gurallarynda gelýän on altylyk notalaryň hereketi, *Allegro* depginindäki barabanlaryň urgulary howsala atmosferasyny döredýär. Walsyň intonasiýalary parahatçylykly durmuşy ýatladýar. Dinamikanyň köpelmegi bilen orkestriň fakturasy dykyzlaşýar. Ortaky bölüm *g-moll* tonalnostyna geçirilýär.




Birinji seslerde “a” bogundaky bitewi notalaryň aşak düşýän hereketi agylary ýada salýar. Ikinji seslere tonikanyň üçem sesliligine esaslanan baş tema getirilýär. Gurluşyň üçinji bölüminde sazyň ösüşi melodiki *e-moll* tonalnostyna dolanyp gelýär.




“Enäniň agysy” diýen II bölüm türkmen milli saz guraly bolan gyjagyň sesini ýatladýan iňlis rožogyň solosyndan başlanýar. Her indiki jümle emosional dartgynlylygy güýçlendirýän täze melodiki belentlikden başlanýar. *f-moll* tonalnostynda getirilýän horuň glissandosy halkyň agysyny suratlandyrýar.



Sesler parallel oktawa we kwarta boýunça aşak düşýärler. Sesleriň munuň ýaly gatnaşygy dutar sazlary üçin häsiýetli. Kirişli we misli üflenip çalynýan saz gurallarynyň fonunda enäniň solosy (messo-soprano) ýaňlanýar.




IV bölüm – “Watanyň hüwdüsi” diýlip atlandyrylýar. Ol *Andante* depgininde, *c-moll* tonalnostynda ýazylan. Uly bolmadyk orkestrleýin giriş diňleýjileri sazyň liriki keşpleri bilen tanyşdyrýar. Tema orkestriň kirişli we agaçdan ýasalan üflenip çalynýan saz gurallary toparynyň ýerine ýetirmeginde ýaňlanýar. Ösüşinde ol tolkun häsiýetli herekete eýe bolýar.



Aşak düşýän sekundaly intonasiýalar hem-de sallançagy üwremegiň effektini döredýän fortepianoda ýaňlanýan arpedžiolar tema aýratyn täsirlilik berýär, soňra kompozitor bu usuly horda hem ulanýar. Ene Watany keşplendirýän messo-sopranonyň solosy eseriň düýp mazmunyny beýan edýär. Ene Watan uruşda wepat bolan ogullaryny hüwdüleýär:




Wokal partiýasynyň heňi gaýtalanma usulynda gurlan. Gysga iki taktly jümleler biri-birinden çärýek pauzalar arkaly bölünen. Triol, yzygiderli tolkun häsiýetli ädimler heňe uly täsirlilik berýär. Tonal we dinamika taýdan täzelenilmeler keşp hereketleriniň dyngysyzlygyny berjaý edýär. Ladyň durnukly tony bolan tonika sesiniň töwereginde sekundaly intonasiýalar jemlenýär.




Ritmik taýdan warýirlenmesi we güýçli ülşüň bölünmesi sazyň ösüşine itergi berýär. Heň esasy tondan ugur alyp, şoňa hem gaýdyp gelýär. Hor partiýasynyň ösüşi gaýtalanma usulyna esaslanýar. Messo-sopranonyň solo fonunda, “a” bogunda iki sesli aýallaryň hory ýaňlanýar.




*e-moll* tonalnostynda ýaňlanýan tersiýalaryň çaýkanma häsiýetli hereketi sallançagyň üwremesini ýatladýar.

Dördünji bölümiň soňunda saz birden kesilýär, soňra orkestr we hor *tutti* usulynda, iki *ff*-da ýaňlanýar. Bu ýerde kompozitoryň ulanan usuly, ýagny iki temanyň gabat gelmegi örän özüne çekijidir ("Rekwiýemiň" "Esgerleriň kasamy" diýen II bölüminden birinji temasy (ony hor ýerine ýetirýär) we orkestrde ýaňlanýan ikinji – hüwdiniň liriki temasy).




V bölüm ("Bizi bagyşlaň") *Allegro moderato* depgininde alty taktly orkestriň girişi bilen başlanýar *(e-moll)*. Bütin bölümiň dowamynda skripka, wiolonçel we altlar, on altylyk notalaryň

figurasiýalaryndan düzülen howsala temasyny, kontrabas bilen misli üflenip çalynýan saz gurallary bolsa dürli wariantlarda, sekizlik notalaryň hereketinde urşuň temasyny beýan etmeklige gönükdirilen.

Eseriň esasy tematik agramy solistleriň kwartetine tabşyrylan ($T_I$, $T_{II}$, bas, bariton) – bu epizod wepat bolan esgerlerden eşidilýän owazy beýan edýär. Solistleriň melodiki şekili şol bir sesiň gaýtalanmagynda, çalt depgindäki tekstiň aýdylmagynda düzülen.




VI bölüm ("Ýatlama") – okyjy (bas) we orkestr üçin ýazylan ýeke-täk solo nomeridir. Bütin bölümiň dowamynda *e-moll* tonalnosty we *Andante* depgini agdyklyk edýär. Kirişli saz gurallarynda, *pizzicato* usulda, *p*-dan *f* dinamikasyna çenli sekizlik notalarda üýtgemän gaýtalanyp durýan ritmik şekili (urşuň temasy) jaň urgularyny suratlandyrýar. Esasy tema klarnetde iki *pp*-da ýaňlanýar.



Sazyň durnukly sesi bolan tonikanyň gapdalynda ýarym tonly sekundaly intonasiýalaryň aýlanylmagy sazyň ösüşine labyzlylyk, saldamlylyk, hoşowazlylyk häsiýetlerini berýär. Täze saz gurallarynyň goşulmagy bilen sazyň dartgynlylygy we dinamikasy üýtgeýär. Saz ösüş ýoluna düşýär. Bölümiň soňunda ol özüniň iň belent kulminasiýasyna ýetýär. Üflenip çalynýan misli saz gurallarynyň *f*-da birden girizilmegi (kirişli toparyň başlangyç temasy) ösüşe uly täsirlilik we emosional taýdan dartgynlylyk berýär. Kirişli saz gurallarynda on altylyk notalaryň hereketi, barabanyň urgulary garaşma, gaýgyly howsala atmosferasyny döredýär. Ägirt uly simfonik ýaňlanmasynyň fonunda okyjynyň aýratyn replikalary eşidilýär, bu uruşdan öňki parahatçylykly durmuş baradaky ýatlamalardyr.

VII bölüm “Kasam” diýip atlandyrylýar. Orkestrdäki we hordaky güýçli *tutti*-dan soň, iki *ff* dinamikada baritonyň solosy ýaňlanýar.




II peseldilen basgançak (frigiki minor), triollaryň tolkun hereketi sazda matam, gaýgy häsiýetini döredýärler. Bu tema bütin bölümiň dowamynda solistleriň partiýasyna üýtgedilmän geçirilýär: $B_{I}$, $B_{II}$, $B_{III}$, $B_{IV}$. Tema geçirilişiň arasynda iki sesli

erkekler horunyň ýerine ýetirmeginde 8 taktly jümleler ýaňlanýar (*piu mosso, f-moll* tonalnostynda).




Bu horlar üçin dutaryň ýaňlanmasyny döredýän sesleriň kwarta-kwintaly gatnaşyklary mahsus. Ikinji seslerde tutulýan organ punktuň fonunda birinji sesler esasy temany ýerine ýetirýärler. Horuň erkekler düzümi bilen ýerine ýetirilýän birinji bölümiň tukat temasy ortaky bölümde adybir tonalnostda (*F-dur)* çagalar horunyň ýerine ýetirmeginde aýdyň we şatlykly ýaňlanýar. Çagalar atalaryň uruşdan gaýdyp gelmegi barada arzuw edýärler:




Gurluşyň üçünji bölüminde bäş sesli garyşyk hor ýaňlanýar. Bu horly epizody sekwensiýaly ösüş häsiýetlendirýär. “Unudylmarsyňyz” diýen jümlede berilýän sekwensiýanyň her halkasy şol bir sesiň gezekleşip gelmegine esaslanýar. Dinamikanyň güýçlenmegi bilen horuň tessiturasy hem beýgelýär.






Punktirli ritm, sinkopalar we güýçli dinamika saza aýgytly, tassyklaýjy häsiýeti berýär. VII bölüm (“Kasam”) çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan. Onuň ähli bölümlerine hor gatnaşýar. I we II bölümlerde kompozitor arassa tembrleri utgaşdyrýar: erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň hory.

VIII bölüm – “Şöhrat aýdymy”. Hyjuwly we belent duýgulary bilen doldurylan “Rekwiýemiň” bu soňky bölümi aýdyň we şatlykly ýaňlanýar. Orkestriň partiýasy tutuş horuň partiýasyny gaýtalaýar. Bu bitewi, ägirt güýçli ýaňlanmada Beýik Watançylyk urşunda ýeňiş gazanan halkyň edermenligi şöhratlandyrylýar. “Şöhrat aýdymy” sekiz sesli garyşyk hora niýetlenip ýazylan ($S_{I-II}$, $A_{I-II}$, $T_{I-II}$, $B_{I-II}$).



1941-1945 ý. urşunda wepat bolanlara bagyşlanyp ýazylan H. Allanurowyň “Rekwiýemi” türkmen sazynyň taryhynda örän uly ähmiýete eýedir. Bu eser türkmen kompozitorynyň Rekwiýem žanryna ilkinji gezek ýüzlenmesidir. Sazyň tematik merkezi 1941-1945-nji ýyllar urşunda ýeňiş gazanan halkyň ruhubelent keşbini emele getirýär. H. Allanurow horuň ýerine ýetirijilik aýratynlyklaryny gowy bilip, olaryň dürli görnüşlerinden peýdalanypdyr. Ynsan ýagdaýlarynyň we duýgularynyň giň gammasyny bermäge ukyply bolan horuň uly mümkinçiligi bu eserde özüniň aýdyň beýanyny tapypdyr.

“Rekwiýemde” solo epizodlary, ilkinji nobatda gussaly “Enäniň nalasy”, liriki şahyrana “Watanyň hüwdüsi” diýen bölümler örän özüne çekiji we erkin ýaňlanýar. Kompozitor, esasan, materialynda gomofon-garmonik beýan edilmegini ulanypdyr, şonuň bilen bilelikde ol köpsesli polifonik formalara hem ýüzlenipdir[7]. Horuň düzümi köp ýagdaýda dört seslidir. Kompozitor hor partiýasynyň partiturasyna *divisi* usulyny girizmek bilen, horuň düzümini bäş we sekiz seslilige ýetirýär. Hor fakturasy üçin partiýalaryň dublirlenmesi (soprano – tenor, alt – bas), arassa tembrleriň, unison, güýçli hor *tutti*’laryň ulanmasy, aýallaryň, erkekleriň we çagalar horunyň utgaşdyrylmasy häsiýetlidir.

Eseriň birinji bäş bölümi “a” bogna ýaňlanýan wokalizlerdir. “Aý”, “How” diýen wokal girişler, reçitatiw-deklamasiýa häsiýetde ýaňlanýan horlar türkmen bagşyçylyk sungaty bilen baglanyşygyny äşgär edýär. Sesleriň gatnaşygy, kada boýunça, dutara mahsus bolan kwarta ýa-da kwinta interwallarda düzülen. Ansambl gapma-garşylygyň tebigy we emeli usulynyň esasynda gurlan. Tessitura, umuman, amatly. Partituralaryň ritmiki şekilleri kiçi ölçegleriň gezekleşmegine esaslanan. Ses alnyş usullary

[7] Очеретовская Н. Содержание и форма в музыке. – Л., 1985, 102.

*legato, nonlegato, markato* ýaly ştrihleriň gatnaşmagyny özünde jemleýär. Matam, gaýgy häsiýetli horlarda kompozitor ýuwaş dinamiki serişdelerden peýdalanýar (*mf, p, pp)*.

Hydyr Allanurowyň "Rekwiýemi" orkestriň doly düzümi üçin niýetlenen, eseriň partiturasyny depginiň, fakturanyň, dinamikanyň, garmoniýanyň gapma-garşylyklary häsiýetlendirýär. Olar manyly sezuralaryň, uly pauzalaryň goldawynda beýan edilýär. Şeýle hem, eserde urşuň, betbagçylygyň temalary liriki temalar bilen utgaşdyrylýar.

R. Allaýarowyň R. Tagoryň goşgularyna döreden oratoriýasynyň wokal-simfoniki žanrynda döredilen iň täsin eserleriň biri bolup durýandygyny bellemek gerek. Bu eser özüniň dörän pursadyndan başlap, türkmen sazşynaslarynyň üns merkezinde bolupdy. R. Allaýarowyň döredijiliginiň ösüşinde hem, türkmen wokal-simfoniki sazynyň ösüşinde hem oratoriýanyň ähmiýeti jedelsizdir[8]. Iň ýokary derejedäki çeperçilik talaplaryna jogap bermek bilen, bu eseriň şygryýetiň saz bilen arabaglanyşyklaryndaky, wokal-simfoniki žanrynyň gurluşyndaky we leksikasyndaky täze usullara we stilistik çözgütlere tarap aýgytly böküşi amala aşyrandygyny aýratyn belläsimiz gelýär. Bu oratoriýa barada gürrüň edilende, R. Tagoryň şygryýetiniň wajyp alamatlaryna üns bermän geçmek mümkin däl. Olar R. Allaýarowyň eserine şahyrana libretto hökmünde saýlanylyp alnanda kesgitleýji roly oýnapdyrlar. Kompozitor hindi şahyrynyň goşgularynda özüne ýakyn emosiýa ýagdaýyny, özüniň saz stilistikasy bilen "birtonly" bolan alamatlary, äheňleri we keşpleri tapypdyr.

R. Tagor täze nesle degişli bolan, häzirkizaman hindi şygryýetini dörediji şahyrlaryň biri hasaplanýar. Ol öz

[8] Ларионов В. Творчество композиторов Туркмении: А.Агаджикова, Р.Аллаярова, Ч.Нурымова, Р.Реджепова, Н.Халмамедова. – Ашхабад, 1974, 14.

döredijiliginde iň arassa we paýhasly gözbaş hökmünde köpdürli halk şahyrana däp-dessurlaryna daýanypdyr. Onuň lirikasy – hereket etmegiň we söweşiň, gahrymançylygyň we özüňi pida etmekligiň, demokratik ymtylyşlaryň we azatlyksöýüjiligiň şygryýetidir, şeýle-de ol iň syrly adam duýgularynyň gizlin we uly çuňňurlyklarynyň şygryýetidir. R. Allaýarow R. Tagoryň dürli goşgulary boýunça oratoriýanyň şahyrana librettosyny düzüpdir, şekilleriň we gapma-garşylyklaryň yzygiderli çalşyp durmagy bir bitewi ideýany ýüze çykarmaklyga tabyn edilipdir:

“Hereketsizligi we durgunlylygy ret edip,
Oýan, eý, çal Gündogar!”

R. Tagoryň saýlanyp alnan goşgularynyň hemmesi çuňňur watansöýüjiliklidir[9]. Kolonial Afrikanyň halkyna ýüzlenmek bilen, ol öz halky bilen gürleşýär. Şahyryň beýan edýän watansöýüjiliginiň ähmiýetliligi we köpsesliligi özboluşlydyr. Bu tragediýa häsiýetli watansöýüjilikdir. Ol şatlykly durmuşyň zaňy däldir, ol gam-gussadan we ynjydan doly ahy-nalanyň owazydyr. Bu ynjy çuňňur, edermen we sowukganlydyr, şonuň üçin hem ol aýratyn dramatik häsiýete eýedir. Diňe ýokary ussatlyga eýe bolan hudožnik şunuň ýaly umumylaşdyrylan raýat-patetiki ýagdaýda halkyň betbagtçylygyny we gahrymançylygyny beýan etmäge ukyplydyr.

Mazmunyň beýan edilişiniň şahyranalygy we keşpleriň, şekilleriň, duýgularyň umumylaşdyrylan simwolikligi oratoriýanyň sazyna täsirli-epiki gurluşy berýär. Oratoriýanyň çuňňur filosofiki taýdan pikir ýöredilýän bölümleri bir halkyň durmuşyna we taryhyna degişli bolan şahsy, birmilletlilik watansöýüjiliginden başlap, köpmilletliligiň möçberindäki watansöýüjiligi – Watanyň azatlygy ugrunda göreşijileriň hemmesiniň ýüreklerinde gyzgyn

[9] Актуальные проблемы изучения музыкальных культур стран Азии и Африки. – Ташкент, 1983, 104.

seslenme tapýan watansöýüjiligi beýan etmeklige çenli bolan wajyp temany gozgaýarlar. Mazmuny boýunça dagynyk bolan goşgulary – oratoriýanyň bölümlerini bir bitewi toplumda birleşdirýän we olary biri-birlerine ýakynlaşdyrýan ideýalaýyn esasyň göwrümliligi bu toplumy epiki poemanyň derejesine çenli ýokary göterýär. Hut şonuň üçin hem her bir täze tapgyrda aýdylanlaryň ähmiýetini has ýokary poemalaýyn ritorika çenli galdyrmak, bölümden-bölüme çenli bir bitewi gürrüňdeşlik hökmünde biri-birine galtaşmak bilen, bölümleriň hemmesi dinamiki ýagdaýda okalýar.

Oratoriýanyň librettosy bäş sany goşgynyň esasynda düzülen. Olardan dördüsi – doly görnüşde peýdalanylan, bäşinjiniň teksti bolsa gysgaldylan: onda diňe eseriň esasy pikirini beýan edýän setirler bar.

“Eý, gudraty güýçli,
Älemiň şasy!”

diýen ýüzlenmäni kompozitor şygyr refreni hökmünde ulanýar.

Oratoriýanyň kompozisiýasy keşp babatda gapma-garşylykly bolan, bäş sany bölümlere bölünýär:

I bölüm – gulçulykdan halas etmegini ýalbaryp, Hudaýa ýüzlenme.

II bölümde Ýer enäniň keşbi bilen deňeşdirilýär. Onda we halkyň paýyna düşen agyr ykbalyna gözi düşen şahyryň gam-gussalary we onuň söýgi duýgulary beýan edilen.

III bölüm – erkinlige çagyryş.

IV bölüm – lirikanyň öz-özüne bolan kinaýa bilen täze öwüşgini.

V bölüm – gimn häsiýetli apofeoz.

Her bölümde dramaturgik ösüşi görmek, anyklamak bolýar, olaryň her menzili kesgitli saz serişdelerini özünde jemleýär. Aýry bölümleriň gapma-garşylykly gatnaşygynda köpdürlülik

ýüze çykýar. Okyjy oratoriýada uly orun tutýar. Onuň gatnaşmagyndaky epizodlar hereket hökmünde kabul edilýär, bu alamat oratoriýany kantata žanryndan tapawutlandyrýar. Kesgitli žanr alamatlaryny güýçlendirmek maksady bilen, kompozitor esere şygyr gaýtalamalaryny goşýar. Şeýlelikde, V bölümde başlangyç goşgynyň setirleri geçýär, onuň her bendinde bolsa soňky setirler gaýtalanýar. III bölümdäki hor kanony has aýdyň, işjeň şekillendiriş serişdesi hökmünde öňe çykýar, onuň goşgy setirleri horuň ähli seslerinde deklamasiýa usulda geçirilýär.

Oratoriýanyň bäş bölümli kompozisiýasyny bitewilik we dinamikaly ösüş tapawutlandyrýar. Gapma-garşylyk diňe bölümleriň arasynda däl-de, olaryň içki gurluşynda-da duýulýar. Her bölümiň formasy dürli görnüşli üç bölümlilige ýakyn. Oratoriýanyň I bölümi a’capella hory bilen açylýar, onda yzygiderli tenor, alt, bas we soprano sesleri girizilýär. Esasy tonuň sekunda taýdan aýlanyp alynmagy ähli hor partiýalaryň başlangyç gurluşyny häsiýetlendirýän äheň esaslylygydyr. Her sesiň başlanmagy bilen sazyň durnuklylygy sekunda boýunça ýokary ýa aşak hereketlenýär (*c des d h es*). Hor partiýalaryň giriş pursady, “O, gudraty güýçli, Älem şasy” diýen sözleri bilen bile gidýär. Şygyr tekstiň ösüşi tenor we bas sesleriň sololaryna tabşyrylan. Hor heňli-reçitatiw goltgynyň wezipesini ýerine ýetirýär, onda intonasiýa taýdan sekunda kompleksi, metroritm babatda dürli paýlarda alnan taktyň içindäki we daşyndaky sinkopalar agalyk edýär. Işjeň ritmikasy sazyň hereketini güýçlendirýär.

Solo alyp barýan tenor we bas owadan kanona birleşdirilen, emma sesleriň melodik ugurlary dürlüdir. Basyň melodeklamasiýasy häli-şindi gaýtalanyp durýan, kiçi tersiýanyň çägindäki yzygiderli herekete esaslanýar. Tenoryň solosy bolsa başlangyç sekundaly äheňlerden ybarat. Solo alyp barýan

sesleriň kontrapunkt baglanyşygy işjeň metroritm hereketi bilen tapawutlanýar. Şoňa görä, horuň kadaly deklamasiýasy gapma-garşylykly kabul edilýär. Solo we goltgy berýän partiýalaryndaky melodiki ösüşiniň häsiýeti instrumental işlenilme usulynda berlen: giň interwallara böküşler, sesleriň gyradaky registrleriň deňeşdirilmegi, saz düzüminiň aktiw hromatizirlenilmegi, kulminasiýa pursatlarynda glissandirleme.

Dinamizirlenen, tonal taýdan durnukly bolmadyk kulminasiýa tarap girişi we kulminasiýanyň özi hem orkestriň girizilmegi bilen tapawutlandyrylan tematizm boýunça bu bölümi repriza diýip hasaplamak bolýar. Hor düzgünde wokal başlangyçlar ýüze çykýar, sesleriň kontrapunkt hereketine gapdal sesugurlar goşulýar. Öňki ösüşden tonal durnuksyzlyk we polifonik hereketiniň baýlygy saklanylýar, olar indi orkestriň partiýasyny häsiýetlendirýärler. Orkestr sesleriň girizen pursadynda kompozitor kirişli we üflenip çalynýan mis saz gurallarynyň ansamblyny ulanýar. Kirişli saz gurallar topary sekundaly pedaly saklaýan bolsa, üflenip çalynýan mis saz gurallar topary esasy heňi ösdürýär. Aýry-aýry intonasiýalardan bas-klarnet we fagot ýaly saz gurallarynyň girizilmegi bilen baýlaşdyrylan kontrapunkt düzümi emele gelýär.

I bölümiň diňe soňlaýjy epizodynda (klawir boýunça /12/ san) orkestriň doly düzgüni ýaňlanýar. Bu pursat I bölümiň kulminasiýasy bolup, II bölüme geçiş bolup hyzmat edýär. Tenorda “O, Älemiň şasy” diýen refreniň solosynda we orkestriň pedalynda, jemgyýeti herekete, ösüşe çagyrýan okyjynyň monology ýerine ýetirilýär. I bölüm intonasiýa, faktura we dinamika taýdan umumy ösüşi jemleýäň, uly orkestr epizody bilen tamamlanýar (klawir boýunça /16/). II bölümiň esasynda R. Tagoryň eziz ýurdunyň ykbaly baradaky gam-gussaly pikirleri ýatyr.

Kakylyp we üflenip çalynýan saz gurallarynyň howaýy ritmiki goldawynda we kirişlileriň pedalynda altyň solosy ýaňlanýar. Ilki bilen göze ilýän zat – saz heňiniň diatonik häsiýetliligi we tonal durnuklylygy. Eseriň stilini üýtgetmän, kompozitor, reçitasiýa we glissandirleme usullary, şeýle hem giň interwallara tarap hereketleri bilen tapawutlanýan melodikasynyň instrumental gurluşyny saýlap alýar. Orkestr fon goldawyny berip, goşgynyň diňe birinji we ikinji bentleriniň arasyna interlýudiýa görnüşde dramaturgik ösüşe goşulýar. Äheň we faktura taýdan ikinji bent birinjiniň melodiki wariantydyr. Umumy ýaňlanyşa girizilen hor orkestriň pedaly bolup hyzmat edýär. Üçünji bent gurluşyň kulminasiýasydyr. Onuň girişsiz başlanmagynda solist we hor gatnaşýar. Tematik tarapdan üçünji bendiň sazy I bölüme ýakyn: belentlik we dinamiki dartgynlyga getirýän, sekunda öwrümlerden düzülen sekwensiýalar, orkestriň partiýalaryna kontrapunktuň girizilmegi, orkestr we hor seslerindäki glissandirleme usullary.

III bölüm öňki ösüşe gapma-garşylyk döredýär. Gurluş boýunça ol oratoriýada merkezi orny eýeleýär, dramaturgiýa babatda ony liriki II we IV bölümleri bilen deňeşdirmek bolar. III bölümiň kompozisiýasy, tematizm we ýerine ýetirijilik serişdeleri boýunça tapawutlanýan dört sany epizody öz içine alýar. 1-3-nji epizodlarda şahyrana tekst deň gelýär. III bölümiň başynda orkestriň ostinatosynyň we kakylyp çalynýan saz gurallarynyň poliritmik fonunda okyjynyň deklamasiýasy başlanýar. Gysylan görnüşde ol umumy bölümiň pikirini beýan edýär. Orkestriň fakturasy käbir ýagdaýlarda Afrikany ýatladýar. Bu kontinent kakylyp çalynýan saz gurallarynyň köpdürlüligi we baýlygy bilen tapawutlanýar. Bütin epizodyň dowamynda kompozitor ritm şekilleriniň dürli tembr taraplaryny we gatnaşyklaryny peýdalanýar. Orkestriň kirişli we üflenip çalynýan saz gurallary

saza aleatorik usulynda girizilýär. Döredilýän seslenişiň täsirliligi tekstde bolmadyk zatlary hem suratlandyrýar[10].

Okyjynyň monologyndan soň emele gelýän epizod, aleatorik tematizmi ösdürip, ony iň dartgynly derejä ýetirip, orkestriň unisonunda duýdansyz kesýär. Formanyň indiki bölüminde kompozitor şol goşgy setirleri solistiň we horuň ýerine ýetirmegine tabşyrýar. Kakylyp çalynýan saz gurallarynda ozal ýaňlanan poliritmik gatlaklar indi horuň fakturasyna garyşdyrylyp örülýär. Üflenip çalynýan mis saz gurallaryň seýrek girizilmegi goltgy hökmünde ýaňlanýan hora a’capella alamatyny berýär.

III bölümiň soňlaýjy epizoda geçiş bölejigi özboluşlydyr. Şygyr teksti kulminasiýada tamamlap, kompozitor horuň *divisi* usulyny uzak glissandirlemäniň üsti bilen primanyň unisonuna ýetirýär, şu sesden hem *secco* reçitatiwiň stilinde III bölümiň jemleýji epizodyny tamamlaýan hor kanony başlanýar. Bu bölümde onuň fakturasy has ýönekeýleşdirilen. Orkestrde misleriň pedaly bilen uly barabanyň tremolosy ýaňlanýar.

IV bölümiň esasynda iki gapma-garşylykly dünýäni häsiýetlendirýän goşgy ýatyr. Onuň birinji bendi gul eýeleriniň hökümdarlygynda bolan kemsidilen Afrikanyň obrazy bilen baglanyşykly. Ikinji bent dindar we owadan Ýewropany häsiýetlendirýär. Goşgynyň sazda beýan edilişi örän özboluşlydyr. Kompozitoryň duýgularynda Afrikanyň obrazy belli bir tematik kompleksi bilen bagly; ol alleatorikany hem kakylyp çalynýan saz gurallarynyň poliritmiýasyny öz içine alýar. Ýewropanyň şekili horallyk bilen baglanyşýar. Şygyr esasdan tapawutlylykda,

---

[10] Bar bolan çaklamalara görä, Afrika Ýewropadan güýçli ýertitreme zerarly bölünip aýrylypdyr. Şahyrana tekstde bu ýagdaý şeýle setirler bilen beýan edilipdir: “Şol gün, onuň kanagaty gutaran soň... ol seni, Afrika, Gündogar ýerleriniň döşünden bölüp aýyrdy”.

sazda bu keşp gatlaklar utgaşdyrylýar: hor – Ýewropany beýan edýär, orkestr bolsa Afrikanyň dünýäsini.

Dramaturgik islegi boýunça horuň partiýasyny diatonikaly, ýumşak sazlaşykly, uly ölçegli sesleriň hereketi bilen beýan edilen horal düzýär. Orkestriň partiýasyny simfonik orkestr üçin häsiýetli bolmadyk bong, tagtajyk, marakaslar, klawis ýaly saz gurallary bilen baýlanyşdyrylan. Şeýle hem kakylyp çalynýan saz gurallaryna fortepiano we arfa goşulýar. Äheň taýdan horal oratoriýanyň I bölümindäki tematizmine ýakyn; bu ýerde sekundaly hereketler, giň interwallar, ösüşde kanonik sekwensiýalar giňden peýdalanylýar. Orkestriň partiturasynda aýry temalar däl-de, birnäçe sonor toplumlary kesgitlenilýär. Her aleatoriki segmentiň çalşygyny çeper palitradaky täze reňkiň goýberilişi bilen deňeşdirmek bolar. Umumy ýagdaýda, gurluş horal we sonorika serişdelerini deň derejede peýdalanyp, labyzly bitewiligi döredýär.

Oratoriýanyň finaly girişiň wezipesini ýerine ýetirýän “Eý, güýçli gudrat...” diýen apofeoz bilen açylýar. Bu pursat oratoriýanyň başlangyç setirlerine hem meňzeş. Tekstiň ýakynlygy saz-heňiniň meňzeşligine getirdi. Saz tarapdan bu temalary aşak düşýän sekundaly öwrüm we onuň ösüş usuly – ýokary hereketlenýän sekwensiýa birleşdirýär. Emma oratoriýanyň başynda bu tematiki toplum sesleriň ýaňlanyş zolagynda ýerleşýär. Finalda bolsa hor, ýokary registrde fortissimo dinamikada ýaňlanyp, ýokary derejeli dartgynlylygy we gimnik joşgunlylygy nygtaýar.

Apofeoza gapma-garşylyk hökmünde okyjynyň çeper deklamasiýasy çykyş edýär, şol ýerde ilkinji gezek oratoriýanyň esasy ideýasy ýaňlanýar: “Eý, goja Gündogar, oýan...”. Jemlemäniň ikinji bölegi başlanýar, ol ýerde dramaturgik ösüşiň üç sany tapgyryny aýdyň görmek bolýar: ekspozisiýa,

özüniň iň ýokary derejedäki dartgynlylygy bilen kulminasiýa ýakynlaşmak we soňlama. Ekspozisiýa tapgyrda horuň partiýasy orkestr toparlary bilen äheň taýdan bir bitewilikde çykyş edýär. Kirişli saz gurallary tonal esasyny kesgitleýän pedaly saklaýarlar, üflenip çalynýan agaç saz gurallarynda hor tematizmine tarap goşulýan gapdal sesler ýaňlanýarlar, mis saz gurallary sekundaly baglanyşyklarda fon agramyny öz üstlerine alýarlar. Kulminasiýa tarap hereketiň dowamynda orkestr toparlarynyň hyzmatynyň ähmiýeti üýtgeýär, ýuwaş-ýuwaşdan täze saz gurallary işe girişýärler.

Kulminasiýa pursadynda oratoriýanyň doly ýerine ýetirijilik düzümi ýaňlanýar: hor, solistler, fortepiano, ksilofon, kakylyp we üflenip çalynýan saz gurallarynyň toparlary bilen güýçlendirilen orkestr. Sazyň äşgär akkordlaýyn beýan edilmegi, ritm aýdyňlygy, seslerde dürli ikeldilmeleriň peýdalanylmagy, tutti dinamikasy joşgunyň iň naýbaşy täsirliligine ýetilmegine mümkinçilik döredýärler. Ümsümligiň birnäçe taktlary, täze gimn häsiýetli seslenişe alyp barýan horuň tas a’capella görnüşli seslenmesi bilen baglanyşyklydyrlar. Ol özüniň sonorlaýyn beýany sebäpli baş kulminasiýanyň ýaňy hökmünde kabul edilýär. Oratoriýanyň arassa tembr-garmoniki sazlaşykda tamamlanmagyny, dramaturgik pozisiýanyň nukdaýnazaryndan geljekki nesilleriň bagtly durmuşyna bolan umyt hökmünde düşündirmek bolar.

R. Tagoryň goşgularyna döredilen oratoriýa ýetmişinji ýyllarda ýazylypdyr we özüniň stilistikasy boýunça A. Şnitke, E. Denisow, S. Gubaýdulina ýaly şol döwrüň kompozitorlarynyň-eksperimentatorlarynyň eserlerine ýakyndyr [25; 48]. Eseriň dramaturgiýasynda II we IV bölümleriň lirikasynyň, III bölümiň dramatizminiň dürli çäkleriniň üsti bilen, filosofiki-epiki I bölümden gimn häsiýetli soňlama çenli güýçlenýän gapma-garşylygyň liniýasyny yzarlamak bolar. Keşp ulgamynyň

hersi belli saz-şekillendiriş serişdelerini eýeleýär. Liriki başlangyçlary görkezmekde kompozitor diatonikanyň, arassa tembrleriň, orkestr pedalynyň mümkinçiliklerinden, hor ýaňlanyşynyň konsonantlygyndan ugur alýar. Dramatik keşpleri suratlandyrmakda awtor wokal we instrumental toparlarda aleatorikanyň we sonorlygyň kadaly tehnikasyndan peýdalanýar. Stil modelleriň hersi tematizmiň, garmoniýanyň, polifoniýanyň we fakturanyň indiwidual aýratynlyklary bilen baglanyşykly. Şahyrana esasa görä stilleşdirilýän epizodlar ünsüňi özüne çekýär (Afrikanyň keşbi, materikleriň bölünişiniň täsiri, Ýewropa-Afrika gapma-garşylygy). R. Allaýarowyň oratoriýasy türkmen sazyndaky täsin eserdir. Mazmunynyň ähmiýetliligi we onuň saz beýanynyň derejesi bu oratoriýany XX asyryň iň gowy eserleri bilen bir hatarda goýmaga mümkinçilik berýär.

XX-XXI asyrlaryň çäklerinde uly göwrümli wokal-simfonik žanrlara bolan gyzyklanma gaýtadan döreýär. Köp bölümli toplumlaryň ýerine bir bölümli poema, oda, ballada gelýär. Ýöne bu žanryň klassyky manysyndaky kantata hem türkmen kompozitorlary, hususan-da, kompozitor M. Annamyradow tarapyndan döredildi. Okyjy, garyşyk hor, solistler, uly simfonik orkestr we dutar üçin “Täleý” diýen kantata M. Annamyradow tarapyndan 1998-nji ýylda ýazylypdyr. Kompozitor şahyrana esas hökmünde beýik Magtymgulynyň we Mollanepesiň goşgularyny saýlap almak bilen, klassyky türkmen poeziýasyna ýüzlenipdir. Bu türkmen klassyky edebiýatynyň düýbüni tutujylaryň mirasynyň kantata žanrynda amala aşyrylmagynyň ilkinji tejribesidir. Köp asyrlyk medeniýetiň taryhyna ýüzlenmek bilen, kompozitor baý şahyrana mirasyň arasyndan, awtorlaryň durmuşyň manysy, şahyryň jemgyýetdäki orny, hakyky döredijiniň ýeňil bolmadyk ykbaly baradaky şygryýetinden has takyk görünýän goşgulary saýlap alypdyr. Magtymgulynyň döredijiligine berilýän baha onuň

yzyny dowam etdiriji Mollanepesiň dilinden öz ata-babalaryna hormat goýan döwürdeşiň sesi hökmünde kabul edilýär.

Dramaturgik taýdan kantata emosional rahatlylyk prinsipi boýunça düzülipdir. I bölümiň esasynda Magtymgulynyň adamlaryň ýaşap ýören dünýäsindäki ejir çekmeleri we betbagtçylyklary baradaky terjimehal görnüşli eseri ýatandyr. II bölüm (Magtymgulynyň goşgusy) özüniň ilkibaşdaky ajaýyp gelip çykyşy bilen dünýäniň gözelligi baradaky oý-pikiri özünde jemleýär. III bölüm Mollanepesiň goşgularyna döredilipdir, olarda iki sany şahyryň dünýädäki döredijiniň ähmiýeti baradaky dialogy berlipdir. Jemlemede Magtymgulynyň dostluga, agzybirlige, doganlyga çagyrýan Watan baradaky iň bir gyzykly goşgularynyň biri ulanylypdyr.

Gündogar klassyky şygryýetine mahsus bolan saz bilen berk baglanyşygy, kantatada has hem takyk görünýär. Mazmunyň özi gürrüň görnüşli intonirlemeginiň ýokary derejeli hyjuwlylygyna alyp barýar. Eseriň dramaturgiýasynyň ösüşinde, her bölümiň emosional derejesini kesgitleýän okyja uly ynam bildirilmegi hem ýöne ýerden däldir.

“Ejizlere rehm eýläň” diýen I bölümde kompozitor okyjy we solistler bilen birlikde a’capella žanryna ýüzlenýär (I bölüm ösdürilen ortaky bölümli we uly kodaly, çylşyrymly üçbölümli formada ýazylypdyr). Žanryň saýlanyp alynmagy ýöne ýerden däldir. Okyjynyň dilinde Magtymgulynyň ýitirilen bagt, şahyryň ajy ykbaly baradaky oý-pikirleri horuň kadaly solmizasiýasynyň fonunda tebigy bolup görünýär. Tetrahordyň çäklerindäki basgançaklaýyn hereketlerden solistleriň temalary döreýär, olaryň esasynda sanawaçly agy intonasiýalar ýatandyr.

Esasy tematizmiň wariant taýdan üýtgeşmeleriniň dowamynda kompozitor lad we faktura derejelerinde gapma-garşylygy döredýär. Lad dramaturgiýasynyň nukdaýnazaryndan

ösüş gyrklar perdeden natural, garmoniki we frigiý minora tarap gussaly ýagdaýyň güýçlenmegine getirýär. Fakturalaýyn gatlak hor ansambllarynyň dürli görnüşleri tarapyndan kesgitlenilýär: garmonik görnüşli kadaly akademiki dörtseslilik, ostinato esasynda goşulýan köpsesliligiň ösüşi, imitasiýa alamatlary. Kulminasiýa pursatlarda fakturanyň dykyzlanmagyna ýardam berýän sesleriň *divisi* usuly ulanylýar. Natural lad garmonik köpsesliligiň goltgy bermeginde saz diliniň aýdyň milli özenliligi häsiýetli tematik özboluşlylyk bolup durýar.

"Jahankeşde şahyryň hyýaly" diýen kantatanyň ikinji bölümi – bagşyçylyk sungatynyň stilizasiýasynyň aýdyň mysalydyr (II bölüm bent formada ýazylan). Dutaryň solosy bilen ýaýran orkestriň girişi okyjynyň monologyny taýýarlaýar. Irizmek instrumental goltgy fonunda täsirli reçitasiýa ýüzlenmeklik bagşy-dessançylaryň däp-dessurlary bilen meňzeşligi döredýär. Başlangyç şahyrana setirler goşgynyň ideýasyny kesgitleýärler. Soňraky sazyň ösüşi aýdyň melodiki epizodlaryň çalşygy bolup görünýär. Hor fakturasy hem dutar geterofoniýasynyň stilinde berilýär. Horuň düzüminiň we ýaňlanyşynyň diapazonynyň giňeldilmegi stilleşdirilen ikisesliligi goşalandyrmak bilen baglanyşyklydyr.

Tematik materialyň intonasiýa taýdan ösüşi bagşyçylyk sungatynyň däp-dessurlaryna esaslanandyr[11]. Mysal üçin, ýekelikde aýtmaklygyň tematizmi girişiň intonasiýalaryndan döreýär we häsiýeti boýunça melodeklamasiýa ýakyndyr. Minor öwüşginli umumy intonasiýa fonuň üstünden agalyk etmeýär, sebäbi intonasiýanyň ösüşi ladyň V basgançagynyň töwereginde jemlenen. Mažor basgançagyň agdyklyk etmegi başlangyç

[11] Шахназарова Н. О двух типах музыкального профессионализма в контексте культуры. // Профессиональная музыка устной традиции народов Ближнего, Среднего Востока и современность. – Ташкент, 1981, 80.

melodiki toplumyň açylyp görkezilişi bilen baglanyşyklydyr (frigiý “e”-den ioniý “D” wagtlaýyn geçilmegi). Sähel salymlyk mažora tarap geçilmegi pripewiň lad-tematiki ýaňlanyşyny taýýarlaýar. Dutar “ikiseslilig” az wagtlyk sesleriň gytaklaýyn hereketi köpsesli polifoniýa bilen ornuny çalyşýar; mažor (*G-dur*) işjeňleşýär, bu bolsa, umuman alanyňda, äşgär kulminasiýa tarap alyp barýar (*E-dur*). Ikinji bent waryirlenendir, sebäbi ol hem-ä kulminasiýa hökmünde hyzmat edýär, hemem dinamiki kodany taýýarlaýar.

Kantatanyň III bölümi liriki-filosofik häsiýetlidir, bu ýerde esasy bolup solist hereket edýär, hor we orkestr bolsa fon-garmoniki goltgynyň wezipesini alyp barýar. Solistiň (tenor) temasy – melodik we ritmik taýdan ösdürilen, ol melizmlerden we içkibogun heňleriniň elementlerinden doludyr. Intonasiýa we tonal-garmoniki taýdan III bölüm öňki ösüş bilen berk baglanyşyklydyr, diňe ýerine ýetirijileriň ähmiýetleri üýtgäpdir: sololyk ediji horuň (II bölüm) ýerine sololyk ediji tenor (III bölüm) emele gelýär.

IV bölüm gimn görnüşli, aýdyň dinamiki gurluşdyr. Onda hora uly orun berilýär, onuň üçin sesleriň *divisi* usuly bilen takyk garmonik faktura häsiýetlidir. Esasy tematik element bolan, soňraky dominanta sesini aýlap almak bilen, I basgançakdan V basgançaga çenli horeiki böküş – sazyň hüjüm ediji, durmuşy ykrar ediji häsiýetini kesgitleýär. Kwazi-temanyň ösüşi, soňra dominanta dolanyp gelmek bilen, başlangyç intonasiýasynyň (V-den I basgançaga böküşi) öwrülmesi bolup durýar. Tematik ösüşiniň dowamynda kompozitor natural minor – garmoniki mažor ýaly iki sany lad ulgamlaryny deňeşdirýär. Orkestriň düzgüni funksional taýdan takyk kesgitlenýän köpsesli akkord toplumlar bilen doldurmaklyk ladyň gapma-garşylygyny ýüze çykarýar. Finaldaky tematizmiň ösüşi wariantlylygyň we

polifonik imitasiýasynyň usullaryny özünde jemleýär. Her bir täze gurluş halkasy başlangyç halkasy bilen “tema-jogap” prinsipi boýunça gatnaşdyrylýar. IV bölüm dünýädäki parahatçylygyň we dostlugyň ideýasyny tassyklaýan horuň we orkestriň kuwwatly ýaňlanyşy bilen tamamlanýar.

M. Annamyradowyň “Täleý” diýen kantatasy kompozitoryň wokal-simfonik žanrdaky ilkinji tejribesidir, ol gyzykly we, umuman alanyňda, şowly çykan eserdir. Wokal partiýalarynyň dublirlenmeginiň epizodlaryndan doly bolan orkestr partiturasy dykgatly redaksiýany talap edýär. Kuplet düzgüniniň ulanylmagy eseri dramaturgik taýdan gowşadýar. Ýöne welin, dramatik we emosional ösüşiň logikasy hem-ä mikrotematizm derejesinde, hemem eseriň her bir bölüminiň ýerine ýetirijilik düzüminiň düşündirilişinde gapma-garşy goýmak usulyna ýüzlenmeklik; özüniň original amala aşyrylmagynda intonasiýa esasyň aýdyň beýana eýe bolan milli tebigaty eseriň çeperçilik taýdan ýokary derejesini kesgitleýärler.

## Wokal-simfonik sazynyň kiçi göwrümli gurluşlary

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk döwri wokal-simfonik žanryna degişli bolan aýdyň, şygar şekilli eseriň döredilmegi bilen bellidir. Bu döwürde milli medeniýetiň ösüşi halkyň taryhyna, onuň syýasy we ruhy ýolbaşçylaryna, halkyň durmuşyndaky uly ähmiýetli hadysalara bolan gyzyklanmalaryň güýçlenmegi bilen baglanyşyklydyr. Ýüzýyllyklaryň çäklerinde wokal-simfonik sazda türkmen kompozitorlary oda žanryna aýratyn orun berýärler. Häzirki döwürde oda žanrynyň ösüşinde R. Allaýarow ähmiýetli iş edip, ol bu ugurda birnäçe eserleri döredýär, olarda uzak geçmişiň we häzirki döwrüň hadysalarynyň tematikasy

özleriniň beýanyny tapýar. “Deprek” diýen oda taryhy wakalara ýüzlenmekligiň mysaly bolup durýar.

Türkmen halkynyň taryhyndaky iň meşhur şahsyýetleriň biri Oguz handyr: ol zehinli serkerde, edermen we gaýduwsyz esger, parasatly ýolbaşçydyr. R. Allaýarowyň “Deprek” diýen eserinde awtor ýeňiji, öz ýeňşini dabaraly belläp geçýän we bu barada bütin dünýä jar edýän Oguz hanyň durmuş ýoluna ýüzlenýär. Hadysanyň dabaralylygy kakylyp we üflenip çalynýan saz gurallarynyň kuwwatlylygy bilen beýan edilýär. R. Allaýarow nagara, tagara, kernaý, surnaý ýaly milli saz gurallaryny goşmak bilen, solist, hor we uly simfonik orkestr üçin oda žanrynda halkyň çäksiz şatlyk duýgusyny suratlandyrypdyr.

Eseriň gurluşy zowwamlaýyn kuplet formasyna ýakyn. Onda şahyrana tekstiň bölünişigi şygyr gurluşynyň içki çäkleri bilen gabat gelýär. Şahyrana tekstiň her bir bendi tekstiň gahrymanlaryny, hadysalary şekillendirýän täze saz materialynyň beýan etmeginde geçirilýär. Goşgynyň gysgaldylmagy[12] arassa dramaturgik wezipelerden gelip çykýar: özüniň yzygiderli üýtgeşmeleri bilen sýužetiň dinamiki ösüşinden. Solistiň, horuň we orkestriň wezipeleri takyk kesgitlenendir. Kompozitor solistiň partiýasy üçin beýan edişiň reçitatiw görnüşini saýlap alýar, olara sintaksis taýdan gutarnyklylyk, bölünip geçirmeleriň bolmazlygy, metrikanyň berkligi mahsusdyr. Hor partiýalaryň melodik setirleri oratorçylyk äheňleri, yzygiderli sezuralar we gysgajyk saz jümleleri bilen doldurylandyr. Solo we hor partiýalaryň saz wariantlary solistiň guraksy reçitasiýasy bilen horçularyň sillabiki we içkibogun heňleriniň organiki sinteziniň gapma-garşy goýulmagyndan gelip çykýarlar[13]. Zowwamlaýyn formanyň bitewiligini we birligini materialyň reprizaly gaýtalanmalary,

[12] “Deprek” goşgynyň sazlaýyn beýan edilişinde iki sany dörtleme goýberilen.

[13] Шахназарова Н. О национальном в музыке. – М., 1968.

kompozisiýany berkidýän aýry-aýry bentleriniň tematizminiň ençeme gezek dolanyp gelmeleri kesgitleýärler.

Orkestr birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýär. Gürrüňi edilýän hadysalary gös-göni duýmak nukdaýnazaryndan orkestr esasy hereket ediji gahryman bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde ol solistiň we horuň seslenen wagtlarynda fonuň agramyny öz üstüne alýar. R. Allaýarowyň "Deprek" odasy baýramçylyk atmosferasyny döredýän kakylyp çalynýan saz gurallary toparynyň aýdyň girişi bilen başlanýar. Bu ýerde kompozitor kakylyp çalynýan saz gurallary toparynyň litawralar, uly baraban, tam-tam, tom-tom, kastanýetalar, tamburino ýaly dürli görnüşlerinden peýdalanýar. Saz gurallarynyň her biri üçin şahsy ritmiki şekil ýazylypdyr, bu bolsa ansamblda baý poliritmik baglanyşygy döredýär.

Baýramçylygyň şatlykly pursady orkestr we horuň güýçli girişi bilen hem goldanýar. Giň diapazonly akkord-garmoniki sklad we çeküwli sesleriň hereketi saz seslenişiň dabaralylygyny döredýär. Horuň we orkestriň saz keşbiniň bitewiligi sesleriň dublirlenmegi arkaly gazanylýar. Okyjynyň solosy kirişli saz gurallarynyň *pizzicato* hem-de agaçdan ýasalan üflenip çalynýan saz gurallarynyň flažolet usullarynyň ýumşak owazy berýän fonunda ýaňlanýar. Orkestriň *tutti* seslenişi bilen solistiň dury goldamasynyň arasyndaky gapma-garşylyk odanyň tutuş dowamynda saklanyp galýar. Kulminasiýa pursatlarynda solist umumy horuň ýerine ýetirilişine goşulýar.

Her bir täze bent bilen orkestriň ýaňlanyşy güýçlendirilýär. Arassa şekillendiriş wezipesini ýerine ýetirmezlik bilen, orkestr ýokary göterilýän joşgun we şatlyk duýgusyny bermekligi ýardam edýär. Sazyň iň naýbaşy kulminasiýasy Oguz hanyň şahsyýetini suratlandyrýan şahyrana bentlere düşýär. Hor kulminasiýasynyň yz ýanyndan gelýän orkestriň interlýudiýasynyň kulminasiýa

tapgyry tamamlaýar we şol bir wagtyň özünde ikinji kuplete geçiş bolup durýar. Her kuplet özünde üç sany şahyrana bendi jemleýär. Umuman, formanyň gurluşy şeýle:

Giriş ||: A B A :|| Coda

Eseriň kodasy – ýewropa simfonik ýazuwynyň we gündogar improwizasiýa başlangyjynyň kadalarynyň ajaýyp utgaşdyrylmasynyň täsin nusgasydyr. Orkestr partiturasyna nagara, tagara, kernaý, surnaý ýaly milli saz gurallarynyň owazynyň goşulmagy hem-de bu saz gurallarynda ýerine ýetirilýän improwizasiýaly sololoryň umumy akkord-garmoniki hereketinde ýaňlanmagy sazyň "sesleniş ýerini" geografik taýdan kesgitleýär hem-de diňleýjini hadysalaryň hakykat ýüzünde bolup geçýän atmosferasyna – Oguz hanyň toýuna – "alyp barýar".

"Deprek" odany gadymy nagyş bilen deňeşdirmek bolar, onda umumylaşdyrylan, zehinli we aýdyň sýužet bitewiligine kabul edilende ştrihleriň we öwüşginleriň hemmesi jikme-jik şekillendirilendir. Şunlukda, diňleýji bu sazly şekili kabul edende, ilki bilen ony şatlykly sesleriniň kuwwatly ýaňlanyşy gurşap alýar, soňra bolsa onuň her bir sazly-ritmik intonasiýasynyň nepis bezegi haýran galdyrýar. Türkmen milli konserwatoriýasynyň uly simfonik orkestriniň we horunyň ýerine ýetirmegindäki odanyň premýerasy uly üstünlik bilen geçýär[14]. Zehinli goşgulary ajaýyp saza organiki taýdan girizmeklik – bu üstünligi üpjün eden esasy sebäpleridir.

Häzirki döwrüň hadysalary R. Allaýarowyň A. Agabaýewiň goşgularyna garyşyk hor we simfonik orkestr üçin ýazan "Aşgabat" diýen beýleki bir odasynda suratlandyrylypdyr. Bu

[14] R. Allaýarowyň "Deprek" odasy 2006-njy ýylyň 18-nji fewralynda Ruhyýet köşgünde ilkinji gezek ýerine ýetirildi (dirižýor – Türkmenistanyň halk artisti Aşyr Hojatow, hormeýsterler Ž. N. Skorohodowa we Ý. K. Moskwiçýowa).

eser Türkmenistanyň paýtagtynyň döredilmeginiň ýüzýyllygyna bagyşlanyp ýazylypdyr. Eseriň joşgunlygy söýginiň, bagtyň, dostlugyň, bag-bakjalygyň şäherini wasp etmeklikde jemlenipdir. Aşgabadyň ykbaly gyzykly we dramatikdir. XIX asyryň ahyrynda Türkmen ülkesiniň paýtagty hökmünde ykrar edilmek bilen, bu şäher uzak wagtyň dowamynda bir gatly palçykdan edilen jaýlary bolan ýaşyl oazis keşbini saklap galypdyr. Paýtagtda bolup geçen ilkinji özgerişler XX ýüzýyllygyň otuzynjy ýyllaryna gabat gelýär. Rus barokkosynyň stilindäki owadan gatly jaýlar peýda bolýar[15]. Ownuk köçejikler giň şaýollaryna öwrülýärler. Şäheriň taryhyndaky ajy sahypa – 1948-nji ýylda bolup geçen, aýylganç weýran edijilikli güýje eýe bolan ýertitremesidir. Gülläp oturan oazis ýykan-ýumranlyklara öwrülýär. Şäher diri galan aşgabatlylar we olaryň nesilleri tarapyndan dikeldilýär. Aşgabadyň ýyl ýazgysyndaky täze sahypa Merkezi Aziýanyň häzirki zaman ykdysady, syýasy, medeni merkeziniň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Ýurduň ýaşaýjylarynyň gözleriniň öňünde täze awtomobil estakadalary, belent ymaratlar, teatrlar, konsert zallary, ministrlikleriň, ýaşaýyş we sport kompleksleriniň binalary döredilýär. Şäheri wasp etmeklik – bu ony döredijileriň, goraýjylaryň, rekonstruktorlaryň öňünde baş egmeklikdir. Bag-bakjaly şäheriň üçünji gezek dogulmagy – Türkmenistanyň halkynyň mynasyp zähmetiniň netijesidir. Öz halkyna buýsanjyň netijesi hökmünde “Aşgabat” diýen oda döreýär.

Aýdyň dinamiki eser yzygiderli çalşyp durýan hor epizodlary bilen erkin kompozisiýada düzülipdir. Baglaşdyryjy arkanyň roluny bir bitewi tematik materiala esaslanan eseriň girişi we kodasy oýnaýarlar. Bagşyçylyk däpleri bilen kybap gelýän oda kulminasiýa (şirwan) bölümden başlanýar. Ýokary tessiturada ýaňlanýan hor özünde *divisi* usulda gelýän soprano we tenor

[15] Михайлов М.К. Стиль в музыке. – Л., 1981.

seslerini, şeýle hem simfonik orkestr bilen gabatlaşýan güýçli akkordlary özünde jemleýär.

Tersiýa we kwarta gurluşly bolan garmonik jümleler saza aýratyn emosional täsirliligi siňdirýärler. Akkordlaryň kwarta boýunça düzümi heň-fakturaly alamat bolup, saza millilik häsiýetini goşýan bolsa, tersiýa boýunça gurluşlar sazlaşygyň konsonantlygyny (üýtgemezligini) aýdyňlaşdyrýarlar. Frigiý *fis-moll*'da tonikalyk esaslygyň öwrüliş usulda alynmagy temanyň baş intonasiýasy bolup hyzmat edýär. Tonikanyň her ulanylyşy metriki sinkopa bilen gabat gelýär. Başlangyç intonasiýasynyň wariant görnüşlerini ösdürmekde onuň täsirini has hem güýçlendirmek üçin, kompozitor tonal durnuklylygy hökmünde garmonik *fis-moll*'y berkidýär. Bu ýöne ýerden däldir, sebäbi birinji epizod *h-moll*'da geçensoň, onuň öňki girişi dominantaly taýýarlanma hökmünde özleşdirilýär.

Giriş we birinji epizod arasyndaky gapma-garşylyk tematizm, faktura, tessitura we dinamik derejelerde beýan edilýär. Bölüm tenor we baslaryň dueti bilen başlanýar, soňra olara alt sesleri hem goşulýar. Olaryň ýaňlanyşy başlangyç äheňde orkestriň sada goldamagynda geçýär. Köpsesli garmonik toplumlaryň ýerine, ritmiki sazlaşykda sinkopa ritmli çalt hereketli melodeklamasiýa emele gelýär. Birinji we ikinji epizodlaryň arasyna *h-moll* bölüminiň tematiki materialyny ösdürýän instrumental interlýudiýa girizilýär. Odanyň stil häsiýetini saklaýan ikinji epizod marşyň girizilmegi bilen žanr taýdan gapma-garşylygy döredýär. Bu bölümde girişiň lady ulanylýar – *fis-moll*, birinji epizoddan bolsa tematizmiň melodeklamasiýa esaslylygy peýdalanylýar. Solistler hökmünde baslary we tenorlary saýlap almagy bilen, kompozitor sazyň umumy ýaňlanyşyna edermen, merdana häsiýetleri goşýar.

Indiki gelýän *A-dur* epizodyna paýtagtyň asmanyndaky Gün hökmünde düşünilýär. Ähli sesleriň gatnaşmagyna garamazdan, olaryň ýaňlanyşy kamera häsiýetlidir. Melodik taýdan bu ýerde tonika esaslylyk saklanylýar, ritmiki taýdan – punktirli ritm. Orkestr interlýudiýasy ösüşi täze, kulminasiýanyň öňünde gelýän bölüme ýetirýär. Ol anyk garmoniki dikligine gaýdyp gelip, seýrek gelýän tonal çalşygy bilen tapawutlanýar – *gis-moll*. Käbir ýagdaýlarda sesleriň *divisi* usuly ulanylýar. Ilkinji epizodlar bilen tapawutlylykda, bu ýerde faktura we intonasiýalar giňden ösdürilýär. Başda garmonik usulda geçirilen temasyny indi onuň imitasiýa ösüşli warianty çalyşýar. Epizodyň içindäki koda gönükdirilen dinamika güýçlendirilýär. Koda girişiň saz materialyna esaslanan. Baglanyşyk prinsipde onda diňe intonasiýa däl-de, şeýle hem tembr-faktura aýratynlyklary hem saklanylan. Kodada tema wariant hökmünde ösdürilip, tessituranyň iň belent seslerine ýetýär. Bu usul sazyň emosional we dramatik taýdan gyzyşmagyna getirýär. Şonuň bilen eseriň dabaralandyryş manysy doly berjaý edilýär.

R. Allaýarowyň oda žanryda ýazylan iki eseri deňeşdirip, kompozitoryň 1990-2000-nji ýyllarda diňe öz saz döredijiligi üçin däl-de, umumy türkmen kompozitorlarynyň hor sazlary üçin täze bolan, özboluşly ajaýyp intonasiýany tapandygyny aýtmak gerek. Saz heňiniň aýdyň lad-tonal kesgitliligi tematik durnuklylygyň intonasiýa taýdan sinkopirlemegi we hemişe ritm taýdan üýtgemegi sebäpli, bu intonasiýany R. Allaýarowyň dürli eserlerinde anyklamak bolýar.

Elbetde, türkmen kompozitorçylyk mekdebiniň ussat halypasynyň tejribesi häzirki döwürde has ýaş döwürdeşleriň ünsüni özüne çekýär. Wokal-simfonik oda žanryna Suhan Tüýliýew hem ýüz tutdy. Ol 2008-nji ýylda beýik Magtymgulynyň sözlerine “Türkmen binasy” atly eseri döretdi. Goşgynyň keşp

tarapy döredijilikli joşgundan doly[16]. Milletiň beýikligi ata-babalarymyzdan galan däp-dessurlaryň dowam etdirilmegine esaslanandyr.

"Türkmen binasy" atly oda birinji heňlerden başlap diňleýjileri we ýerine ýetirijileri özüniň täsirligi bilen baglaýar. Eseriň esasy özenini berýän okyjynyň girişini uly simfonik orkestriň güýçli glissandosy we tenoryň a'capella solosy dowam edýär. Okyjynyň erkin wokalizi minaralardan ýaňlanýan ozan hökmünde düşünilýär. Ol dinamik taýdan ösdürilen *allegronyň* esasyny düzýär. Horuň birinji girişmeginden, onuň intonasiýa we ritm taýdan çaltlaşdyrylan hereketlilik duýulýar. Dört taktyň dowamynda sekwensiýaly ösdürilen tema orkestrde äheňleriň üsti bilen baýlaşdyrylýar. Fakturanyň durulygyna garamazdan, partitura "doly ganly dem alýar". Sazyň garmonik öwüşgini özboluşly reňk çalyşma usuly döredýär (*B-dur – d-moll*).

Odanyň esasy temasy, onuň faktura taýdan beýan edilişi we ösüşi türkmen dutar sazlaryna mahsus bolan kompozisiýa we fon aýratynlyklaryny döredýär. Hor partiýalardaky seslerde kwarto-kwintaly gatnaşyklaryň agalyk etmegi, täze beýikliklere gönükdirilen temanyň ýokarlygyna tarap sekwensiýaly ösüşi, orkestr partituranyň tokkata fakturasy, häsiýetli äheňler hökmünde dutar sazlaryna mahsus bolan öwrümleriň ulanylyşy, lad esaslygy (frigiki "*g*") – ähli zatlar ritm taýdan berkidilen dinamiki ösüşe niýetlenen. Ritm ösüşiniň işjeňligi partituranyň keseliginde-de, dikliginde-de ýüze çykarylýar. Metrik aksentleriň deňligi täze bölümiň başlanmagyny äşgär edýär (zapew – pripew).

Pripewde kulminasiýanyň iň dartgynly pursady başlanýar. Ol dinamik, registrleýin we faktura serişdeleri bilen berkidilen. Sazyň beýik registri, hor we orkestr sesleriniň unison

[16] Abdyllaýew D. Magtymgulynyň metrikasyndaky halkylyk esaslar. // Изв. АН ТССР. Сер. обществ. наук – 1979, № 2, 15.

gatnaşyklary gurluşyň emosional täsirliligini güýçlendirýär. Koda – dramaturgik ösüşiniň belentligi bolup hyzmat edýär. Bu ýerde orkestriň bas sesleri sekwensiýaly ösdürilip, temany ulaldylan görnüşde geçirýärler. Oda hor sesleriniň iň ýokary dartgynlygynda, gujurly fortissimo dinamikada (*fff*) tamamlanýar.

Saz eseriň esasy aýratynlyklarynyň biri onuň lakonizmidir. Ol şygyr tekstleriniň manysynda, tematizmiň gysgalygynda, saz serişdeleriniň yhlaslylyk bilen saýlanmagynda ýüze çykýar. Halk sazandalarynyň sungatyndan ugur alyp, kompozitor hor fakturanyň birmeňzeşliginden, orkestr we hor partituralaryň gatnaşmagynda gyzykly wariantlaryň ýoklugyndan, garmonik meňzeşliginden we dramaturgik gowşaklygyndan üstün çykyp, ajaýyp, özboluşly eseri döredipdir.

Derňelen eserleriň mysalynda görşümiz ýaly, XX asyryň soňy XXI asyryň başy – keşp mazmunynyň çuňlaşmagynda, tematikasynyň giňelmeginde, täze žanrlaýyn çözgütleriniň ugrunda hyjuwly geçirilýän gözleglerniň wagtydyr[17]. Žanrlaýyn kantata zowwamlaýyn ösüşli giňişleýin eserlere orun berýär. Poemlylyk, žanrlaýyn alamat hökmünde, ol hasam geçmişiň temalaryna we keşplerine öwrülen, döwrüň köp eserlerini häsiýetlendirýär. Muňa döwür üçin dürli žanrlaryň utgaşdyrylmak tendensiýasy hem mahsusdyr (poema-oda, poema-kantata). Häsiýetli alamatlaryň biri – keşp taýdan çuňňur milli sungaty döretmek bilen çäklenmän, häzirki zamana laýyk gelýän şekillendiriş serişdeleri döretmekden hem ybarat. Şonuň bilen bilelikde, heniz çözülmän galan meseleler hem kän, olaryň iň esasysy hor bilen orkestriň gatnaşygy. Bu nukdaýnazardan türkmen wokal-simfonik sazlary özüne dykgatly garaýşy we täze çözgütleriň gözleglerini talap edýär.

[17] Орджоникидзе Г. Некоторые характерные особенности национального стиля в музыке. – Л., 1985, 102.

## Türkmen kompozitorlarynyň operalarynda horlaryň ähmiýeti

Türkmenistanda hor saz sungatynyň emele gelmegi milli operanyň döreýşi bilen baglylykda alnyp barylýan işleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. "Türkmen operasy" kitabynyň awtory, sazşynas F. Abukowa Türkmenistanda dörän opera žanrynyň sýužetlerini dessanlaryň esasynda döredilen, taryhy-gahrymançylykly we häzirki döwrüň tematikasy düzýär diýip kesgitleýär[18]. Her bir kesgitlenen žanrda hor epizodlaryň ähmiýetini ýüze çykarmaga synanyşalyň. D. Öwezowyň we Ý. Meýtusyň "Leýli we Mejnun" operasy Nurmuhammet Andalybyň dessany esasynda döredilipdir (G. Burunowyň librettosyna). Bu dessan köne düşünjeler zerarly aýralyga düşen aşyklar baradaky rowaýatdyr. Döredilýän kynçylyklara garamazdan, olaryň söýgi duýgulary gowşamaýar; aýralyga düşmekden olar ölümi saýlap alýarlar. Librettoçy originalyň sýužetine we onuň ideýa-tematik esaslylygyna uly seresaplylyk bilen çemeleşýärler; opera dramaturgiýasynyň talaplaryna eýerip, öz eserinde has degerli epizodlary saýlap alýar.

Opera dört sany hereketden ybarat. D. Öwezow we Ý. Meýtus eseriň yzygiderli ýaýbaňlandyrylýan sazyna ussatlyk bilen hor nomerleri girizýärler. Köpçülikleýin sahnalara ýüzlenip, kompozitorlar dürli saz serişdeleriniň üsti bilen gerekli gahrymanyň keşbini we höküm sürýän atmosferasyny döredýärler. Şeýlelik bilen, horlaryň birinde Mekke suratlandyrylýar; birinji ýagdaýda zyýaratçylar namaza çagyrylýar (galandarlaryň hory, zyýaratçylaryň hory), ikinjide ondan-oňa aýlanyp ýören. Garyşykly horlar operada kän däl, olara diňe I aktyň soňunda,

[18] Абукова Ф. Туркменская опера: пути формирования. Жанровая типология. – А., 1987, 19.

II aktda we IV aktyň finalynda, III aktyň gozgalaňçylaryň horunda duş gelmek bolýar. Horlarda kompozitorlar ýönekeý iki ýa-da üç bölümli gurluşlary we kuplet formalary giňden ulanýarlar.

Operanyň I aktynda üç sany hor gatnaşýar: uly bolmadyk gojalaryň hory, gyzlaryň hory we finalda geçýän garyşyk hory. Gojalaryň "Biz ýaşuly kethuda hemmelerimiz baralyň" diýen horunda Mejnunyň kakasy bilen ansamblda ýaňlanýan alty sany erkegiň sesi gatnaşýar. Gojalar Mejnunyň kakasyna gudaçylyk kömegini hödürleýärler. Hor *e-moll* tonalnostda, garyşyk ölçegde (6/4, 2/4) ýazylypdyr. Horuň iki sesli beýan edilişi, esasan, dutaryň owazyny ýatladýan sesleriň kwarta-kwintaly gatnaşyklary bilen üpjün edilen:



Tenoryň partiýasy diapazon boýunça uly bolmadyk melodiýany geçirýär, şol wagtyň özünde bas sesler goltgy roluny oýnaýarlar. Aýdyň duýulýan reçitatiwlik (her bogna bir nota gabat gelýär) horuň degşirme funksiýasyny ýüze çykarýar. Orkestr horuň partiýasyna doly tabyn edýär. Esasy heň oktawa ses aralykda dublirlenýär. Indiki hor nomer bolan I aktyň gyzlar hory (aýallar düzümi) kuplet formada ýazylan. Leýliniň jorasy Maral, Leýlini geljekki toý bilen gutlamak üçin gyzlar bilen gelýär. Gyzlar gelen gudalar barada, garaşylýan Leýli bilen Mejnunyň toýy barada gürrüň edýärler. Maralyň “Sawçy geldi öýüňize” solosy hora giriş bolup durýar, onuň soňunda “Seni Kaýsa bererler” diýen sözlerinde aýdyma ähli gyzlar hem goşulýarlar. Hor *g-moll* tonalnostda, 6/8 ölçegde ýaňlanýar. Birinji kupletde heň, wokal sazynyň monodik häsiýetini görkezip, bir sesli bolup gidýär. Bu ýerde deklamasiýa häsiýetli melodiýa kwintanyň çäginden çykmaýar.

Ikinji kupletde sesler ikä bölünýär. Sözlerden öň gelýän, birnäçe taktyň dowamynda “heý” bogna ýaňlanýan ses kompozitorlaryň bagşyçylyk sungatyndan iň ýörgünli bolan usulyndan peýdalanandyklary barada habar berýär:






Iki sesli hor ses diapazonynyň has belent tessiturasyny eýeleýär. Soprano partiýada geçilýän heň öňündäki kupletlerde bolmadyk nona interwalynyň çäklerine ýetilýär ($g^1$-$a^2$). Orkestrde kwarta-kwintaly akkordlaryň ulanmagy bilen, heňiň dublirlemesi hem duş gelýär. Orkestriň dykyz fakturasy, ýokary çyrmaşyp, *f* dinamikada, iň beýik sesde saklanýan melodik hereketi sazyň kulminasiýa ýetendigini alamatlandyrýar; ondan soň ýaňlanyş duýdansyz *pp* derejesine peselýär-de, Maralyň gatnaşmagy bilen, birinji kupletiň materialy gaýtalanýar. Horuň gurluşyny şu shema bilen görkezip bolar:

| | I | | II | | | | III |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Giriş | 1 bent 2 bent | + | 3 bent 4 bent | + | gyzlar tansy | + | 5 bent 6 bent |
| | A | | B | | $A_1$ | | |

I we II bölümleri reprizadan bölýän gyzlaryň tansyndan ötri, horuň gurluşyny girişli çylşyrymly üç bölümli forma diýip kesgitleseň bolar. Repriza hor sahnasynyň I bölümini täze tekst bilen tutuşlygyna gaýtalaýar, indi oňa Maralyň solosy hem goşulýar. Şeýlelikde, diňe derňelen horuň mysalynda eýýäm Ý. Meýtusyň we D. Öwezowyň hor ýazuwynyň aýratynlyklaryny ýüze çykarmak mümkin. Iň esasy bellemeli zat, kompozitorlar halk ýerine ýetirilişiniň häsiýetini saklamagy maksat edinýärler. Birsesli wokal gurluşlara esaslanyp, olar oňa instrumental, hususan-da, dutar sazlarynyň alamatlaryny siňdirýärler. Bu

aýratynlyk kompozitorlaryň kwarta-kwinta gatnaşykda bolan, däp bolup gelýän ikiseslilieginiň ulanylmagynda aýdyň duýulýar.

I aktyň soňunda Mejnunyň, onuň atasynyň, Leýliniň we onuň ene-atasynyň gatnaşmagyndaky ansamblda birinji gezek garyşyk hor girizilýär. Bu operanyň dartgynly derejeleriniň biridir. Kompozitorlar sazda dartgynlylygyň güýçli ösüşini görkezýärler. Bu ýerde gahar-gazap we agy intonasiýalary bar. Tenorlar *pp*-da, “e” sesde, baslaryň ritmik ostinatonyň fonunda, Kaýsyň gaýgysy barada gürrüň berýän horuň esasy heňini geçirýärler (“Aşyklaryň ýoluna düşýärler perde”). Soňra goşulan aýallaryň hory tenorlaryň sazyny dowam edýärler:




Operanyň II aktynda köpçülikleýin sahnalar agdyklyk edýär; hor nomerleri ansambllar we duetler bilen gezekleşip gelýär. Mekkedäki daň atmazynyň öň ýanyndaky dumany suratlandyrýan uly bolmadyk orkestriň girişinden soň, “Ýaw ilähä sen kutar

bizni kuraklikdan bu gün” diýen zyýaratçylaryň hory başlanýar. Bas sesleriň ýerine ýetirilmegindäki deklamasiýa häsiýetli heňiň fonunda, tenor (solo) owazly görnüşde, çagyryşy ýada salýan, öz partiýasyny aýdýar:




Horuň indiki nomeri – günäni ötmegini ýalbaryp Hudaýa ýüzlenýän aýallaryň hory. Ol reçitatiw häsiýetlidir. Hor iki gezek gaýtalanan period (12 takt) formasynda ýazylan. Ol *C-dur* tonalnostda, 2/4 ölçegde ýazylan. Horuň esasy heňi sopranolara tabşyrylan. Öňki horlarda bolşy ýaly, sazyň diapazony uly däl. Sesler, köplenç, kwarto-kwinta gatnaşykda ýerleşdirilen. Ýöne welin, orkestriň partiýasy bu ýerde diňe goltgy wezipesi bilen çäklenmän, horuň düzümine kontrapunkt döredip hem hyzmat edýär. Öňki horlar bilen tapawutlylykda, aýallar we erkekler düzümindäki horlar gomofon-garmonik skladda düzülen.

Kompozitorlar, umuman, dört seslilige esaslanyp, aram-aram sazyň ösüşine bir we iki sesli düzümleri hem goşýarlar. Namaz okaýanlar, *ppp* dinamikada Hudaýa günälerini ötmegini ýalbaryp dileg edýärler. Hor garmonik *c-moll*-da, kuplet formada ýazylan (3/4, *Andante con moto*). Intonasiýa taýdan aýal zyýaratçylaryň horuna ýakyn bolan esasy heň soprano seslerde geçirilýär, käbir ýagdaýda esasy orun tenorlara berilýär. Iki kuplet bilen pripewi,

unison usulda, *p* dinamikada üç sesde ýaňlanýan (alt, tenor, bas) saz materialy birleşdirýär.

Pripewiň özi hem unisondan başlap, soňra gomofon-garmonik düzgüne geçýär. I bölümdäki gyzlaryň horunda bolşy ýaly, bu ýerde hem kupletiň gaýtalanmagy birnäçe ansambl nomerlerden geçýär. Pripew adybir tonalnosta gönükdirilen modulýasiýa bilen tamamlanýar, şol derejeden galandarlaryň hory hem başlanýar.

Galandarlaryň hory – bu sahnada ikinji hor. Bu ýerde diňe erkekleriň düzümi gatnaşýar. Horuň ösüşi haýal depginde, 4/4 ölçegde, *markato* usulda ýaýbaňlandyrylýar. Birsesde beýan edilip, horuň sesleri sekizlikleriň hereketinde (*f*) namazyň sözlerini skandirleýärler:




Ansambl gurluşly nomerleri goýberip, horlaryň yzygiderliligini shema görnüşde şeýdip görkezip bolar:

| aýallar hory | garyşyk hor | galandarlaryň hory | garyşyk hor |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| A | $A_1$ | B | $A_2$ |

III we IV aktlardaky hor sahnalarynyň derňewinde doly durman, umuman, hor sahnalarynyň operada uly orun

tutýandyklaryny belläp geçeli. Hor nomerlere kompozitorlar her aktda ýüzlenýärler:

I aktda üç sany hor jemlenen (uly bolmadyk gojalaryň hory, gyzlaryň hory we finaldaky garyşyk hory);

II aktyň horlary dürli düzgünde döredilen (aýallaryň hory, erkekleriň hory we garyşyk düzümindäki hor);

III akt uly hor sahnany emele getirýär;

IV akt gyzlaryň horuny, talaňçylaryň horuny we soňlaýjy a’capella horuny özünde jemleýär.

Kompozitorlar horlaryň dürli düzüminden peýdalanýarlar – garyşyk we doly däl horlar (aýallaryň we erkekleriň seslerinden düzülen). Garyşyk horlar operada seýrek duş gelýär – I aktyň soňunda, II aktda we IV aktyň finalynda. Eserde baslary we tenor-solosyny özünde jemleýän hor nomeri hem bar (II akt). Horlarda kompozitorlar bir, iki we köpseslilik beýan edilişden giňden peýdalanýarlar. Iki sesli beýan ediliş agalyk edýär. Ý. Meýtus we D. Öwezow hor ýerine ýetiriliş ýaly ýewropa žanrynda milli döredijiligi bilen baglanyşygyny ýitirmeýärler. Köpsesli hor fakturasyna olar türkmen wokal sazyna mahsus bolan birsesliligiň aýratynlyklaryny goşýarlar. Bu alamat I aktyň gyzlar horunda, II aktyň galandarlarynyň horunda, IV aktyň gyzlar horunda hem ýüze çykýar. Şonuň bilen bilelikde, kompozitorlar sesleriň kwarta-kwintaly gatnaşyklarynda ýüze çykýan dutar sazynyň ikiseslilik beýan edilişe hem daýanýarlar. Mysal hökmünde I aktdan gyzlar horuny, II aktdan gojalaryň we aýallar horlaryny, I aktdan garyşyk horuny, II aktdan gyzlaryň horuny getirmek bolar.

Hor nomerlerde Ý. Meýtus we D. Öwezow türkmen bagşy-sazandalarynyň ýerine ýetirijilik usullaryndan hem giňden

peýdalanýarlar[19]. Hor nomerleriň ählisinde, halk aýdymlarynda bolşy ýaly, şygyr tekstiň öňünden birnäçe taktyň dowamynda “Heý!” we “A” bogunlarynda ýaňlanýan owazlanmagyna duş gelmek bolýar. Bilşimiz ýaly, bu usuly bagşylar tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekmek üçin ulanýarlar.

Operadaky hor sahnalarynda kompozitorlar türkmen halk sazynyň aýratynlyklaryndan ugur alýardylar. Hor fakturany köpseslilik bilen doldurman, olar türkmen monodiýasynyň heň, ritmik we lad-garmonik aýratynlyklaryndan organik ýagdaýda ulanypdyrlar. Hor nomerleriniň gurluşy dürli-dürlüdir. Köplenç, olar ýönekeý formalarda ýazylýar. Şeýlelik bilen, kuplet gurluşda I we IV aktlardaky gyzlaryň horlary, ýönekeý formada – birinji gyzlaryň hory we IV aktdan gozgalaňçylaryň hory ýazylypdyr. II aktyň garyşyk hory hem kuplet formada ýazylypdyr. II aktyň aýallar hory we IV aktyň a’capella horlary bolsa period formada düzülendir.

Şeýlelikde, kompozitorlar Ý. Meýtus we D. Öwezow, umuman, operada we aýratyn hor sahnalarda günbatar-ýewropa sazynyň däplerini türkmen milli medeniýeti bilen organik taýdan utgaşdyrdylar.

Dessan sýužetli operalarda hor, köplenç, düşündiriş wezipäni ýerine ýetirýän bolsa, taryhy dramalarda ol baş gahrymanyň – halkyň – keşbini suratlandyrýar. N. Muhadowyň “Keýmir Kör” operasy oňa aýdyň mysal bolup biler. “Keýmir Kör” operasy 1977-nji ýylda G. Burunowyň we B. Amanowyň adybir dramasynyň esasynda döredilipdir. Drama 1941-1945 ý. urşunyň öň ýanynda döredilip, geçilýän hadysalaryň beýany bolup durýardy. Operanyň üstünde işlän döwründe, librettoçylar B. Amanow we A. Haýydow bar ünsüni esasy zada – gahrymanyň

[19] Гуллыев Ш. Махтумкули и искусство туркменских бахши. // Махтумкули и туркменское искусство. – Ашхабад: Туркменистан, 198, 64.

halk bähbidi üçin tutýan göreşi baradaky pikirine berdiler. Eseriň mazmuny esasy sýužet bilen çäklendirilip, awtorlar gatnaşýan gahrymanlaryň sanyny azaltdylar.

Opera XVIII asyryň birinji ýarymynda Türkmenistanyň sebitlerinde bolup geçen hakyky taryhy wakalara esaslanan[20]. Keýmir Körüň özi barada saklanan maglumatlar kän däl. “Kör” diýen lakamy oňa çagalyk ýyllarynda, haçan-da ol gözüni ýaralandan soň dakyldy. Teke handan soň halk Keýmir Köri öz häkimi hökmünde saýlap aldy.

Keýmir Körüň ölen ýyly belli däl. Käbir çeşmelerde onuň dünýäden öten ýyly 1741-42-nji ýyllar diýip berilýär. Başga maglumatlara görä, ol 1800-nji ýylda aradan çykypdyr. Keýmir Körüň arkadaşlary duşmanlar türkmenleriň üstüne çozmazlar diýip umyt edip, onuň ölendigi baradaky delili jan çekip ýaşyran bolmaga çemeli. Keýmir Kör Serdar (öňki Gyzylarbat) şäheriniň ýakynynda jaýlanypdyr diýip hasaplanylýar.

“Keýmir Kör” operasynyň dramaturgiýasy žanryň kanunlaryna laýyk gelýär. Birinji hereketde türkmenleriň we dramanyň başlangyjy berilýär; ikinji hereketde ol ösdürilýär; üçünjide dramanyň kulminasiýasy we çözülişi ýerleşýär. Her hereket hem özünde başlangyjy, kulminasiýany we çözülişi jemleýän dramaturgik usulda ösdürilýär. Mysal üçin, birinji hereketde dramanyň başlangyjy – keseki ýurtlylaryň çozuşy; ösüş we kulminasiýa – halk betbagtçylygyň sahnasynda we Keýmir Körüň gelmeginde jemlenen; çözüliş pursady – halkyň göreşi dowam etmek baradaky kasamynda ýüze çykýar. II hereket hem şoňa meňzeş: Keýmir Körüň Nedir şa bilen duşuşygy; III hereket: Näzik bilen Nedir şanyň toýuna taýýarlygy; Näzigi ogurlamak üçin Aba serdaryň gelmegi; çöldäki söweş, tüweleý; keseki goşunlarynyň gitmegi, halkyň şatlygy.

[20] Бедросов Г. Музыка Советского Туркменистана. – А., 1943, 81.

Operada hereketleriň arasyndaky dramaturgik arkalar anyk duýulýar: I we III hereketlerde toý dessury we söweş sahnasy ýerleşdirilen, ikinjide diňe söweş sahnasy bar. I we III hereketlerdäki sahnalaryň yzygiderlilik tertibi meňzeş, birinjide olar biri-birine arasyny üzülmän geçýärler, üçünjide sahnalaryň arasynda Näzigiň ogurlamasy we Keýmir Körüň ariýasy hem ýerleşdirilen.

Türkmen kompozitorlarynyň başga, köplenç, aýdyma esaslanýan operalar bilen deňeşdireniňde, "Keýmir Kör" operasynda esasy orun deklamatik başlangyç tutýar. Intonirlemäniň bu usuly saz ösüşiniň esasy alamatlarynyň biridir. Operanyň ideýa manysyny açmakda, dramaturgiýanyň taryhy görnüşlerine laýyk gelýän horuň ähmiýeti aýratyn nygtalan. M. Musorgskiniň däplerini dowam edip[21], awtor hor köpçüliginiň ýokary derejeli gatlaklara bölünmegini hödürleýär. N. Muhadow öz eserine göwrümi boýunça deň bolmadyk iki sany gapma-garşylykly bolan hor toparlary girizýär. Olardan kiçisi düşündiriş ýa-da arassa sahnaly funksiýany ýerine ýetirýärler. Halkyň keşbini suratlandyrýan ikinji topar kompozitor tarapyndan ösüş görnüşinde berlen, bu ýagdaý gatnaşýan gahrymanlaryň keşp mazmunlarynyň raýatçylyk ewolýusiýasyny yzarlamaga mümkinçilik döredýär. Şunuň ýaly usul operada diňe hor köpçüligine degişli bolup ulanylýar, galan gahrymanlar, Keýmir Körüň özi-de, saz-dramaturgik ösüşe duçar bolmaýandygyny bellemeli. Halk we gahryman keşpleriniň baglanyşygy täze ösüş mümkinçiliklerini döredýär: Keýmir Körüň intonasiýalaryndan halkyň häsiýeti gurnalýar, her täze dereje onuň ösüşinde nobatdaky hil böküşleri ýüze çykarýar.

---

[21] Ручьевская Е. Хованщина Мусоргского как художественный феномен. К проблеме поэтики жанра. – СПб: Композитор, 2010, 302.

Keýmir Köre mahsus bolan deklamasiýalylyk, başga personažlara täsir edilmegi bilen, horuň partiýalarynda hem ornaşdyrylýar. Baş gahrymanyň gatnaşmagynda ýaňlanýan horlar batyrgaýlyk, marş häsiýetine eýe bolýarlar. Keýmir Körüň saz häsiýetiniň aýratynlyklary bilen bilelikde, sazda deklamasiýa we marş häsiýetlilik birleşdirilýär. Sebäbi halk bilen gahrymanyň keşpleýin ulgamlary hem utgaşdyrylýar. Duşman bilen söweşýän halkyň intonasiýalary Keýmir Körüň aýtmalaryny marş alamatlary bilen üpjün edýär, sebäbi marş bu ýagdaýa iň ýakyn bolan žanrlaryň biri. Keýmir Körüň intonasiýalary bolsa, öz nobatynda, horuň sazyna girizilip, pikirleriň umumylygyny äşgär edýärler.

Operada gutarnykly görnüşde ýazylan nomerlerden dördüsi bar: operany açýan toý hory, final hory we III hereketden iki sany gyzlaryň hory. Olardan birinjisi üçin (toý hory) reçitatiwlilik häsiýetli; final hory häsiýeti we melodikanyň gurluşy boýunça dabaraly gimnlere ýakyn; gyzlar horlaryň tematizmi bolsa halk aýdym sungatyndan gelip çykýandyr. Toý hory özünde reçitatiw we aýdym häsiýetli başlangyçlary jemleýär. Birinjisi, esasan, gyradaky bölümler üçin mahsus (hor – wariantlaýyn çylşyrymly üç bölümli formada ýazylan); ortaky bölüm bolsa başda aýallar toparynyň ýerine ýetirilmeginde ýaňlanýan, özüniň çeýe melodiki ugry hem-de köpsanly bogunlaýyn, tersiýa çäginden çykmaýan ownuk owazlary bilen, halk aýdymyny ýatladýar:

Gyradaky bölümlerde reçitatiwlik häsiýeti sözleriň bir sesde, çalt depginde we ownuk notalaryň üsti bilen ýaňlanmagynda ýüze çykýar. Goşa hor toparlarynyň (soprano-tenorlar we altlar-baslar) unison usulynda, köp sesde, iki *ff*-de ýerine ýetirilen melodika skandirlemek alamatlaryny özüne çekýär. Temanyň şunuň ýaly gurluşy, onuň reçitatiw sklady gadymy toý aýdymlary bilen baglanyşygyny ýüze çykarýar. Sazyň skandirleme

häsiýeti aksentli aýdylýan, köp gaýtalanýan “Heý” bogny bilen güýçlendirilýär.

Halkyň azat ediji gahrymanynyň keşbini suratlandyrýan Keýmir Körüň erkin deklamasiýasy onuň leýtritmi bilen bilelikde özboluşly stil toplumyny döredýärler. Bu intonasiýa toplumynyň elementlerine ähli sahnalarda duş gelmek bolýar, orkestriň sazyndan olar gahrymanlaryň sololaryna we horuň aýtmalaryna hem geçýärler. Bu baglanyşyk Keýmir Körüň kasam berýän sahnasynda has aýdyň duýulýar. Bu ýerde deklamasiýa we marş häsiýetlilik, başga intonasiýa usullarynyň gelmezden ozal, sahnanyň edil başyndan ýüze çykýar (bu sahnanyň öň ýanynda gelen epizodda horda we baş gahrymanyň partiýasynda labyzly, ariozaly başlangyç agdyklyk edýär).

Horuň girizilmegi Kasam berilýän sahnasyny ikä bölüp, onuň birinji, solo bölüminde marşyň alamatlaryny güýçlendirýär. Hor we solo bölümleriniň tapawudy ritmde anyk kesgitlenilýär – horuň girişinde ölçegleriň çalşygy ýitýär, sekizlikleri ulanýan deň ritmiki gurluşlar emele gelýärler. Birinji we ikinji bölümleriň melodik hereketleri, umuman, biri-birine ýakyndyr. Hor bilen başga personažlaryň partiýalarynda dörän gatnaşyklar aýdyň akkord dikligini emele getirip, II hereketindäki finalyň optimistik häsiýetini güýçlendirýär. Halk, aslyýetinde, operanyň dowamynda ösüş görnüşde bolan ýeke-täk “gahrymandyr”. Aňsatlyk bilen onuň, öçgünlikden we goragsyzlykdan, öz güýjüne yzygiderli berkidilýän ynama getirýän ewolýusiýasyny yzarlamak bolar. Keýmir Körüň intonasiýalary ýuwaş-ýuwaşdan horuň tematizmine hem geçip ugraýar. Şeýlelikde, hordaky deklamasiýa başlangyjy sahnalarda baş gahrymanyň barlygy bilen gös-göni baglydyr.

“Keýmir Kör” operasynda dört sany gutarnykly hor nomeri bar, olardan aýdym-ariozoly usul diňe III hereketdäki gyzlaryň toý horlarynda aýdyň beýan edilen. Bu ýerde edebi tekstiň

mazmunynda liriki başlangyç ýüze çykýar. Olaryň sazynda meňzeş bolan alamatlar köp, şonuň üçin biz bu ýerde diňe birniň derňewini getirmegi makul bildik. III hereketi açýan gyzlaryň hory kuplet formada ýazylan, oňa owadan, kiçi melizm bezeglerden doly tema tans hasiýetlidir. Hor, köplenç, halk seslenişe meňzeş iki seslilikde ýanlanýar, üçseslilik az duş gelýär. Heňiň yzygiderli hereketi I we V basgançaklara ýykgyn edýär. Pripewde heňiň häsiýeti üýtgemeýär, emma onuň beýan edilişi täzelenýär – tema iki sesli kanon görnüşde hem täze tonalnosta sowulma arkaly ýaňlanýar.

Şeýlelikde, operada esasy orny köpçülikleýin hor sahnalary tutýar. Hor gurluşlar diňe bir labyzly nomerler bolman, eýsem, eserde uly dramaturgik funksiýany eýeleýärler: olar konfliktiň ösüşine gatnaşyp, düşündiriş wezipesini ýerine ýetirýärler, şeýle hem oýnuň dowamynda üýtgäp durýan halkyň duýgularyny beýan edýärler. Birinji hereketi açýan halkyň toý hory, III hereketdäki toý we gyzlaryň jemleýji horlary, solistler we hor partiýalaryň goşulmagynda ýaňlanýan çastuşkalar ýaly žanrly hor sahnalar eserlere aýratyn öwüşginlik berýärler.

Häzirki zaman sýužetlerine esaslanýan operalarda horuň aýratyn ähmiýeti bar. Mysal hökmünde W. Muhadowyň “Ganly saka” operasyny derňäp göreliň. Operada halky häsiýetlendirýän hor oýnuň hereketinde uly orun tutýar. Birinji gezek hor düzüminiň goşulmagy Prologda (Girişde) başlanýar: onda erkekleriň hory (ilki baslar, soňra tenorlar we baslar) ýumuk agyz bilen aýdym aýdýar, soňra wokaliz ýaňlanýar. Sesleriň partiýalary agylary ýada salýan “iňildi” häsiýetli sekundaly intonasiýalara esaslanan. Minorly lad (*d-moll*), haýal temp (*Largo*), erkekler sesleriniň peseldilen dinamikasy (*p-mp-mf*) girişe gaýgyly, matam häsiýetini berýär.

I hereketi açýan garyşyk alty ses düzgünli halkyň uly hory eserde wajyp dramaturgik ähmiýeti eýeleýär. Dokuz taktly orkestrleýin riturnelden soň, 53 taktyň dowamynda molla çykyş edýär, ondan soň gysgaldylan we üýtgedilen görnüşde hor gaýtalanýar. Şeýdip, horuň gaýtalanmagy dramadaky başlangyjyň esasy pursadyny gurşap alýar. Horuň tematik materialyna kompozitor epilogda (finalda) gaýdyp gelýär. Netijede, opera, F.Abukowanyň aýtmagyna görä, arhitektoniki taýdan kadaly düzgüne we gutarnyklylyga eýe bolýar.

Hereketiň indiki ösüşinde horuň partiýasy Çaryýaryň reçitatiwine we ariýasyna goltgy berýär. Bu nomerlerde horuň düzümi Baýly baýyň tarapdarlaryna (tenorlar we baslar) we Çaryýary goldaýan daýhanlara (horuň doly düzümi: soprano (I-II), altler (I-II), tenorlar (I-II), baslar (I-II)) bölünýär. Çaryýaryň ariýasynda hor, pripew bolup hyzmat edýän solistiň 4 taktly "Baýlyk işi, baýlaryň işi" diýen jümläni dowam edýär. Baýly baýyň kupletleri hem horuň pripewi bilen jemlenýär. Bu ýerde kompozitor ýene-de Baýly baýyň tarapdarlaryny suratlandyrýan erkekleriň horuny (tenorlar we baslar) ulanýar.

I hereketde horuň gaýtadan girizilmegi Nepesiň sahnasynda we reçitatiwinde emele gelýär; horda ilki erkekleriň düzüminde, soňra aýallaryň sesleri bilen alyp göterilen "suwy deňle, suwy deňle" diýen halkyň haýyşy geçirilýär. Çaryýaryň "Gahrymançylykly aýdymynyň" koda bölümi giňişleýin täsirli hor sahnasy görnüşde beýan edilen. Gahrymanyň ariýasyna hory goşup, kompozitor halk bilen gahrymanyň birleşmegini tassyklaýar.

II hereket üç sany gapma-garşylykly bölümlerden ybarat (Baýlynyň monology, Çaryýaryň ariýasy we Baýly bilen Çaryýaryň göreş sahnasy)[22]. I hereket bilen deňeşdireniňde

[22] Гуревич В. Вели Мухатов: очерк жизни и творчества. – М., 1980, 104.

bu ýerde hor partiýasynyň göwrümi we bitirýän wezipesi beýle bir uly däl ýaly. Şonuň bilen bilelikde hor, replika ýa-da ýaýbaňlandyrylan hor epizody hökmünde drama hereketiniň ähli esasy pursatlaryna gatnaşýar.

Ilkinji gezek hor Baýly baýyň monologynda goşulýar: baýyň tarapdarlaryny suratlandyrýan erkekleriň hory, monology uly bolmadyk replikalar bilen goldaýar. Tenorlaryň we baslaryň partiýalary kwinta gatnaşykda we parallel hereketde düzülen. Baýly baýyň monologynyň yz ýanyndan gelýän jülgedäki sahnada (Çaryýar öz atasynyň gubruny gözleýär) kompozitor gurban bolanyň hatyrasyna ýaňlanýan agy hökmünde kabul edilýän giňişleýin hory ulanýar. Agy häsiýetde düzülen, özüniň akkord fakturasynda horuň ähli partiýalary jemlenen; bu hor "a" sese ýaňlanýan wokaliz bolup hyzmat edýär.

III hereketdäki horuň üçünji gezek girizilmegi uçursyz möhüm pursady beýan edýär: kompozitor hora sözsüz ("a" boguna) ýerine ýetirilýän sakanyň leýtmotiwini tabşyrýar. Horuň ýaňlanmagynda leýtmotiw optimistik häsiýete eýe bolýar. II hereketiň soňunda W. Muhadow ikeldilen hory girizýär: Çaryýaryň tarapdarlarynyň dört sesli hory we halky suratlandyrýan dört sesli erkekleriň hory. Bilelikde ýaňlanan pursadynda olaryň partiýalary biri-birine deň gelýär.

III hereketde hor işjeň görnüşde diňe aktyň soňunda gatnaşýar. Onuň başynda bolsa orun liriki epizodlara berilýär: Aýlaryň ariýasy, Aýlaryň we Çaryýaryň dueti, Aýlar, Çaryýar, Dursun we Nepes aganyň ansambly. Bu nomerlerde gahrymanlar adalatyň gözlegine Aşgabada gitmek netijesine gelýärler. Bu ýerde hor, ansamblyň ortasynda we soňunda "gyzyllar ýetimlere-de, olar howandar bize" diýen replikany aýdýar, bu usul bütin sahnany tematizm taýdan birleşdirýär. Ondan soň meýdana suwuň gelmegini suratlandyrýan we daýhanlaryň Töre

baý bilen dawalaşýan sahnasyny, hakykatdan hem, hor bölümi diýip atlandyrmak bolar. Bu ýerde esasy dramaturgik agram hora berlen.

Halkyň toýuny suratlandyrýan sahna halkyň täsirli çykyşyny görkezýän horuň ýaňlanmasy bilen başlanýar (horuň doly düzüminde alnan “Eý!” sesi iki taktyň dowamynda saklanylýar). Horuň düzümi – garyşyk sekiz seslidir. Sekiz seslilik her partiýada *divisi* usulynyň ulanmagy bilen gazanylýar:

S (I-II) + A (I-II) + T (I-II) + B (I-II)

Horuň partiturasy özünde ýönekeý we çylşyrymly ölçegleri jemleýär. Eseriň dowamynda saklanylýan güýçli dinamika, çalt depgin we mažor lad (*As-dur*) bilen bilelikde hora baýramçylykly, şadyýan häsiýet berýärler. Uly halk baýramçylygynyň dabaraly häsiýeti sahnanyň indiki horunda hem saklanylýar. Kompozitor bu nomeri “Baýramçylykly hor” diýip atlandyrýar. Ol garyşyk altysesli düzümi üçin ýazylan, soprano we tenorlaryň partiýalarynda *divisi* usuly ulanylýar (11-12 we 35-36 taktlarda). Hor düzüminden öň iki taktlyk giriş emele gelýär. *f*-de saklanýan durnukly dinamika, iki *ff*-de berlen orkestrleýin giriş horda beýan edilen uly toý-dabaranyň atmosferasyny döredýär.

III aktyň finalynda baýramçylykly hordan soň, Töre baý bilen daýhanlaryň çaknyşyk sahnasynda hor ýene-de Töre baýyň tarapdarlaryna (erkekleriň düzümi – tenorlar we baslar) we daýhanlara (horuň doly düzümi) bölünýär. Halkyň nälet ediş pursady “nälet bolsun” jümläni yzarlaýan erkekler we aýallar sesleriniň gezekleşip gelmegi bilen beýan edilen.

IV hereketde Töre baýyň çykyşynda ýene-de onuň tarapdarlaryny suratlandyrýan erkekler hory (tenorlar we baslar) öňe çykýar. Orkestrleýin epizodyň yz ýanyndan soň, tenorlar we baslar “Warşawýanka” atly rewolýusiýa aýdymy

ýerine ýetirýärler. Hor ilki *p*-da, soňra iki gezek gezekleşip *mf*-de we *f*-de ýaňlanýar. Bu dinamik usulyň ulanmagy bilen kompozitor gahrymana tarap golaýlaşýan we ondan daşlaşýan ýörişi suratlandyrýar.

Operany “Watanymyň ertiri” diýen monumental epilog jemleýär, onuň soňunda “Watanyma şöhrat bolsun!” diýen dabaraly we gimn häsiýetli hor ýaňlanýar. Hor sekiz sesli (ähli partiýalarda *divisi*) garyşyk düzümi üçin niýetlenen:

S (I-II) + A (I-II) + T (I-II) + B (I-II)

Hor gimn häsiýetini berkidýän güýçli dinamikada ýaňlanýar. Şeýlelikde, hor dramanyň wajyp pursatlarynda ulanylýar. Operany horuň gatnaşmagynda düzülen prolog we epilog gurşap alýar. Giňişleýin hor sahnalar I aktyň başynda we finalynda, II aktyň esasy sahnasynda we III aktyň finalynda bar. Horuň replikalary hem iň dartgynly pursatlarda ýagdaýyň dramatizmini güýçlendirmek maksady bilen herekete girizilýär.

Horuň partiýalary bagşyçylyk sungaty, dutar sazlarynyň halk melosy bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Horlaryň partituralarynda dutar sazlara mahsus bolan reçitatiw-deklamasiýa usulynda saklanylýan ownuk notalary, çalyşýan ölçegleri hem görmek bolar. Bagşylaryň wokal sungaty bilen baglanyşygyna halk ýerine ýetirijiligi üçin häsiýetli bolan reçitatiw-deklamasiýa usullary, kupletleriň başynda ýerleşýän “Heý!” diýip gygyrylýan başlangyçlar görkezýärler. Operanyň hor partiturasynda hor ýazuwynyň dürli ýerine ýetirijilik usullar jemlenen. Esas hökmünde kompozitor dört sany hor partiýalaryny (sopranolar + altlar + tenorlar + baslar) öz içine jemleýän klassyky hor fakturasynyň görnüşini saýlap alýar. Operanyň dowamynda W.Muhadow hor düzümini bölüşdirip kesgitleýär, ol doly

düzümli ýa-da aýratyn aýallar we erkekler horlary, şeýle hem garyşyk doly däl horlardan giňden peýdalanýar.

Kompozitor arassa tembrleriň täsirli ähmiýetini ol ýa-da beýleki solo partiýalarda ulanýar. Horlaryň köpüsi akkord görnüşli fakturada gurlan. Käbir horlarda akkord dikliginde polifonik beýan ediliş usullary hem utgaşdyrylýar. Köp ýagdaýda kompozitor hor partiturasyna *divisi* usulynyň girizilmegi bilen, umumy seslenişi alty we sekizseslilige ýetirýär. Partiýalaryň dublirleme usuly hem köp duş gelýär (S + T, A + B). Unisonda ýaňlanýan horlar hem az däl. Şonuň bilen bilelikde operanyň hor partiturasynda "a" bogna owazlanma, ýumuk agyz bilen aýdym aýtmak ýaly koloristik usullaryna hem duş gelmek bolýar. Umuman, türkmen saz teatrynyň taryhynda, türkmen opera sahnasynda goýlan ilkinji halk dramasy hökmünde "Ganly saka" operasynyň ähmiýeti çäksizdir.

Türkmen kompozitorlarynyň operalarynda horlaryň ähmiýeti barada gürrüň edilende, hor epizodlarynyň žanr we ýerine ýetirijilik düzümi taýdan dürli bolandygyny belläp geçmelidiris. Kompozitorlar birdüzgünli (gyzlaryň horlary) we garyşyk horlara köp ýüzlenýärler. Eseriň dramaturgiýasyndan ugur alyp, hor operada dürli wezipeleri ýerine ýetirýär:

– wakalary düşündiriş wezipesi;

– däp bilen baglanyşykly sahnalaryň ýerine ýetirijisi hökmünde;

– halkyň keşbini beýan edýän;

– saz-fonlaýyn goltgy hökmünde (orkestriň saz guraly bolup).

Horuň funksiýasy her aýratyn epizodda onuň saz-şekillendiriş serişdeleriniň görnüşlerini kesgitleýär. Umuman, derňewde türkmen kompozitorlarynyň hor döredijiliginiň ösüşini dowam edýän opera eserlerinde hor epizodlarynyň ulanylyşy

kesgitlenildi. Şeýlelikde, Türkmenistanyň kompozitorlarynyň döredijiliginde wokal-simfoniki žanrlaryň özgeriş häsiýetiniň derňewi şu aşakdaky netijeleri ýüze çykarýar:

1. wokal-simfoniki žanrlarynyň keşp düzgüni döwletiň taryhy ösüşi bilen baglanyşyklydyr;

2. eserleriň saz dramaturgiýasy epiki beýan edilişe tabyn edilýär. Dramaturgik özeninde köp ýagdaýlarda gapma-garşylykly başlangyçlar duýulýar, eserleriň kompozisiýasy olaryň ösmegine esaslanandyr.

3. Peýdalanylan žanra garamazdan, eserleriň ählisinde heňde, garmonik we faktura serişdeleriniň üsti bilen ýüze çykýan millilik äşgär duýulýar.

4. Eserleriň saz dilinde folklor žanrlaryň äheň düzgüni bilen bilelikde köpçülige niýetlenen demokratik aýdymlaryň alamatlary hem bar.

5. Eserleriň dramaturgik ösüşinde wokal başlangyçlaryň agalyk etmeginde orkestr epizodlaryň ähmiýeti hem uludyr. Bu ýagdaý uly göwrümli gurluşlarda has hem anyk ýüze çykýar. Kiçi göwrümli eserlerde orkestr keşp häsiýetlere emosional öwüşginleri goşýar.

Umuman, Türkmenistanyň kompozitorlarynyň döredijiliginde wokal-simfoniki žanrlaryň taryhy ösüş ýolunda bir umumylygy kesgitlemek bolýar, ýagny ol döwletiň taryhyndaky her wajyp wakalary täze wokal-simfoniki eserleriň döremegine itergi berýär. XX-XXI asyryň başlarynda möhüm wakalara baý bolan döwletiň taryhy kompozitorlaryň wokal-simfoniki žanrlaryň döremeginde esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär.

# III BAP. TÜRKMENISTANYŇ KOMPOZITORLARYNYŇ KAMERA HOR DÖREDIJILIGI

Sazşynaslyk edebiýatynda “kameralyk” düşünjesi birnäçe aýratynlyklaryny öz içine alýar: ýerine ýetirilişiň ýaňlanyş mümkinçiliklerini, ýerine ýetirijileriň kiçi toparyny, sýužet taýdan az hereketliligini we kompozisiýanyň birmeňzeşligini[23]. Stil we žanr taýdan agzalan eserler, köplenç ýagdaýlarda, dürli wokal we wokal-instrumental toparlary bilen ýerine ýetirilýän aýdymlardyr[24]. Dürli döwürlere degişli kompozitorlaryň eserlerini derňäniňde, awtorlaryň hususy stili bilen bilelikde, žanr ösüşiniň umumy tendensiýalary hem ýüze çykýar. Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde kamera sazlary iň köp döredilýän eserleriň biridir. Bu sazlary derňew üçin saýlap almakda biz, esasan, eserleriň ýerine ýetirijilik meşhurlygyndan ugur aldyk.

## Hor üçin täzeden işlenen türkmen halk aýdymlary

Türkmenistanda XX asyryň ilkinji onýyllyklarynda täze demokratik sungatyň döredilmegi kompozitorçylyk mekdebiniň wekilleriniň öňünde halka düşnükli bolan, şol bir wagtyň özünde hem dürli ruhy öwüşginli, täze medeni gurluşyň wezipelerini suratlandyrýan žanrlary we formalary tapmak ýaly jogapkärli wezipeler öňde goýulýar[25]. Hor üçin halk sazlarynyň

[23] Соломонова Т. Некоторые черты композиционных взаимосвязей текста и ритмики напева в узбекской народной песне. // Проблемы музыкальной культуры народов Узбекистана, Туркмении и Таджикистана. – М.: Музыка, 1972. с. 345-362.

[24] Скребков С. Художественные принципы музыкальных стилей. – М.: Музыка, 1973.

[25] История культуры Советского Туркменистана. – А., 1973.

gaýtadan işlenmegi kompozitorlaryň ilkinji nobatda ýüz tutan formalarynyň biri bolupdyr. Hut şu ýerde köpseslilik usulynyň kanunalaýyklyklaryna we onuň milli saz diliniň lad-melodiki özboluşlylygy bilen baglanyşygyna üns berlipdir, hut şu ýerde milli hor stiliniň esaslary goýlupdyr[26].

Hakyky dörediji üçin halk aýdymlarynyň täzeden işlenmegi hiç haçan esasy döredijiligiň ikinji derejeli şahasy hasaplanylmandyr. Halk we kompozitorlar tarapyndan döredilen sazlaryň biri-birlerini baýlaşdyrmak ýaly çylşyrymly wezipesinde, her bir milli saz usulynyň döremeginde halk aýdym-saz materiallarynyň täzeden işlenmelerine iň wajyp hyzmat degişlidir. Ýewropa we rus kompozitorlarynyň (M.A. Balakirew, N.A. Rimskiý-Korsakow, P.I. Çaýkowskiý, B. Bartok, Z. Kodaý, A. Leontowiç, G. Swiridow) gazananlaryny ýatlap geçeliň[27]. Olar diňe bir halk temalaryna eserleri döretmek bilen çäklenmän, eýsem, halk aýdymlaryny taplamak we tertibe salmak işleri bilen hem meşgul bolupdyrlar. Olaryň hemmesini halk aýdymlaryna döredijilikli çemeleşme, olaryň gaýtadan işlenmeginiň ägirt uly ähmiýetini kesgitleýän täze serişdeleriň hemişelik gözleginde bolmak häsiýetlidir.

Islendik halkyň folklorynyň täzeden işlenilmegi kompozitordan serişdeleri aýratynlykda saýlap almaklygy talap edýär. Bu ýagdaý, esasan hem, özüniň tebigaty boýunça türkmen folkloryna degişli bolan birsesli folkloryň täzeden işlenilmegine degişlidir. Ýöne welin, N.N. Abubakirowa, Ş. Gullyýew ýaly türkmen sazşynaslarynyň maglumatlaryna daýanmak bilen[28],

---

[26] Музыкальные культуры народов мира. Традиции и современность. – М., 1973.

[27] Ручьевская Е. “Руслан” Глинки, “Тристан” Вагнера, “Снегурочка” Римского-Корсакова. Стиль Драматургия. Слово и музыка. – СПб: Композитор, 2009.

[28] Seret: Абубакирова Н. Народные песни Западного Туркменистана.

türkmen halk wokal ýerine ýetirijiliginde gadymy döwürlerden bäri toparlaýyn aýdym aýtmak däp-dessurynyň bolandygyny bellemelidiris. Ol köphudaýlylyk dessury bolan “*zikr*” ýerine ýetirilende, sene däp-dessur aýdymlarynda has aýdyň ýüze çykypdyr. Hem-ä, aýratynlykda erkek we aýal toparlary, hemem garyşyk düzüm bolup ýerine ýetirilýän “*Küştdepdi*” diýen aýdymly-tansly topar bolup sazlaşykly aýtmaklygyň has ösen häzirki zaman žanry bolup durýar.

Zähmet sene aýdymlarynda, gyzlaryň “*Lälelerinde*” topar bolup aýdym aýtmak ýa-ha unison gurluş hökmünde çykyş edipdir, ýa-da ýekelikdäki jümleler hor jümleleri bilen gezekleşdirilipdir. Şeýlelikde, hor bolup ýerine ýetirmek däbi türkmen halk saz döredijiliginiň taryhynda uzak döwri öz içine almaýar.

Bagşylaryň we sazandalaryň wokal-instrumental sungaty, toparlaýyn aýdym aýtmak formalary bilen bir hatarda Türkmenistanda köpsesli klassyky, şol sanda hem hor žanrlarynyň döremegi üçin wajyp esas bolupdyr. Olaryň ýerine ýetirilişine mahsus bolan geterofoniýa, burdonirleýji aşaky ton bilen baş sesiň melodik liniýasynyň arasynda emele gelýän häsiýetli ikiseslilik hor eserleriniň döredilmegi üçin itergi bolup hyzmat edipdir.

Türkmen saz folkloryny giňişleýin ýüze çykarmak, onuň baýlyklaryny öwrenmek işi XX asyryň başlarynda ýola goýulýar. Görnükli rus sazşynaslary W. Uspenskiý we W. Belýaýew dagy bu ugurda ilkinjiler bolupdyrlar[29]. Olaryň toplan türkmen sazynyň antologiýasynyň esasynda türkmen melodikasyny klassyky

// Автореф. дис… канд. иск. – Л., 1982; Абубакирова Н. Туркменский дутар в контексте этногенетических и историко-культурных связей. // Инструментоведение: молодая наука. – Спб.: РИИИ, 2002. – с. 8-11; Гуллыев Ш. Искусство туркменских бахши. – Ашхабад: Ылым, 1985.

[29] Успенский В., Беляев В. Туркменская музыка. Т. 1. – А., 1979, 10.

ýewropa žanrlarynda amala aşyrmaklygyň ilkinji tejribeleri peýda bolupdyr. Hor sazy ulgamynda türkmen halk aýdymlaryny täzeden işlemek boýunça ilkinji kompozitorçylyk tejribeleri peýda bolupdyr (N. Wasilenkonyň. N. Ippolitow-Iwanowyň we başgalaryň eserleri)[30].

Hor sazy ulgamynda türkmen halk aýdymlaryny gaýtadan işlemek boýunça ilkinji kompozitorçylyk tejribeleri R. Iwanowyň, K. Korçmarýowyň, A. Neçaýewiň, A. Şapoşnikowyň, Ý. Meýtusyň, G. Lobaçýowyň atlary bilen baglanyşyklydyr[31]. Täze görnüşli türkmen professional saz medeniýetiniň döreýşiniň başynda täzeden işlenen hor eserleri milli folklor we klassyky sazlaryň arasyndaky baglaýjy halka bolup çykyş edipdir.

Täzeden işlenen hor eserinde halk aýdymy hakyky milli semantikany alyp baryjy bolupdyr. Özüniň tebigaty boýunça monodiki bolan aýdymy köpseslilige geçirmek usulynyň ulanylmagy uly ähmiýete eýe bolupdyr. Oňa G. Lobaçýowyň we G. Arakelýanyň hor üçin gaýtadan işlän gyzlaryň “Läle” diýen aýdymynyň mysalynda seredip geçeliň. Onuň liriki mazmuny, folklor çeşmesi, ýerine ýetirmekligiň däp-dessury ýerine ýetirijileriň düzümini kesgitläpdir (fortepianonyň sazandarlyk etmeginde aýal-gyzlar hory). “Läläniň” özboluşly heňi dürli usullardan peýdalanylýan täsin aranžirowkada beýan edilen. Kompozitoryň pikirleri gapma-garşylykly düzülen ortaky bölümi we dinamizirlenen reprizany öz içine alýan ýönekeý üç bölümli formada beýan edilen.

Horuň *birinji bölümi* soprano ostinato wariasiýalarynyň hilinde ýazylypdyr. Dürli sesleriň goşulmagy bilen temanyň

[30] Жаворонков Б., Ларионов В. Кузница музыкальных кадров Советского Туркменистана. – А.: Туркменистан, 1980.

[31] Чарыханов Р. Становление туркменского профессионального музыкального искусства (20-30-е годы). // Известия АН Т. Гуманитарные науки – 1993, № 3, 60.

esasy görnüşi üýtgemän galýar. Hor kwarta-kwintaly kompleksiň üsti bilen dutar owazynyň fakturasyny emele getirýän owazda fortepianonyň ýerine ýetirmeginde giriş sazy bilen başlanýar. Tema ilkinji gezek sopranolaryň unison bolup ýerine ýetirmeklerinde ýaňlanýar. Ikinji sözlemde altlaryň partiýasy goşulýar, olaryň ýerine ýetirýän heňi hem milli owazlanyşa ýakyndyr. Fortepiano partiýasyna ikeldilen sesler girizilýär.

Täze garmonik öwüşginiň girizilmegi we tonal-garmonik ösüşe ýüzlenilmegi indiki wariasiýanyň aýratynlygy bolup durýar. Kwarta-kwintaly kompleksleriň ýerine funksional taýdan anyk bolan tersiýa gurluşly akordlar peýda bolýar. Fortepianodaky basyň ostinatosy, häsiýetli burdon hökmünde kabul edilip, milliligiň äheňi bolup çykyş edýär.

Wariasiýanyň has ösdürilen melodik sesinden *ikinji bölümiň* heňi ösdürilýär. Onuň solosyny altlar alyp barýarlar. Tematik materialyň beýan edilmeginde we ösdürilmeginde köpsesli polifonik usul esasy bolup galýar. Temanyň garmoniýasyndan emele gelen sopranonyň sesi plagallyga esaslanýar. Ortaky bölümiň soňunda “Läle” halk aýdymynyň kadensiýasynda täze garmoniýa emele gelýär: Do mažoryň VI peseldilen basgançagy engarmonik taýdan lýa minoryň VII beýgeldilen basgançagyna öwrülýär; melodik baglanyşykda bolan, öň peýdalanylan tersiýa gurluşly akkordlar septakordlaryň derejesine çenli ösdürilýär. Ortaky bölüm tonika bilen mažor subdominantany baglanyşdyrýan köpfunksional sazlaşygy bilen tamamlanýar.

“Läläniň” *üçünji bölümi* – bir wagtda birinji we ikinji periodyň seslerini utgaşdyrýan dinamizirlenen reprizadyr. Bu ýerde hor partiýalary *divisi* usulynda berilýär. Septakkord garmoniýasynyň derejesine ýetirilýän fortepianonyň sazy hor partiýalarynyň ikeldilen sesleri bilen baýlaşdyrylýar. Kadensiýada fakturanyň gatlaklary biraz ýeňleýär: özboluşly sinkopaly ritmde tonikanyň

organ nokadynda sazyň akkordlary emele gelýär; esasy tema saz guralynyň üsti bilen ikeldilýär, onuň goşulma sesi bolsa iň soňky gezek "Läle" halk sazynyň mylaýym heňini ýatladýar.

Şeýlelikde, folklor aýdymlarynyň, eýýäm birinji nusgalarynda kompozisiýa ösüşiniň birnäçe wariantlary beýan edilendir (tembr sesiniň imitasiýalaryndan başlap, tä ýewropa däpleriniň çägindäki garmoniýanyň wariýirlenmegine çenli). Türkmen kompozitorlary üçin bu usul soňky ýyllarda-da esasy bolup galdy. Täze döwürde folklor nusgalarynyň baýlaşdyrylmagy garmoniýanyň aýratynlyklaryna däl-de, milli monodiýanyň häsiýetine daýanmak esasynda amala aşyrylyp başlanýar. Mysal üçin, N.Muhadowyň "Hüwdi" aýdymynyň täzeden işlenilen görnüşinde (Ý.Sarkisowyň aranžirowkasy boýunça) monodiýanyň köpseslilik usulynda beýan edilişi we temanyň ösüş usullary özüne çekijidir. Bu aýdymyň täzeden işlenilen görnüşiniň esasynda halk hüwdüsiniň heňi ýatyr. Özboluşly tema başlangyç periodyň birinji sözlemi bolup çykýar[32]. Soňra kompozitor bu temany žanr däplerine görä ösdürýär. Ol heňi melizm taýdan baýlaşdyryp, onuň ritmik esasyny wariýirleýär we milli owazlara ýakyn tema bilen baglanyşdyrýar.

Eser fortepianonyň sazandarlyk etmeginde aýallar horunyň ýerine ýetirmegi üçin niýetlinilip ýazylandyr. Fortepianonyň partiýasy dutar ýerine ýetirilişine häsiýetli bolan kwarta, kwinta, sekunda, geçiş tersiýa ýaly garmoniki we melodiki interwallaryň düzümlerine esaslanýar. Hor partiýasy unisondan başlap, doly dörtseslilige çenli ösdürilip (soprano we alt seslerindäki *divisi*), bu interwallaryň komplekslerini ikeldilme görnüşine getirýär. "Gündogar barada rus sazyna öýkünme" hökmünde ýazylan kadensiýa-wokaliz başdaky saýlanan žanryň çäginden çykýar.

---

[32] Aýdym ýönekeý iki bölümli reprizaly formada ýazylan.

XXI asyryň başlaryndaky kompozitorlaryň döredijiliginde folklor çeşmesiniň başgaça owazlanyşyny duýmak bolýar. M. Annamyradowyň a’capella hory üçin ýazan “Türkmen folkloryndan parçalar” atly eseri (1999 ý.) halk aýdymynyň gaýtadan işlenilmesiniň nukdaýnazaryndan has täsirliligi bilen tapawutlanýar. Eserde häzirki zaman tejribesinde ýerine ýetirilýän iki sany aýdym – “*Ýarowjan*” we “*Küştdepdi*” berlipdir. Aýdymlaryň ikisi hem tans häsiýetlidir. Ilkinjisi – herekete has baý, optimistik, ikinjisi – durnukly, geroiki taýdan takyk. Aýdymlaryň hersine eseriň bir bölümi bagyşlanypdyr. Onuň formasyny çylşyrymly ikisesli diýip kesgitlemek bolar.

Öň derňelip geçilen gaýtadan işlenilmelerden tapawutlylykda, bu eserde baş melodik we goşulýan sesleriň wezipeleri hor partiýalarynyň arasynda bölünendir: baslar we altlar garmonik taýdan goltgy bermekligiň hem-de ritmik tonusyň hyzmatyny berjaý edýärler, sopranolar we tenorlar bolsa melodik çyzygy alyp barýarlar. Eseriň birinji bölüminde hor aranžirowkasynda “Ýarowjan” diýen aýdym berlipdir. Bagşylaryň aýdym aýtmak däp-dessurlaryna eýermek bilen, kompozitor temanyň girişini “Heý, jan” bogunlaryny ýeňil itergi bermek arkaly sazlaşýan owaz bilen başlaýar. Sazlaşyklaryň interwalikasy (ses aralyklary) halk instrumental eserlerine häsiýetli bolan girişe (“boş kakuwa”) ýakyn. Türkmen milli sazlaryna mahsus bolan kwarta interwalyny ulanmak bilen, awtor wokal-toparlaýyn ýerine ýetiriliş serişdeleri bilen folklor çeşmesiniň owaz şekilini döredýär.

“Ýarowjan” heňiniň ekspozisiýadaky beýan edilişi has hem täsirlidir. Tema tenorlarda ýaňlanyp, onuň kömekçi heňi bolsa sopranoda berilýär. Ikinji geçirilişde tenoryň we sopranonyň sesleri unison boýunça ýaňlanyp, soňra biri-biri bilen sepleşip gidýärler. Bas we altlar bolsa saza garmonik goltgy bolup hyzmat edýärler.

Eseriň kulminasiýasynda ("şirwan perdesinde") horuň ähli düzümi gatnaşýar. Ekspozisiýada sazyň hereketi hor partiýalaryndaky funksiýalaryň çalyşmagy, girizilýän sesleriň akgynlylygy we fakturanyň garmonik hem-de kömekçi sesli görnüşleriniň utgaşmagy bilen bagly bolan bolsa, kulminasiýadaky ösüş sazyň kadaly garmonik fakturasynda metro-ritmik aksentleriň çalyşmagy bilen döredilýär. I bölümiň reprizasynda sesleriň gatnaşygy temanyň ekspozisiýadaky hiline ýakyn. Eseriň II bölüminde "Küştdepdi" heňi täzeden işlenilýär. Temanyň häsiýetine görä, kompozitor alyp baryjy ses bilen (tenorda ýa-da sopranoda) gomofon skladyny we galan seslerde kadaly garmonik goltgusyny saýlap alýar. Interwallyk esas hökmünde milli kwarta-sekundaly kompleksleri we ýiti dissonanslary ulanmaýan tersiýa gurluşly düzgünler peýdalanylýar. Temanyň ösüşinde heňi melizm taýdan baýlaşdyrýan, ritm we äheň taýdan üýtgedýän wariant usullar ulanylýar.

Şeýlelikde, görkezilen eserde halk heňleriniň täzeden işlenilen görnüşleri sazyň häsiýet we keşp düzgünlerinden, şeýle hem durmuşda ýerine ýetirilýän halk aýdymlarynyň wokal we instrumental görnuşleriniň mümkinçiliklerinden ugur alýar. Türkmenistanda hor sungatynyň ösüşiniň barşynda halk aýdymlaryny gaýtadan işlemek bilen diňe bir professional kompozitorlar däl-de, eýsem, tejribeli hormeýsterler hem meşgul bolupdyrlar (O. Berdiýew, A. Taçew, B. Hudaýgulyýew). Instrumental temalar hökmünde halk sazlary dürli instrumental žanrlaryna degişli bolan eserlerde ulanylypdyr (W. Muhadowyň, Ç. Nurymowyň, N. Halmämmedowyň simfoniýalarynda). Kompozitor üçin halk sazlarynyň çeşmesi bilen işlemekligiň tejribesi örän gymmatlydyr, sebäbi halk aýdym-sazlary bahasyna ýetip bolmajak hazynadyr.

## A’capella horlary

Türkmenistanyň hor sungatynyň taryhynda a’capella saz žanrynyň ösüşi aýdyň ýokary göterilişleriň we uzak wagtlyk ümsümlikleriň döwri bilen baglanyşyklydyr. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrlaryndan başlap Türkmenistanda işlän Ý. Meýtus, B. Şehter, A. Lobaçýow, K. Korçmarýow ýaly rus we ukrain kompozitorlary türkmen halk aýdymlaryny hor üçin täzeden işlemek žanryna ýüz tutupdyrlar[33]. Olaryň döreden eserleriniň köpüsi a’capellanyň ýerine ýetirilmegi üçin niýetlenendir. Bu aýdymlarda peseldilen basgançaklaryň we ösüşiň wariant usuly ýaly, şeýle hem kwarta-kwintaly dikligiň ulanylmagy ýaly türkmen sazyna mahsus daşky häsiýetler ornaşdyrylypdyr. Ikisesli garyşyk horuň fakturasy, adatça bolşy ýaly, käbir imitasiýa öwrümleri girizilen garmonik görnüşde beýan edilipdir. Döredilen şol eserlerden başlap hem, Türkmenistanda hor döredijiliginiň taryhy ýoly başlanýar.

XX asyryň 60-njy ýyllary a’capella hor žanrynyň ösüş taryhynda iň kämil döwürleriň biri boldy. Bu ýyllarda hor üçin täzeden işlenen awtorçylyk eserleriniň sany iki esse artdy. Žanrlaryň möçberini köpeltmek maksady hor toplumlarynyň döremegine getirdi. G.S. Držewskiniň R. Seýidowyň goşgularyna döredilen a’capella horlarynyň toplumy bu žanrda ýazylan iň meşhur eserleriň biridir.

Toplum bäş sany dürli häsiýetli eserlerden ybaratdyr: “Gahryman halk”; “Güýz”; “Gyş”; “Ikatýok”; “Zähmet”. Her eserde kompozitor şygyr setirlerini doly görnüşde açýan saz keşplerini döretmäge ymtylýar. Bu ýerde awtor M.I. Glinkanyň beren wesýetine daýanýar: “Çylşyrymly beýan edilen eser gowy

[33] Жаворонков Б., Ларионов В. Кузница музыкальных кадров Советского Туркменистана. – А.: Туркменистан, 1980.

ýaňlanar diýip pikir etmäň”. G. Drżewskiý ýönekeý usullar bilen hor ýazuwyny ussatlyk bilen peýdalanýar: onuň hory hemişe ýeňil, tebigy hem-de ýakymly ýaňlanýar. Eser tessitura hem-de wokal taýdan amatly ýerine ýetiriliş mümkinçilikleri bilen üpjün edilen, onuň polifonik we garmonik fakturalarynyň gatnaşygy hem deň derejelidir. Türkmen saz sungatynda bu hor toplumy klassyky nusgalaryň biridir.

Toplum “Gahryman halk” diýen hor eseri bilen açylýar. Žanr taýdan bu eseri waspnama hökmünde hasaplamak bolar. Üç bölümli gurluş, gyraky we ortaky bölümleriň arasynda döreýän gapma-garşylyga daýanýar. Horda garmonik we polifonik ösüş sazlaşykly beýan edilen. Eseriň aýratynlygy we özboluşlylygy ölçegleriň çalyşmagynda ýüze çykýar: 5/4 bilen 6/4; 5/8 bilen 4/8. Hor partiýalarynyň *divisi* usulyna bölünişigi (I bölümde) hem-de kwarta-kwintaly düzümleriň ulanylmagy türkmen halk saz guraly bolan dutary suratlandyrýar. Bu hor toplumynda iň täsirli we aýratyn tapawutly hor eserleriniň biri hem “Ikatýok” horudyr.




Onuň keşp düzümi Türkmenistanyň tebigatyny ýada salýar. Şahyry ikatýoguň syrly owazy gyzyklandyrýar. Onuň

sesiniň täsiri bilen, ol tebigatyň ýazky joşgunyny has inçeden duýýar. Eser saz diliniň aýdyňlygy, özboluşly tematizmi we gomofon-polifonik ösüşiň baglanyşygy bilen tapawutlanýar. Hor ýönekeý üç bölümli formada ýazylan. Her bölüm türkmen halk sazlaryna mahsus bolan ösüş prinsiplerine esaslanýar. Lad taýdan hor, "gyrklar" atly artdyrylan sekundaly halk perdesine (I bölümde) we II we VII peseldilen basgançakly mažora (II bölümde) esaslanýar. Bu eserleriň derňewi kompozitoryň türkmen halk sazlarynda ulanylýan lad we forma gurluş mümkinçiliklerinden habarly bolandygyny, onuň bu usullardan giňden peýdalanandygyny subut edýär. Eserde tematizmiň milli aýratynlyklary ýewropa usullarynyň üsti bilen ösdürilýär. Hor partiýalarynyň garmonik dikligi intonasiýa moduslaryň we olaryň tersiýa boýunça gatnaşyklarynyň esasynda emele getirilýär. Lad, faktura, intonasiýa ýaly saz serişdelerniiň kömegi bilen gyradaky bölümleriň keşp taýdan gapma-garşyklary has hem aýdyňlaşdyrylýar.

"Güýz" atly horda hem kompozitor şulara meňzeş saz beýan ediş usullaryndan peýdalanýar. Toplumy jemleýän "Zähmet" atly hor, kompozitoryň aýtmagyna görä, watançylyk häsiýetlidir. Bu hor eseri çylşyrymly üç bölümli formada gurlan (ABCBA). Horuň *tutti* usulynda başlanýan girişiniň birinji akkordlary joşgunly zähmete çagyryş hökmünde ýaňlanýar. Horuň her epizodynda belli bir keşp häsiýetlendirilýär. Esasy temanyň aýgytly, hüjüm häsiýetli keşbiniň döremegine imitasiýa-polifonik ösüş ýardam edýär (miksolidik *a*). Liriki epizodda (B) kompozitor soprano partiýasynda ýerine ýetirilýän ajaýyp temany pert-pert çykýan bas partiýasynyň hereketli temasy bilen baglanyşdyrýar.

Tonalnostyň çalyşmagy (*F-dur – B-dur*), eseriň merkezi bolan "*Poco piu mosso*" epizodynyň başlanmagyny aňladar. Bu epizodda horuň ýaňlanyşy dury owazlylyk häsiýetindedir. Hor

başlangyç epizodyň gaýtalanmagy, şeýle hem ähli bölümleriň tematizmine esaslanýan gimn häsiýetli, sintetik koda bilen tamamlanýar. G.S. Drżewskiniň R. Seýidowyň goşgularyna ýazan horlarynyň toplumy Türkmenistanda hor sungatynyň ösmegine uly täsir ýetirdi. Şondan soň köp sesli a’capella hor žanry türkmen kompozitorlarynyň döredijiligine mazaly ornaşdyryldy. Ýaş kompozitorlar bilen bilelikde a’capella horlaryny D. Öwezow, A. Kulyýew, W. Ahmedow ýaly ussat halypalar hem döredip başladylar [53; 34].

W. Ahmedowyň türkmen poeziýasynyň klassygy bolan beýik Magtymgulynyň goşgularyna döredilen “Gözüm düşdi” atly a’capella hory bu žanrda döredilen belli eserleriň biridir. Eser garyşyk horuň düzümi üçin ýazylan, onuň dowamynda unison sesleriň gaýtalanmagy, *divisi* ýaly hor usullary ulanylýar. Bägül kimin näzik gyzyň keşbini suratlandyrýan şygyr miniatýurasy, ortaky bölümi ösdürilen üç bölümli formada ýazylan. Hor polifonik serişdeleriň ulanylmagynda gomofon-garmonik fakturada düzülen.

A’capellanyň intonasiýasyny we keşp düzümini kesgitleýän horuň başlangyç dört taktly girişi aýratyn täsirliligi bilen tapawutlanýar. Eseriň esasy temasy tenoryň soloda ýerine ýetirilmeginde ýokary derejede hereketlenýän üçsesli öwrümden emele gelýär. Horuň I bölümi şu temanyň wariant taýdan ösmegine esaslanýar. Onuň her saparky owazlanyşynda eseriň gurluşy giňeldilýär we intonasiýalar täzelenýär (frigiki *cis*). Ortaky bölümdäki heň hem-ä ösdürilýär, hemem kulminasiýa derejesine çenli ýetirilýär (garmonik *cis-moll*). Tematik taýdan ol başlangyç äheňe gabat gelýär. Emma ladyň we fakturanyň çalyşmagynda onuň gapma-garşylygy has aýdyň ýüze çykýar (I bölümi gomofon, II – polifonik fakturada beýan edilen). Äşgär garmonik dikligini döredýän horuň kulminasiýasy sesleriň *divisi*

usuly bilen baglanyşykly. Reprizada esasy tema gysgaldylan görnüşde beýan edilýär.

Hor ýazuwynda kompozitor tembr kontrastyny döredýän temanyň dürli regisrlerde getirilmegi, ýaňlanýan seslerde poliritmik usullaryň ulanylmagy, taktyň dürli ülüşlerinde sesleriň aýrylmagy, aýdylmazlygy aňladýan pauzalaryň goşulmagy ýaly dürli serişdelerden peýdalanýar. Bu aýratynlyklar, umuman, W. Ahmedowyň hor stili üçin häsiýetlidir. Onuň peýdalanýan hor usullary köp-dürli, tebigi we özüneçekijidir. W. Ahmedowyň "Gözüm düşdi" atly horunda, başga eserlerde bolşy ýaly, çuňňur manylylyk fakturanyň ýönekeýligi we amatlylygy bilen utgaşykly alnyp barylýar.

"Gitseň, bar aman" hory türkmen kompozitorlarynyň a'capella žanrynda ýazylan iň ajaýyp eserleriň biridir. Ol hem beýik Magtymgulynyň goşgusyna döredilen eseridir. Goşgy gündogar poeziýasyna häsiýetli bolan dialog, söhbetdeşlik žanrynda ýazylan. Bu söhbetdeşlikde şahyr söýgüli ýaryny wasp edýär, onuň üçin janyny gurban etmäge taýýardygyny beýan edýär. Söýgüli gyz bolsa, şahyra bagt arzuw edip, onuň ýürek duýgularyny kabul etmeýär. Emma, biziň pikirimizçe, goşgynyň manysy has çuňňurdyr. Söýgüli ýary bilen söhbetdeşlik görnüşinde şahyr öz içki dünýäsini beýan edýär, adamyň tebigatynda berk ornaşdyrylan gapma-garşylygy ýüze çykarýar. Kompozitor bolsa goşgynyň manysyny saz serişdeleriniň üsti bilen suratlandyrýar. Eser üç bölümli formada ýazylan. Onuň kompozisiýasynyň gurluş yazgysy şeýle:

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| A | B | A | B | | C | A | B |
| 10 | 12 | 6 | 13 | 8 | 10 | 5 | 12 |

Birinji bölümiň gurluşynda bent alamatlary ýüze çykýar. Bent (A) we gaýtalamanyň (B) esasynda ýatan iki sany elementden

bölümiň tematizmi emele gelýär. Eser *e-moll* tonalnostynda ýazylan. Eserde esasy pikiriň beýan edilişi örän özboluşlydyr. Kompozitor öz eserini hor ýerine ýetirijileri üçin amatly bolan akkord fakturasynda ýazmak bilen çäklenmän, imitasiýa ses çalşygy ýaly usullar bilen baýlaşdyryp, polifonik usullary hem girizýär. Ondan başga-da, hor partiturasynyň her bir sesi özboluşly melodik heňi alyp barýar.

Ikinji getirilişde bent bilen gaýtalamanyň mazmuny tematik taýdan üýtgedilýär. Saz şygyr ölçegine bagly bolup, goşgy setirlerine görä, heň setirleriniň warýirlemegine hem getirýär. Alt we bas seslerinde gürrüň şahyryň adyndan (“Diýdim”), soprano we tenor seslerinde bolsa (“Diýdi”) ikinji gürrüňdeş bolan gyzyň adyndan alnyp barylýar. Awtoryň saýlap alan bu kompozisiýa usuly örän ýerliklidir, sebäbi ol diňe bir goşgynyň mazmunyny açman, olaryň gürrüňiniň dartgynlylygyny hem saz serlşdeleriniň üsti bilen beýan edýär.

Ortaky bölümde duýgular üýtgeýär. Saz tolgundyryjy, howsalaly häsiýete geçýär. Öňki hor böleklerinde edilişi ýaly, gaýgyly duýgulary beýan etmek üçin kompozitor *b-moll* tonalnostyny saýlap alýar. “Baglar, heý” hor eseriniň *b-moll* tonalnostynda ýazylmagy türkmen halkynyň agyr ykbaly baradaky pikirler bilen baglanyşykly bolsa, “Gitseň, bar aman” diýen horda bolsa bu tonalnost bagtsyz, jogapsyz söýgini beýan edýän serişde hökmünde hyzmat edýär. Eseriň tematik materialy dialog görnüşinde beýan edilen. Dartgynlylygyň ösmegi gurluşy kulminasiýa merkezine getirýär. Ol gyzyň “Diýdi: “Köwserdi laýym” diýen sözleri aşyk ýigidiň “Diýdim: Ondan ber maňa!” diýen jogaby bilen deň gelýär. Kulminasiýa pursadynda täze sesleriň goşulmagy bilen, soprano we tenor seslerinde *divisi* usulynyň ulanylmagy bilen, sazyň fakturasy has hem täsirli görnüşe geçýär.

Dartgynlylygyň indiki gaýdyşy gahrymanyň alaçsyzlygyny, onuň umydynyň üzülmegini äşgär edýär. Ýumuk agyz bilen aýdym aýdyş usuly sözsüz gam laýyna batmaklygy, ykbala boýun egmekligi suratlandyrýar. Birinji bölümiň reprizasynda temalaryň ikisem özgerýär. Liriki öwüşgin dikeldilse-de, oňa azap çekmekligiň, gam-gussanyň häsiýeti hem goşulýar. Eseriň ritmik tarapy aýratyn baýlaşdyrylanlygy bilen tapawutlanýar. Ölçegleriň häli-şindi çalşyrylyp durulmagy, dürli ritmik toparlaryň ulanylyşy sazda tolgundyryjy häsiýetleri döredýär.

D. Öwezowyň hor žanrynda döreden eserleriniň arasyndan "Gitseň, bar aman" diýen hory aýratyn çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Hor partiturasynyň her bir sesi, ähli sesleriň bilelikde ýaňlanan pursatlarynda hem öz ritmik häsiýetliligini, özboluşlylygyny saklaýar. Erkekler we aýallar sesleriniň gezekleşip gelmegi, olaryň tembr we registr taýdan gatnaşygy, heň we şygyr setirleriniň gaýtalanma usullary – bu serişdeleriň ählisi aýdymyň ösüşini baýlaşdyrýar.

Eseriň fakturasy çylşyrymly. Onuň esasyny iki sese bölünýän ikisesli diklik düzýär. Bu ýagdaýda hem aýry hor partiýalary özüniň ritmik we melodik taýdan özboluşlylygyny ýitirmeýärler. Olaryň işjeňliginiň we täsirliliginiň derejesi her gezek täzelenýär, birinji orna esasy ýa-da beýleki sesler gezekleşip çykýarlar. Sazyň ähli elementleri milli koloritiň döremegine ýardam edýär. Mysal üçin, üýtgemeýän fakturada erkekler partiýalaryna gabat gelýän alt sesleriniň sekwensiýalary heňiň häsiýetine ynjalma, asudalyk goşýarlar. Altlaryň ikiseslilikinde dutaryň ikisesli owazy duýulýar. Şonuň bilen bilelikde, bir ses burdon hereketli, ikinjisi – temany has işjeň geçirýän fakturanyň görnüşi hem ulanylýar. Şu pursatlarda dutarda ýerine ýetirilýän milli sazlara meňzeş diklik gatnaşyklary hem döredilýär. Melodik setirleriň intonasiýa gurluşlarynda dört sesli ses hatarynyň hereketi agalyk edýär. Bu

intonasiýalar, köplenç, sekwensiýa görnüşinde geçýärler. Heňiň ösüşiniň şular ýaly görnüşi, umuman, türkmen halk aýdymlaryna mahsusdyr.

Halypa kompozitorlardan soň a'capella žanrynda işlemekligi soňky ýaş nesil ynamly eýeleýär. Geçen asyryň 70-nij ýyllarynda a'capella hor žanrynda ajaýyp eserleri kompozitor Durdy Nuryýew döretdi. Olaryň arasyndan R. Seýidowyň goşgularyna "Giçki şemal", "Güýz", Zeliliniň goşgularyna "Jandan doýan ýaly boldum", "Sil bolar boldy", Seýdiniň goşgularyna "Sen, çölüň", "Goşa pudagym", N.Baýramowyň goşgusyna "Elegiýa" ýaly hor eserlerini we başgalary aýdyň mysal hökmünde görkezmek bolar.

D. Nuryýewiň a'capella horlary, esasan, klassyky hor düzümi üçin niýetlenendir (garyşyk dört sesli – S + A + T + B). Diňe käbir horlaryň partiýalarynda *divisi* usulyna duş gelmek bolýar ("Giçki şemal"). Başky we soňky bölümlerde doly däl, ortaky bölümde bolsa doly düzümiň ulanylmagy kompozitoryň hor ýazuwynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri bolup durýar. Hor fakturasy polifonik beýan ediş usuly bilen (başky we soňky bölümlerde) akkord dikligini (ortaky bölümlerde) utgaşdyrmaklygy özünde jemleýär. Şonuň bilen bilelikde D. Nuryýewiň hor ýazuwy üçin, emeli we tebigy görnüşli ansambllaryň gezekleşip gelmegi ýaly hor sazyny beýan ediş usuly hem häsiýetlidir. Hor partiýalarynyň giň bolmadyk aralyk diapazony wokal partiýalary üçin amatly bolup durýar.

Kompozitor özüniň hor ýazuwynda ýumuk agyz bilen aýdym aýtmak, "lýa" bogna we "a" çeküwli sese hiňlenmek, hor ýerine ýetiriliş üçin çylşyrymly bolan köp gaýtalanýan forşlaglar ýaly dürli koloristik usullaryndan peýdalanýar. D. Nuryýewiň liriki häsiýetli a'capella horlary, köplenç, orta depginde, minor

tonalnostynda ýazylandyr (mažorda ýazylan ortaky bölümler saz gurluşynda gapma-garşylyk häsiýetini döredýärler).

Kamera žanrynyň inçe tebigatyny duýup, kompozitor eserleriň dinamikasyna hem uly üns berýär: minor tonalnostlar, haýal depginler bilen bilelikde D. Nuryýewiň a'capella horlaryny nýuanslaryň ýumşak ulanylyşy hem birleşdirýär (***p, pp, mp, mf*** ýaly dinamik belgileri onuň ýörgünli ulanýan dinamikasyna girýär; ***ff, f*** ýaly öwüşginlerden bolsa kompozitor, esasan, kulminasiýa zolaklarynda peýdalanýar). *Legato* – sesi alyp barmagyň esasy agalyk edýän usulydyr; dem alyş bolsa zynjyr düzgüninde (biri-birine sepleşme esasynda dowamlylygy uly bolan seslerde) we jümleler boýunça alynýar.

"Giçki şemal" horuny D. Nuryýew R. Seýidowyň inçe romantk häsiýetli şygyr setirleriniň keşplerine esaslanyp döredipdir. Gaýgyly duýgulary döredýän şygyr, eseriň tonalnostyny (halk sazlaryna mahsus frigiki häsiýetli *a-moll*), fakturanyň durulygyny, hor partiýalarynyň kantilena häsiýetli bolmagyny we melodik setirleriň ýeňilligini, çeýeligini kesgitleýär. Eser garyşyk ýedi sesli hor üçin niýetlenen: klassyky dört seslilikde alt, bas we tenor partiýalarda wagytlaýyn alynýan *divisi* usuly hem duş gelýär. Gezekli-gezegine girişýän hor sesleri owazlanyşa üýtgeşik aýdyňlyk berýär: başda temany sopranolar alyp barýar, soňra oňa altlar, tenorlar we baslar goşulýar. Melodik heňde ýaňlanan tekst setiri soňra dürli seslere "ýaýradylýar".

Hor ýönekeý üç bölümli formada ýazylan. I bölüm bilen repriza özleriniň aýdym-kyssa häsiýetliligi bilen dartgynly ortaky bölümden tapawutlanýarlar. Birinji periodyň başy bir sesde ýaňlanýan esasy intonasiýanyň girişi bilen tapawutlanýar. Onuň soňunda galan sesler hem goşulýar. Her sesiň özüniň şygyr teksti bar, olar esasy pikiri gaýtalaman, onuň üstüni doldurýarlar

we köp seslilik saz materialynyň akyp durmaklygyna, bitewi bolmagyna ýardam edýärler. Melodik we şygyr setirleriniň wariantly bolandygy sebäpli, periodyň ikinji sözlemi şertli ýagdaýda başlanýar. Onuň käbir elementleri eýýäm birinji sözlemde gatnaşmaga girizilipdi. Bölümleriň ikisem intonasiýa babatynda biri-birine ýakyn.

Horuň lad-dramaturgik çözgüdi özüne çekijidir. I bölümdäki gaýgyly häsiýetli saz gezekleşip duran frigik-miksolidiki ladda beýan edilýär (a – C). II bölüm – garmonik *A-dur*'yň ýaňlanyş zolagydyr. Sazyň akkord görnüşli beýan edilişi, täsin dinamika we temanyň labyzlylygy eseriň II bölümini horuň kulminasiýa derejesine ýetirýär. Wariant görnüşine eýe bolmagyna garamazdan, repriza hory aýdyň öwüşginde tamamlaýar.

D. Nuryýewiň "Sen, çölüň" we "Sen uklaňda" diýen horlarynda sazy beýan edilişiň başgaça hor usullary peýdalanylan. "Sen uklaňda" diýen a'kapella hor eseri R. Seýidowyň goşgusyna döredilen. Eserde mylaýym gijäniň, düýşüň we rahatlylygyň keşpleri döredilýär. Hor ýönekeý üç bölümli formada ýazylypdyr. I bölüm bilen repriza goşguda berlen häsiýeti boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Birinji bölümde gijäniň keşbi suratlandyrylýar, reprizada bolsa – säheriň, daň şapagynyň keşpleri döredilýär.

Hor eseriň esasy melodik intonasiýasyny alyp barýan erkekleriň sesleriniň owazy bilen başlanýar (*Andante*). Sazyň baş heňi tenorlaryň partiýasynda tersiýa daýanmaklyga esaslanýar. Baslarda has çeküwli seslerde heňiň garmonik goldawy berilýär (t $II_2$ VII t we ş.m.). Basyň funksiýasy galan sesleriň melodiki hereketine görä ösdürilýär. Eseri hor sesleriniň paýlanyşyna görä derňesek, birinji bölüm üçin bas we tenor sesleriniň deň agramda solo usulynda berilýändigini görmek bolýar.

Aýallar horunyň girizilmegi ikinji derejeli heňiň ösdürilmegi bilen bagly. Eseriň ortaky bölüminde söýgüli ýara mähirli arzuwlar berlen. Bu bölüm täze tematik materiala esaslanandyr. Gapma-garşylyk lad we metroritmik derejelerde ýüze çykýar. I bölümiň (*h-moll*) gaýgyly häsiýetini ortaky bölümde labyzly owazlylyk çalyşýar (frigiki *a*). Dört ülüşli ölçeg 6/8 ölçegde berilýän wals häsiýetlilige geçýär. Ýöne welin, kontrast şeýle bir aýdyň duýulmaýar, hor partiýalaryndaky funksional wezipeler hem saklanylýar. Baslar we ternorlar solo bolup ýerine ýetirmekligi dowam etdirýärler. Olaryň tematizmi, ýokarky sesleriň melodik owazynyň garşysyna, deklamasiýa häsiýetlidir.

Repriza tematik taýdan üýtgedilen, ol forma boýunça hem ulaldylandyr. Aýallar sesleriniň partiýalaryna häsiýetli bolan ikinji derejeli melodik sesler indi bas seslerine hem ornaşdyrylýar. Horuň umumy owazlanyşy güýçlendirilýär, onuň fakturasynuň hem üsti ýetirilýär. Sesleriň kem-kemden aýrylmagy daňyň atanyny aňladýan serişde bolup hyzmat edýär.

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| A | | B | | $A_1$ | |
| a | $a_1$ | в | $в_1$ | $a_2$ | $a_3$ |
| 6 | 6 | 4 | 6 | 6 | 8 |
| h-moll | | a frigiki | | h-moll | |

D. Nuryýewiň a’capella hory üçin niýetlenen “Sen, çölüň” eseri türkmen edebiýatynyň XVIII asyryň nusgawy şahyry Seýdiniň goşgusyna döredilen. Lirik şahyr öz döredijiligini çäksiz söýgi duýgularyny wasp etmegine bagyşlady. “Sen, çölüň” atly goşgusynda ol öz ata Watanynyň tebigatyny, onuň gözelligini we çöl giňişligini suratlandyrýar. Goşgynyň emosiýa taýdan açyklygy bilen deňeşdirseň, D. Nuryýewiň hor eseri has takatlylykly, kamera häsiýetde döredilipdir[34].

[34] Васина-Гроссман В. Музыка и поэтическое слово. – М., 1972, 15.

Eser ýönekeý üç bölümli formada ýazylypdyr, onuň her bölümi – özboluşly perioddyr. Gyradaky bölümler tematizm, lad-garmonik we faktura taýdan biri-birine meňzeş. Ortaky bölümde olara tonal, garmonik, faktura we dinamika taýdan gapma-garşylyklar girizilýär. Hor aýallar seslerinde berlen temanyň eksponirlemegi bilen başlanýar. Bu ýerde kompozitor polifoniýanyň imitasiýa usullaryndan giňden peýdalanýar. Sopranoda saklnanyp durýan ostinatonyň fonunda alt sesinde frigiki öwrüm geçirilýär. Erkek sesleriniň partiýalarynda ikinji derejeli heňleriň goşulmagy bilen umumy sesleriň gabatlaşmagy baýlaşdyrylýar. Her sesiň melodik setirlerinde II peseldilen basgançagyň ulanylmagy bilen ladyň frigiki häsiýeti berkidilýär. Fakturanyň köpsesli görnüşiniň akkord beýan ediliş fakturasy bilen çalşyrylmagy täze saz sözleminiň başlanandygyny aýan edýär. Horuň beýan ediliş usullary söýginiň we tebigatyň täsirinden emele gelen duýgular bilen baglanyşykly.

II bölüm intonasiýa, ritm, temp, agogika taýdan hem dinamizirlenendir. Dominanta toparynyň agalyk edişi, *D-dur – d-moll* ladlarynyň gezekleşip gelmeginiň dürli öwüşginleriniň peýdalanylmagy, heňiň ýitiligi, punktirligi we “uçuş” häsiýeliligi – bu saz serişdeleriniň ählisi ortaky bölümde özboluşly ýaňlanyş aýratynlyklaryny döredýär. Sazyň akkordlar boýunça beýan edilişinde hem umumy dinamik häsiýetlilik saklanylýar. Fakturanyň “ýagtylanmasy” hem-de I bölümdäki intonasiýa materialynyň gaýdy p gelmegi reprizanyň başlanandygyny aňladýar. Repriza üýtgedilen goşgy tekstiniň ulanylmagy bilen, I bölümdäki saz materialyny gaýtalaýar.

D. Nuryýewiň horlary mazmun taýdan, melodik materialy we ösüş serişdeleri boýunça biri-birinden düýpli tapawutlydyr, emma bu eserleri birleşdirýän esasy alamat täzeçilligiň we däp-dessurlygyň utgaşdyrylmagydyr. Milli saz däplerine

esaslanyp, olary ýewropa sungatynyň köpsesli hor kanunlary bilen baglanyşdyryp, kompozitor, aýratyn häsiýetli, özboluşly we çuňňur milli saz eserlerini döredýär.

A'kapella hor žanrynda eser döreden kompozitorlaryň biri-de Çary Nurymowdyr. Bu türkmen kompozitorynyň döredijiliginde "Oýanmaz" hory aýratyn orun tutýar. Birinjiden, Ç. Nurymowyň döreden horlarynyň içinde bu hor eseri XVIII asyr beýik türkmen şahyry, türkmen edebiýatynyň klassygy, deňi-taýy bolmadyk beýik söz ussady Magtymgulynyň goşgularyna ýazylan ýeke-täk eseridir. Ikinjiden, bu a'kapella hory üçin ýazylan az sanly eserleriň biridir. Galyberse-de, bu hor kompozitoryň irki eserleriniň biridir.

"Oýanmaz" hory 1963-nji ýylda, awtoryň Moskwanyň Gnesinler adyndaky saz-mugallymçylyk institutynda okaýan döwründe ýazylypdyr[35]. Kompozitoryň ýaşlygyna garamazdan, eser ýokary çeperçilik derejesine ýetirilip, täsirli we emosional güýje eýedir. Horuň şahyrana esasy bolan beýik Magtymgulynyň "Oýanmaz" goşgusy çuň pelsepewi eserdir. Ol ýerde şahyr durmuşyň panylygy barada pikir ýöredýär.

Kompozitor şahyryň döreden dört bendiniň diňe üçüsinden peýdalanýar. Eser bent formasynda ýazylan (bent bilen gaýtalama iki gezek gaýtalanýar). Goşgynyň ikinji bendi gaýtalama hökmünde hyzmat edýär. Bu bentde "Laý içinde çöken janlar, kölleriň gazy oýanmaz" diýen sözleriň gaýtalanmagy bilen, kompozitor, mümkin, goşgynyň esasy pikiri bolan "dünýäden öten zatlar gaýdyp gelmez" diýen manyny nygtaýar. Her bendiň ikinji we dördünji setirleri gaýtalanýar. Bu ýerde kompozitor türkmen halk aýdymlaryna häsiýetli bolan, her bentden soň, soňky setirleri gaýtalamak däbini täzeden döredýär.

---

[35] Ларионов В. Творчество композиторов Туркмении: А. Агаджикова, Р. Аллаярова, Ч. Нурымова, Р. Реджепова, Н. Халмамедова. – Ашхабад, 1974.

“Oýanmaz” horunyň esasy tonalnosty *e-moll*. Kadensiýada girizilýän *fa bekar* sesi saza frigiki öwüşgin goşýar. Kadensiýanyň şunuň ýaly görnüşi milli monodiýa üçin örän häsiýetlidir. Türkmen halk sazlaryna mahsus bolan VIII we V basgançaklaryň peseldilmegi hem duş gelýär. Gaýtalama bendiniň başynda ýerleşýän kulminasiýada saz mažor subdominantanyň tonalnostyna geçýär – *A-dur*. Gaytalama bendiniň jemleýji böleginde bolsa esasy tonalnost gaýdyp gelýär. Struktura we lad ösüşi babatynda kompozitoryň türkmen bagşylarynyň aýdymlarynyň däplerine berk daýanandygyny bellemek gerek. Bent bilen gaýtalama bendi bilelikde dört sözlemli period formasyny emele getirýär, her sözlem goşgy bendiniň bir setirine gabat gelýär. Bendiň we gaýtalama bendiniň başlangyç setirleri lad-intonasiýa taýdan tapawutlanýarlar, soňky setirler biri-birine doly meňzeş. Shema taýdan periodyň gurluşy şeýle:

| 1 (2) bent | gaýtalama |
|---|---|
| a + b + c + d | e + f + c + d |

Bent hor sesleriniň esasy we ortaky diapazonynda bolan ýagdaýynda, gaýtalama bendiniň başynda, iň dartgynly pursadynda, lad taýdan çalşygy bilen bilelikde saz iň ýokarky registre geçýär. Şunuň ýaly ladyň we registrleriň çalşygy türkmen halk aýdym-sazlarynyň iň dartgynly bolan şirwan bölümlerine mahsusdyr.

Horuň görnüşi – garyşyk, dört sesli (s + a + t + b). Gaýtalama bendinde (soprano partiýasynda) we kodada (tenorlarda) *divisi* usuly ulanylýar. Eser tenorlaryň partiýasy bilen açylýar. Ikinji taktda olara bas sesleri hem goşulýarlar. Olar tenoryň aýdan sözlerini gaýtalaýarlar. Ýöne welin, erkekler partiýalarynyň melodik heňleri tapawutlydyr:




Bendiň üçünji setiri beýan edilende, ösüşe aýallaryň sesleri hem goşulýar. Tenorlar bilen bilelikde olar fakturanyň bitewi gatlagyny emele getirýärler. Bas partiýasy bolsa olaryň kontrapunkty bolup ýaňlanýar.




Üçünji we dördünji setirleriň gaýtalamagynda eserdäki başlangyç taktlaryň fakturasy dikeldilýär: öňki ýaly diňe erkekleriň sesleri ýaňlanýar:




Bentde hor ***p*** we ***mf*** dinamikada, takatly, gazaply ýaňlanýan bolsa, gaýtalama bendi emosional partlamadan başlanýar – şahyr “Eý, ýaranlar, halaýyklar” diýip jar edýär. Güýçli kulminasiýanyň döremegine dinamika mümkinçilikleri (***f***), soprano, alt we bas partiýalaryndaky *divisi* usuly, üsti doldurylan faktura ýaly dürli saz serişdeleriniň bilelikdäki ulanylmagy ýardam edýär. Sazyň dinamika tarapy has hem özüne çekijidir. Ýaňlanyşda sesleri deňlemek üçin, kompozitor, tenorlary we baslary *mf* dinamikada bermekligiň zerurlygyny görkezýär. Bu bölekde iň äşgär ýaňlanýan heň tenorlara tabşyrylan. Olar akkord sesleri boýunça oktawa ses aralygyna ýokary “uçup”, soňra artdyrylan kwinta çäginde ajaýyp melodik hereketi ýasap, ýene-de aşak

düşýärler. Bu intonasiýa, oktawa ýokardan ýaňlanan soprano partiýasy bilen bilelikde tolgundyryjy täsir galdyrýan seslendiriliş effekti döredýär:




Saz tonal taýdan hem üýtgeýär, e-*moll*'yň ýerine mažor dominantanyň tonalnosty (*A-dur)* emele gelýär. *A-dur* tonalnosty diňe "Eý, ýaranlar, halaýyklar" diýen jümlä degişli bolup, soňra adybir *a-moll* tonalnosty, ondan soň bolsa *e-moll* tonalnosty dolanyp gelýär. Ikinji bendiň hem gaýtalama bendiniiň gaýtalanyp gelmegi öňkülere garanyňda, esasan, dinamik taýdan tapawutlydyr, ýagny gaytalama bendinde kulminasiýadan soň gelýän hor sesleri öňküsi ýaly *mf*-da däl-de, *p*-da ýaňlanýarlar. Eser alty taktly koda bilen tamamlanýar, onda ähli şygyr tekstiniň düýp manysyny berýän "oýanmaz" sözi ýuwaşlyk bilen ýaňlanýar.

Ç. Nurymowyň döredijilik hazynasynda a'capella eserleriniň sany köp däl[36]. Olardan iň gowularynyň biri "Oýanmaz" horudyr. Bu eser awtoryň hor ýazuwynyň usullaryny, horuň peýdalanyş mümkinçiliklerini ussatlyk bilen peýdalanandygyny subut edýär. Kompozitor beýik şahyryň goşgusyna täze durmuş beripdir. Ony,

[36] Гуревич В. Чары Нурымов. // Композиторы союзных республик. Вып. 5. – М., 1986.

hakykatdan hem, türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen iň ajýyp hor eserleriniň hataryna goşup bolar.

80-90-njy ýyllarda kompozitorlar a'capella hor žanryndan döredijilik taýdan daşlaşdylar. Munuň sebäpleriniň biri, belki, saz mirasyny propagandirlemek ugrunda geçirilýän döwlet reformasy bolup biler. Türkmenistanda XX asyryň 40-njy ýyllaryndan bäri işläp gelýän Türkmen döwlet filarmoniýasy Mukamlar merkezine öwrülip, onuň düzüminde hereket edýän hor kapellasy bolsa öz işini bes etmeli bolýar. Ýerine ýetiriji toparlaryň ýoklugy sebäpli, kompozitorçylyk döredijiligininde aýdym-saz sungatynyň bu žanry boýunça eser döretmrk höwesi belli bir derejede aşak düşdi.

A'capella žanryna bolan güýçli gyzyklanma täze asyryň başlanmagy bilen döräp başlaýar. Bu ugurda şu döwre degişli bolan ilkinji döredilen eserleriň hatarynda M. Annamyradowyň täzeden işlenen "Nar agajy" we "Ýarowjan" atly halk sazlaryny görkezmek bolar. M. Annamyradow – ýaş kompozitorlaryň biri. Onuň döredijiligini özboluşly saz ýazuwy häsiýetlendirýär. Söz bilen baglanyşykly žanrlar kompozitoryň içki dünýäsine ýakyndyr. Halk aýdymynyň täzeden işlenme žanryna ýüzlenip, awtor eseriň içki mazmunyny çuňlaşdyryp, sazy belent dramatik dartgynlygyna ýetirýär. Polifonik başlangyjynyň agalyk etmeginde gomofon-garmonik we polifonik serişdeleri bir bitewülige birleşdirýar[37]. Aýdymlaryň keşp-çeperçilik mazmuny baýlaşdyrylýar. Eser hor-liriki poema hökmünde kabul edilýär.

Türkmen topragynda a'capella hory žanrynyň gaýtadan döremegi spiralyň täze aýlawy ýaly bolup geçýär. Halk sazyny hor üçin gaýtadan işlemekden soň S. Tüýliýewiň üç sany hordan ybarat bolan toplumy peýda bolýar[38]. Miniatýuralaryň

[37] Холопова В.Н. Фактура. – М., 1979, 15.

[38] Цуккерман В. Музыкальные жанры и основы музыкальных форм. – М., 1964, 60.

çuňňur filosofik manysy şahsyýetiň ruhy dünýäsiniň kämilleşiş taraplaryny ýüze çykarmak bilen baglanyşyklydyr. Eger-de adam görip, açgöz bolsa, ýokary derejedäki adalatyň güýjüne ynanmaýan bolsa, onda onuň geljegi ýokdur. Aňa, paýhaslylyga bolan ynam ruhy taýdan güýçli milleti döredýär. Miniatýuralaryň her biri “teza – antiteza – sintez” ideýasynyň beýanydyr. Horlaryň saz dili milli başlangyjy ýokary derejede suratlandyrýar. Hor fakturasyna sekundalaýyn gaýtalamalar bilen kwarta-kwintaly kompleksleriň goşulmagy instrumental halk sazyna mahsus bolan adaty sonorikany döredýär. Temanyň her gezekki getirilişinden soň, faktura däp bolan iki seslilikden köp sesli sazlaşyklara çenli ýetmek bilen baýlaşýar.

Saz diliniň milli özboluşlylygy lad we metroritm taraplar bilen görkezilendir. Halk sazyna mahsus bolan natural lad öwrümleriniň, dürli hili lad çalşyklarynyň ulanylmagy hem kompozitoryň saz diliniň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Milli däp-dessurlaryň çäklerinde sazyň metroritmik taýdan çylşyrymlaşmagy ýüze çykýar. Mysal üçin, ýönekeý ölçeglerdäki miniatýuralarda sinkopalaryň we durnukly sesleriň kömegi bilen ritmiki aksentleriň ornuny üýtgetmeklik ölçeg çalşygynyň täsirini döredýär. Iň soňky miniatýurada türkmen sazy üçin adaty bolmadyk 4/2 ölçegde ritmiki gurluşlaryň içki düzümi aýdyň milli öwüşginlere eýe bolýar. Şu ýagdaýda jübüt metriň ulanylmagy şöhratlandyrma – gimn miniatýuranyň žanr alamatlarynyň biri bolup durýar.

Awtoryň şahyrana esasa aňryçäk üns bermekligi we baş ideýanyň arassa faktura we garmonik serişdeler arkaly görkezilmegi S. Tüýliýewiň toplumynyň hor fakturasynyň aýratynlygy bolup durýar. Kulminasiýa zolaklarynda kompozitor unison owazlanyşa ýüzlenýär, başga käbir sözleriň many-mazmuny bolsa aýdyň, garaşylmadyk ýagdaýdaky garmonik

öwüşginleriň kömegi bilen görkezilýär. Umuman alanyňda, S. Tüýliýewiň miniatýuralar toplumy diňe bir arassa kompozisiýa çözgüdiniň ýokary derejeli professionalizmini ýüze çykarman, eýsem, ýerine ýetirijilige edilýän talaplaryň belent derejesini hem kesgitleýär.

Garalyp geçilen eserler türkmen kompozitorçylyk döredijiliginde a’capella hor žanrynyň panoramasy bolup durýarlar. Žanryň özboluşlylygy bilen şertlendirilen bu eserler hor miniatýuralary bolup durýarlar. Olaryň keşp mazmunynyň görnüşleri köp çäklidir, ýöne welin köp derejede liriki ulgam bilen baglanyşyklydyr. A’capella hor žanryna dürli nesillere we stilistik ugurlara degişli bolan kompozitorlar ýüzlenýärler. Şu günki gün, azda-kände ýatdan çykarylan bu žanr özüniň gaýtadan döreýşini başdan geçirýär. Eýýam döwlet derejesindäki we beýleki geçirilýän konsertlerde a’capella hor eserleri ýerine ýetirilmek bilen, bu žanr ýurduň sazçylyk jemgyýetine giňden ornap başlady.

## Sazandarlyk edilýän hor eserleri

Sazandarlyk edilýän hor eserleri türkmen kompozitorlarynyň hor döredijiliginde iň meşhur žanrlaryň biridir. Hor eserleriniň aglabasy özleriniň žanr alamatlary boýunça – aýdymlardyr[39]. Olar özleriniň keşpleýin gurluşlary boýunça köp dürlüdirler (filosofik-liriki, watansöýüjilik, marş, žanr häsiýetli). Hor aýdymlarynyň köpüsi fortepianonyň sazandarlyk etmeginde ýerine ýetirilýär, ýöne welin, halk, estrada-simfonik orkestrleri tarapyndan sazandarlyk edilýän hor aýdymlary hem bardyr.

---

[39] Мазель Л., Цуккерман В. Анализ музыкальных произведений. – М., 1967, 15.

Sazandarlyk edilýän hor eserlerini döretmekligiň taryhy türkmen halk sazyny rus kompozitorlarynyň özleşdirip başlan wagtyndan, Türkmenistanda milli ýerine ýetirijilik toparlarynyň döredilen döwründen başlanýar[40]. Türkmen folkloryna daýanmak arkaly, köpçülikleýin ýerine ýetirilýän aýdymlaryň talaplaryna laýyk gelýän eserler döredilipdi (bentleýin görnüşe giren aýdyň, ýatda galyjy saz; ýönekeý garmonik sazandarlyk edilişi; milli özenlilik). Eserleriň köpüsi solistler tarapyndan ýerine ýetirmeklige niýetlenip, hor diňe gaýtalama bentlerinde goşulyşypdy.

Türkmen kompozitorçylyk mekdebiniň döredilmegi bilen sazandarlyk edilýän hor aýdymlary diňe bir sazly-dramatik agramy öz üstüne almak bilen çäklenmän, eýsem, kompozitorlaryň döredijilik laboratoriýasy diýen derejä hem eýe bolýar. Aýdym žanrynda milli melodikanyň stilleşdiriliş usullary, onuň ösüşiniň we ýewropa saz medeniýetiniň formaýasaýyş kanunlary bilen baglanyşygynyň prinsipleri synag edilýär; türkmen halk saz gurallarynyň faktura-tembr seslenişine ýakyn bolan orkestr serişdelerini saýlap almaklyk ýaly öwrülişikler bolup geçýär; bagşylaryň aýdymlarynyň kanunalaýyklyklaryna kybap gelýän täze formalar döredilýär.

Çagalar toparlary tarapyndan ýerine ýetirmeklige niýetlenen aýdym-saz eserleri sazandarlyk edilýän hor sazynyň aýratyn ulgamy bolup durýar. Professional çagalar hor toparlary Türkmenistanda 70-nji ýyllarda döredilipdi. Höwesjeň gurnaklardan Türkmen radiosynyň we telewideniýesiniň çagalar hory, “Ýaň” (“Эхо”) diýen hor studiýasy emele geldiler. 80-nji ýyllarda Türkmenistanyň umumy bilim berýän mekdepleriniň çagalar hor toparlarynyň gözden geçirilişleri uly meşhurlyga eýe boldy. W. Ahmedow, B. Hudaýgulyýew, J. Gurbangylyjowa,

[40] Мазель Л. Статьи по теории и анализу музыки. – М.: СК, 1982.

K. Garowow ýaly kompozitorlar çagalar üçin birnäçe eserleri döretdiler. Aýdymlaryň köpüsi çagalar hor toparlarynyň repertuaryna kino ekranlaryndan gelip düşdi (mysal üçin, “Döwranyň başdan geçirenleri” kinofilminden Ç. Nurymowyň “Biz – Watanyň gülleri” atly aýdym). Türkmen kompozitorlary çagalar hory üçin birnäçe eserler toplumyny hem döretdiler (J. Gurbangylyjowanyň çagalar üçin hor toplumlary).

Gynansak-da, soňraky ýyllarda çagalar hor döredijiligi öz ornuny solo we ansambllaýyn estrada ýerine ýetirijiligine berip başlady. Ýerine ýetirijilik bazasynyň bolmazlygy ýerine ýetirijileriň döredijilik işine özüniň ýaramaz täsirini ýetirdi. Çagalara niýetlenen täze wokal-hor eserleriniň peýda bolmagy seýrek hadysa öwrüldi. Şeýle-de bolsa, Täze Galkynyş zamanasynda döwlet tarapyndan professional saz sungatyna berilýän aýratyn ünsüň netijesinde çagalar hor sungaty ýene-de özüniň ýalkymly ýoluna düşdi. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmen döwlet horuny döretmek baradaky gol çeken taryhy karary bu sungatyň, şunuň bilen birlikde hem çagalar horunyň işiniň ilerlemegine özüniň ýakymly täsirini ýetirdi. Ýurduň çagalar sungat mekdepleriniň hor toparlarynyň arasynda yglan edilen bäsleşikden bolsa has uly netijelere garaşylýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde kompozitorlaryň köpçülikleýin hor aýdymy ulgamynda alyp barýan işleri işjeňleşip başlaýar. Bu žanra ýüzlenmekligiň köpdürlüliginde stil, faktura, tembr usullarynyň nähilidir bir stereotipligi göze ilýär. Sazandarlyk edilýän hor üçin has ähmiýetli eserleriň käbirini derňew edip geçeliň. Garyşyk hor we fortepiano üçin niýetlenen “Baglar, heý” diýen aýdym D. Öwezowyň iň meşhur we ýygy-ýygydan ýerine ýetirilýän hor eserleriniň biridir. Ol XVIII asyryň beýik

türkmen şahyry we filosofy Magtymguly Pyragynyň sözlerine ýazylypdyr.

Magtymgulynyň özüniň ideýasy we çeperçilik görnüşi boýunça baý döredijiligi türkmen klassykasynyň ösüşinde belli bir tapgyr we şol bir wagtyň özünde hem iň beýik nokady bolupdyr. Onuň goşgulary durmuşyň manysy, dagynyk türkmen tire-taýpalarynyň ykbaly baradaky çuňňur filosofiki oý-pikirlerden doludyr.

Magtymguly Pyragynyň “Baglar, heý” diýen goşgusynda şahsy jebir-jepalary, betbagtçylyklardan we üznüksiz kynçylyklardan doly bolan durmuşy barada gürrüň berilmek bilen, ýagty geljegi barada arzuw edýän türkmen halkynyň keç ykbaly baradaky oý-pikirler teswirlenilýär. Ýöne welin, ejir çekmeleriň soňy görünmeýär: “Nesip goýmaz, gider ýolum baglar, heý!”.

“Baglar, heý” diýen hor aýdymy dinamizirlenen reprizaly üç bölümli formada ýazylan. Eseriň bütin dowamynda minor tonalnostlar agalyk edýär (*f-moll, b-moll*). Eser fortepiano girişi bilen açylýar, onuň ilkinji taktlaryndan başlap milli häsiýetlilik alamatlary ýiti duýulýar onuň tonikasynyň garmoniýasynda esas bolup tersiýa däl-de, kwarta düzümi hyzmat edýär. Girişde berlen ostinatoly ritm bütin hor aýdymynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Goşgynyň başlangyç bendi eseriň birinji bölüminiň esasyny düzýär:

Kysmat olmaz, gidem uzak ýollara gel, ýollara,
Nesip goýmaz, gider ýolum baglar, heý!
Haýran-Mejnun bolup, çykam çöllere,
Baryp, mesgen tutam sizi, daglar, heý!

Kompozitor goşgynyň çuňňur manysyny saz teswiriniň inçeligi bilen açyp görkezmeklige çalyşýar. Ol muny köp

bolmadyk çäkli saz serişdeleriniň üsti bilen gazanmagy başarýar. Başlangyçdaky dört sany taktda bir sesdäki reçitasiýanyň üsti bilen ünsüňi bir ýere jemlemeklik, daşky dünýäden üzňelik duýgusy döredilýär. Uzak ýola rowana bolan derwüşiň keşbi göz öňüňe gelýär. Emma soňraky dört sany taktda bu ýagdaý üýtgeýär. Biz gowulyklara bolan arzuwyndan mahrum bolan adamyň ajy ah çekmesini eşidýäris: "Nesip goýmaz, gider ýolum baglar, heý!". Garmonik we melodik serişdeleriň hemmesi gahrymanyň içki tolgunmalaryny we howsalalaryny açyp görkezmeklige gönükdirilýär. Muňa soprano we altlara tenor we bas sesleriniň goşulmagy ýardam edýär. Özi-de tenor sopranonyň partiýasyny, bas bolsa altlaryň partiýasyny güýçlendirýär.

Mazmuna laýyklykda fortepianoda sazandarlyk edilişiň häsiýeti hem üýtgeýär. Aýdyň, dury faktura has agramly, dykyz faktura bilen ornuny çalyşýar. Registriň diapazony hem giňeýär. Fakturanyň aýry-aýry sesleriniň partiýalary dikligine ýerleşdirilmek bilen, dutaryň owazyna häsiýetli bolan iki sesli geterofon seslenişini emele getirer ýaly edilip düzülipdir. Alt we bas seslerinde getirilen heň durnukly, gysga ştrih bilen berlipdir, sopranolara we tenorlara tabşyrylan saz bolsa, tersine, has täsirli we çeýe berlipdir. Hut şol tema hem eseriň esasy pikirini beýan edýär.

Birinji bölüm meňzeş sözlemli period formasynda ýazylan. Ikinji sözlem ýedi takta çenli giňeldilen. Ölçeg 6/8-dan 9/8-e çalşyrylýar. Bu ölçegleriň ikisem üç ülüşli bolsa-da, olaryň gezekleşip gelmegi türkmen halk sazlaryna mahsus bolan erkin ritmikany emele getirýär. Ortaky bölüm, esasy tonalnost üçin subdominanta bolan *b-moll* tonalnostynda ýazylan. Onuň tematiki hereketi şeýle häsiýetlendirilýär: birinji sözlemde alt we sopranolarda intonasiýa taýdan ösdürilen heň geçirilýän bolsa, ikinji sözlemde saz başlangyç tematiki elemente gaýdyp gelýär.

Ikinji bölüm, edil birinjisi ýaly, gaýtalanýan iki sözlemli periodda ýazylan. Her sözlem giňelip, öz dowamyny fortepiano partiýasyna geçirýär. Bu ýagdaý inedördül gurluşy bozup, sazyň ösüşine erkin häsiýetlilik goşýar. Bu alamat, umuman, türkmen milli monodiýasyna häsiýetlidir. Bu bölümiň fakturasynda hem dutar saz guralynyň ýaňlanyşy beýan edilýär. Erkekler we aýallar hor toparlarynyň ýokarky sesleri bolan tenorlara we sopranolara esasy heň berlip, ikinji heň bolsa aşaky seslere – baslara we altlara berilýär. Gaýgyly, gam-gussaly temanyň *b-moll* tonalnostda berilmegi, horda ýaňlanan jümleleriň fortepianoda gaýtalanmagy – bu saz serişdeleriniň ählisi goşgynyň mazmunynda beýan edilen şahyryň durmuşyny, onuň çeken horluk-azaplaryny we maksat-myratlaryny görkezmek üçin niýetlenen. Eseriň reprizasy dinamizirlenen we iki esse gysgaldylandyr. Onda hor *mf* we *f* ýaly has güýçli dinamikada, agras, dykyz fakturada, ähli sesleriň gatnaşmagynda ýaňlanýar.

Eserde fortepiano partiýasynyň ähmiýeti hem uludyr. Onda liriki gahrymanyň duýgulary beýan edilen. Eseriň başynda fortepiano partiýasynyň hereketi asuda we sazlaşykly ýaňlanýan bolsa, ortaky bölümde ol gaýgyly we howsalaly eşidilýär. Bu häsiýet ölçegiň çalyşmagy, diapazonyň giňelmegi bilen gazanylýar. Umuman, fortepiano partiýasynda hem, edil hor partiýalarynda bolşy ýaly, kompozitor dutaryň saz äheňlerini ýerlikli beýan edýär. Eseriň ritmikasy hem köpdürlüdir. Kompozitor dürli ritm şekillerinden peýdalanýar. Dinamikanyň baý serişdeleri çuňňur ruhy gaýgylary başdan geçirmek ýaly duýgulary ýüze çykarmaklyga gönükdirilen.

Sazandarlyk edilýän hor aýdymy žanrynda Magtymgulynyň şygryny ulanmaklygyň beýleki bir mysaly A. Kulyýewiň “Parhy ýok” diýen hor eseridir (Ý. Waliçiň tejribesi boýunça). Beýik şahyr ýigidiň buýsanjyny we nalajedeýinligini kesgitleýän

häsiýetler bolan batyrlyk we gorkaklyk barada pikir ýöredýär. “Parhy ýok” diýen refreni ulanmak bilen, awtor ony dürli hili hadysalar bilen çaknyşdyrýar. Ýerine ýetirijileriň düzümi hökmünde saýlanyp alnan hor kompozitoryň düşündirişinde hereket edýän gahrymany kesgitleýär. Ol öz şahsy pikirini beýan edýän şahyr däl-de, eýsem, halk şahyrynyň pozisiýasyny ýeke-täk dogry zat hökmünde kabul edýär.

Aýdym ýönekeý iki bölümli formada ýazylypdyr. Her bölümiň içindäki tematizmiň ösüşi jümleleri bölüşdirmek we olaryň polifonik baglanyşygy bilen baglydyr. Aýdym tonal taýdan horuň girişmegini taýýarlaýan, tematik däl materialdaky uly bolmadyk fortepiano girişi bilen başlanýar. I bölümiň sazyny eksponirlemek basa tabşyrylypdyr. Heňiň gezekli-gezegine alt, tenor, soprano tarapyndan gaýtalanmagynyň klassyky tonal gatnaşygy bolan figurirlenen kompozisiýasynyň nusgasyna meňzeşligi döredýändigi has hem täsindir. Uly bolmadyk instrumental heň parallel mažor tonalnostynda horuň II bölümine alyp barýar (*E-dur*). Şonda, başlangyç gurluşdan tapawutlylykda, öýkünme polifoniýasynyň we garmonik ostinatonyň prinsipleriniň baglanyşygy ulanylypdyr. Şunlukda, eser, shematik inedördül formanyň çäklerini deňleşdirýän ösüşiň polifonik usullary bilen doldurylýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Giriş | A | geçiş | B | Netije |
| cis | cis | | E-cis | cis |
| 4 т | 16 т | 4 т | 16 т | 2 т |

Hor eseriň dramaturgik ideýasyny alyp baryjy bolup hyzmat edýär. Sazandarlyk ediji fortepiano bolsa wokal partiýasyny diňe emosional taýdan baýlaşdyrýar.

D. Öwezowyň we A. Kulyýewiň Magtymgulynyň sözlerine döreden hor eserlerini derňemek bilen, olaryň ikisinde-de

adamyň bu dünýedäki adalatly durmuş kanunlary barada pikir ýöredýän aýdym-monologyň mysalynyň berlendigi baradaky netijäni çykarmak bolar. Eserleriň köp sesli hor görnüşinde berilmegi adamzat tarapyndan durmuşyň manysy, jemgyýetçilik durmuşynyň kanunlary baradaky ideýalara göz ýetirilmegini aňladýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde sazandarlyk edilýän hor eserleri döredilende stilistika boýunça watançylyk temasyndaky köpçülikleýin aýdymlaryna ýakyn bolan eserler ilkinji hatara çykdylar. Olaryň biri dirižýor we kompozitor B. Hudaýgulyýewiň 1998-nij ýylda döwlet derejesinde Baýdak baýramynyň bellenilmegine bagyşlap solist-bariton, hor we orkestr üçin döreden “Parla, Baýdagym” diýen hor aýdymydyr.

Eser orkestriň *tutti* usulynda uly güýç bilen ýaňlanýan giňişleýin giriş sazy bilen açylýar. Ýiti punktirli ritm, fanfara öwrümleri, gujurly dinamika sazda dabaraly, baýramçylykly häsiýetiň döremegine ýardam edýär. Eseriň bütin dowamynda hem, girişde hem tonalnostlar häli-şindi çalşyrylyp durulýar: *f-moll* parallel *A-dur* bilen gezekleşýär. Bu aýdyň tonalnostlaryň peýdalanylmagy bilen kompozitor diňleýjileri şatlyk, baýramçylyk dünýäsine alyp barýar. Sazyň çyňňur milli häsiýete eýe bolmagyna halk sazlaryna mahsus bolan intonasiýa öwrümleri, kwarta-kwinta esaslanýan garmoniýa hem ýardam berýär.

Solistiň ýerine ýetirýän bölegi (zapewi) iki sözlemden ybarat. Birinji sözlemde saz heňi tonikadan başlap, ýokarylygyna tarap kwinta boýunça hereket etmegiň netijesinde yzygiderli ösdürilýär. Ikinji sözlem taktyň ikinji ülşünden başlap, VI basgançakdan ugur alýar (*f-moll*). Triol hereketlerini özünde jemleýän solistiň partiýasynda (zapewde) başga ritmik taýdan kynçylyklar gabat gelenok. Durmuşy ykrar edýän gujurly gaýtalama bendini iň

güýçli dinamikada (*ff*) *A-dur* tonalnostda altysesli hor alyp barýar:

S (I-II) + A + T (I-II) + B

Soprano we tenor sesleri temany alyp barýarlar, alt bilen basyň sesleri bolsa sazyň garmonik fonuny döredýärler. Tenorlar sopranonyň partýasyny oktawa boýunça aşakdan alyp barýarlar. Baslar hem käbir ýerlerde altlaryň partiýasyny goldaýarlar. Munuň ýaly meňzeş bolmadyk sesleriň unison hereketde gaýtalanmak usuly kompozitor üçin esasy heňi has-da äşgär görkezmek mümkinçiligini döredýär. Şeýlelikde, partiýalar esasy heňi dürli registrlerde giň diapazon möçberinde alyp baryp, ýaňlanyşyň ägirt uly göwrümli bolmagyna hem-de täsirliligiň artmagyna getirýär. Tonal çalyşmalar we ölçegler dürli-dürli görnüşde berlipdir. Eser, esasan, güýçli dinamikada ýaňlanýar. Orkestriň partiýasynda akkord fakturasy, punktirli ritmler, marş häsiýetindäki owazlar agalyk edýär. Eseriň kodasy uly göwrümli we täsirlidir. Bas seslerden başga ähli partiýalarda *divisi* usuly ulanylýar. $D_7$-dyň üsti bilen *As-dur*’dan *F-dur*’a geçýän labyzly modulýasiýa bilen, *ff* dinamikada eser dabaraly tamamlanýar.

Şunuň ýaly eserler hor aýdymy žanrynyň çäginde Türkmenistanyň saz sungatynda uly meşhurlyga eýe boldy. Hor aýdymlary özboluşly çeper eserler bolup, şeýle hem maddy saz žanry hökmünde dürli syýasy, medeni we sport çärelerinde häli-şindi ýaňlanyp durýarlar. Türkmen kompozitorlarynyň döreden hor aýdymlary köpçülikleýin aýdylýan saz žanrlarynyň stil alamatlaryna doly gabat gelýär.

Türkmen hor sazynyň kamera žanrlarynyň eserleriniň derňewiniň esasynda türkmen kompozitorlarynyň bu ugrunyň lirik başlangyjynyň beýan etmegi bilen ýakyn baglanyşygyny ýüze çykardy. Halk aýdymlarynyň täzeden işlenen görnüşleri,

a’capella we sazandarlyk edilýän horlary we çagalar üçin ýazylan eserleri – bularyň ählisi liriki häsiýetde ýaňlanýar. Lirikany beýan edýän horlaryň keşp düzgüni ummasyzdyr: Watana bolan söýgi, tebigatyň gözelliginiň waspy, söýgi, joşgun, şatlyk we şoňa meňzeş duýgular.

Her eserde lirikanyň poetikasy indiwidual taýdan beýan edilen. Olary birleşdirýän alamat hökmünde eserleriň heňlerinde beýan edilen saz başlangyçlaryň millilik häsiýeti ýüze çykýar. Kamera žanrynyň özboluşlylygyna görä, eserleriň çeperçilik gymmatlygyny we ýerine ýetirijilik meşhurlygyny horlaryň labyzlylygy, kantilenalylygy kesgitlendirýär. Kamera hor eserleri žanr taýdan aýdymlara degişlidir. Aýdym bolsa giň köpçüligiň kabul etmegine we ýerinde ýetirilmegine niýetlenen demokratik žanrdyr. Şeýlelikde, kamera hor sazynyň özboluşly milli melodikada beýan edilen liriki mazmunlylygy we giň ýerine ýetirijilik mümkinçilikleri bu žanrlaryň häli-şindi ýaňlanyp durmagyna we kompozitorlar tarapyndan döredijilik gyzyklanmasynyň döretmegine itergi berýärler.

Şeýlelikde, umuman alanyňda, türkmen kompozitorlyk mekdebiniň döremegi bilen hor sazy özünde diňe saz-dramaturgik agramyny jemlemän, eýsem, kompozitorlaryň döredijilik laboratoriýasy hökmünde çykyş edip başlaýar. Aýdym žanrynda milli melodikanyň ösüş kadalary hem-de olara ýakyn bolan ýewropa saz medeniýetiniň usullary seljerilýär; türkmen halk saz gurallarynyň ýaňlanyşyna meňzedýän orkestriň faktura-tembr serişdeleri saýlanylýar; aýdymlaryň gurluş kadalaryna deň gelýän täze formalar döredilýär.

A’capella žanrlarynda ösüşiň wariant usullarynyň girizilmegi, kwarta-kwinta dikliginiň we peseldilen basgançakly halk perdeleriniň ulanylmagy ýaly türkmen sazynyň daşky ýaňlanyş taraplary hem öz beýanyny tapdy. Wokal-simfonik sazda žanr

taýdan sintezi emele getirýän tendensiýa öňe çykýar, onuň netijesinde hör döredijiliginde poema-kantata, oda-poema, opera-oratoriýa ýaly utgaşdyrylan žanrlar emele gelýär. Žanrlaryň, saz gurluşdaky usullarynyň baglanyşygyna, diňe bir ýekeje sungatyň çäginde däl-de, saz bilen kinematografiýa aralygynda hem duş gelmek bolýar. Türkmenistanyň hor sungatynyň wokal-simfoniki žanrlary dramaturgiýa usuly hökmünde montažlylyk, uly ýakyn we daşky planlara bölünen fakturasy, kadrlaýyn ösüşiniň çalt yzygiderliligi tapawutlandyrýar.

Türkmenistanyň kompozitorlarynyň hor döredijiligi milli saz medeniýetiniň agramly bölegi bolmak bilen, ýüz ýylyň içinde bu sungatyň gelip çykyşynyň we ösüşiniň derňewi türkmen halkynyň çeperçilik mentalitetini beýan edýän hor döredijiliginiň dünýä saz medeniýetiniň taryhy tapgyrlary bilen bolan baglanyşygyny ýüze çykardy.

## NETIJE

Milli Garaşsyzlygymyzyň täze-döredijilikli döwri bolan Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe milli aýdym-saz dünýäsindäki täzelikler bolsa döwrebaplygy, ýokary joşgunlylygy, belent perdelerden gaýdýan döredijilikli hyjuwlary öz içine alýar. Gudratly sungatymyzdaky şeýle guwançly täzelikleriň döremegine bolsa milli Liderimiziň pähim-parasady bilen halkymyzyň durmuş hal-ýagdaýyny öňküsinden-de has-da gowulandyrmaga ýardam berýän zerur şertleriň emele getirilmegi ylham çeşmesi bolup hyzmat edýär. Şeýdibem ajaýyp döwrümiziň ajaýyp aýdym-saz eserleri döräp, olar professional aýdymçylaryňam, halypa bagşylaryňam, höwesjeň aýdymçylaryňam repertuarlarynda belentden ýaňlanýar. Gözel diýarymyzda sanlyja ýyllaryň içinde asyrlara barabar bitirilen işler, ýetilen sepgitleriň aýdym-sazda tarypy ýetirilmegi il-günümiziň göwün guşuny arşa göterýär. Olary täze-täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Bu hakykat aýdym-saz sungatynyň ynsan ýaşaýşynyň hiç haçan bölünmejek bir bölegidigini görkezip, aýdym adamlaryň baky hemrasydygyny subut edýär.

Milli sungatymyzyň hak hossary hormatly ýurt Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow aýdym-sazlarymyz barada söz açyp, şeýle belleýär: “Aýdym-sazy diňlemek, oňa hormat goýmak türkmeniň ata-baba kalbyna guýlandyr”. Arkadagymyzyň jöwher zehininden çykan bu parasatlar halkymyzyň “Zer gadyryny zergär biler” diýen nakylyny ýadyňa salýar. Çünki halk döredijiliginde onuň dilini, aýdym-sazyny, däp-dessurlaryny ýürekden söýüp, ony arşa götermegi başarýan adam şeýle sözleri diýip biler. Milli aýdym-sazymyzyň gadyryny bilip, ondan lezzet alyp hatda aýdym aýdyp saz çalmagy-da başarýan hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli ähli işleri halk bähbidine ýugrulandyr. Onuň her bir sözlän

sözüniň, berýän öwüt-nesihatlarynyň gözbaşynda halkymyzyň gadymdan gelýän däp-dessurlary durýar. Arkadagymyzyň her bir başlangyjynyň taryhy kökleri bardyr. Şondan ugur alnanda onuň aýdym-saza degişli nygtaýan pähim-parasatlarynyň hem taryhy hakykatlar, edebi ýadygäriklerimiz bilen baglanyşyklydygyna göz ýetirip, oňa guwanýarsyň, buýsanýarsyň.

Ýurt Garaşsyzlygy içinde professional aýdym-saz sungatymyzda hem uly ösüşler boldy. Bu hakykat Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe has-da arşa göterildi. Arkadagymyz ýurdumyzda milli operany täzeden dikeltdi. Döwlet simfoniki orkestrini, Döwlet horuny döredip, sungat işgärlermiziň şatlyklaryny goşalandyrdy. Şunlukda, milli sungatymyzyň dünýä saz medeniýeti bilen sazlaşykly ösmegine giň ýol açyldy.

Häzirki zaman hor sazynyň keşp-mazmun ulgamy örän giňdir. Bu ýerde, onuň häzirki zaman ýagdaýyny şertlendirmek bilen, Türkmenistanda hor žanrynyň döreýşiniň diňe esasy tapgyrlary bellenilip geçilýär. Şu gün türkmen hor sazy – saz sungatynyň iň täsirli, döredijilik taýdan ösdürilýän ulgamydyr. Ol özüniň gözbaşyny hor medeniýetiniň watançylyk däp-dessurlaryndan alyp gaýdýar we ony baýlaşdyrýar, dünýä sazynyň iň bir aýdyň gazananlaryny tebigy taýdan özünde jemleýär.

# EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

2. Abdyllaýew D. Magtymgulynyň metrikasyndaky halkylyk esaslar. // Изв. АН ТССР. Сер. обществ. наук – 1979 - № 2.

3. Abubakirowa N. Türkmen halk aýdymlarynyň gözbaşlary. – Aşgabat: Bilim, 1980, 26.

4. Gurýewiç W. G.S.Drżewskiniň ýubileýine bagyşlanan doklad. TSSR-iň kompozitorlar soýuzynyň arhiwi.

5. Larionow W. Kompozitor hakda söz. // Nury Halmämmedow. Üç desse. – Aşgabat: Türkmenistan, 1978. – s. 5-8.

6. Larionow W, Halykow A. Nury Halmämmedow. // Sowet Türkmenistanynyň kompozitorlary. – Aşgabat: Türkmenistan, 1976. – s. 67-69.

7. Ýazmämmedowa G., Igliýewa Ş. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda saz medeniýeti (1991-2008). Bibliografik maglumatlar. – Aşgabat, 2008. – s. 182.

8. Абдуллаев Д. Народные основы стихосложения в поэзии Махтумкули. – Ашхабад: Ылым, 1983.

9. Абубакирова Н. Народные песни Западного Туркменистана. // Автореф. дис… канд. иск. – Л., 1982. – с. 24.

10. Абубакирова Н. Туркменский дутар в контексте этногенетических и историко-культурных связей. // Инструментоведение: молодая наука. – Спб.: РИИИ, 2002. – с. 8-11.

11. Абукова Ф. Туркменская опера: пути формирования. Жанровая типология. – А., 1987. – с. 164.

12. Актуальные проблемы изучения музыкальных культур стран Азии и Африки. – Ташкент, 1983. – с. 157.

13. Аманов Б., Мухамбетова А. Казахская традиционная музыка и XX век. – Алматы, 2002. – с. 543.

14. Анализ вокальных произведений. – М.: Музыка, 1988. – с. 352.

15. Асафьев Б. Музыкальная форма как процесс. – Л., 1971. – с. 376.

16. Асафьев Б. О народной музыке. – Л., 1987. – с. 243.

17. Асафьев Б. Об опере. – Л., 1976. – с. 336.

18. Бедросов Г. Музыка Советского Туркменистана. – А., 1943. – с. 53.

19. Беляев В. Очерки по истории музыки народов СССР. Вып. 1-2. – М., 1962.

20. Бореев Ю. Эстетика. – М., 1988. – с. 462.

21. Васина-Гроссман В. Музыка и поэтическое слово. – М., 1972.

22. Виноградов В. Музыка Советского Востока: от унисона к полифонии. – М., 1968. – с. 234.

23. Вопросы туркменского музыкознания. Вып. 2 – А., 1967. – с. 75.

24. Гафурбеков Т. Творческие ресурсы национальной монодии и их преломление в узбекской советской музыке. – Ташкент, 1987. – с. 110.

25. Георгий Свиридов. – М., 1979.

26. Григорьева Г.В. Русская хоровая музыка 1970-80-х годов. – М., 1991. – с. 80.

27. Григорьева Г.В. Стилевые проблемы русской советской музыки второй половины XX века. – М., 1989.

28. Гуллыев Ш. Искусство туркменских бахши (Основы музыкально-поэтического строения). – Ашхабад: Ылым, 1985. – с. 259.

29. Гуллыев Ш. Махтумкули и искусство туркменских бахши. // Махтумкули и туркменское искусство. – Ашхабад: Туркменистан, 1984.

30. Гуллыев Ш. Туркменская музыка (Наследие). – Алматы, 2003.

31. Гуревич В. Вели Мухатов: очерк жизни и творчества. – М., 1980.

32. Гуревич В. Нуры Халмамедов. // Композиторы союзных республик. Вып. 3. – М., 1980. – с. 131-170.

33. Гуревич В. Чары Нурымов. // Композиторы союзных республик. Вып. 5. – М., 1986.

34. Жаворонков Б., Ларионов В. Композиторы и музыковеды Туркменистана. – А.: Туркменистан, 1982. – с. 272.

35. Жаворонков Б., Ларионов В. Кузница музыкальных кадров Советского Туркменистана. – А.: Туркменистан, 1980. – с. 148.

36. Захарченко И. Оратория и кантата композиторов Казахстана. // Автореф. дис. … канд. иск. – Т., 1989.

37. История культуры Советского Туркменистана. – А., 1973. – с. 466.

38. История узбекской советской музыки . Т.1-3. – Ташкент, 1991. – с. 280.

39. Карпова С. Туркменская камерно-вокальная музыка. – Ашхабад, 1988.

40. Кекилов А. Кемине и Молланепес. // Избранные произведения. – Л., 1959.

41. Ларионов В. Творчество композиторов Туркмении: А.Агаджикова, Р.Аллаярова, Ч.Нурымова, Р.Реджепова, Н.Халмамедова. – Ашхабад, 1974.

42. Мазель Л., Цуккерман В. Анализ музыкальных произведений. – М., 1967.

43. Мазель Л. Строение музыкальных произведений. – М.: Музыка, 1979.

44. Мазель Л., Цуккерман В. Анализ музыкальных произведений. – М., 1967.

45. Мазель Л. Статьи по теории и анализу музыки. – М.: СК, 1982. – с. 328.

46. Масловская Т.Ю. О стиле и национальной сущности произведений Свиридова. // Георгий Свиридов. – М., 1979.

47. Мациевский И. Народная инструментальная музыка как феномен культуры. – Алматы, 2007. – с. 520.

48. Ментдоков А.П. Декламационно-речевые формы интонирования в музыке XX века. – М., 1986.

49. Михайлов М.К. Стиль в музыке. – Л., 1981.

50. Молланепес. Лирика. – Ашхабад, 1963.

51. Музыкальная форма (под ред. Ю.Тюлина). – М.: Музыка, 1965. – с. 395.

52. Музыкальные культуры народов мира. Традиции и современность. – М., 1973.

53. Мухиев Н. О некоторох особенностях исполнения хоров a'capella (на примере хоровых произведений В.Ахмедова). // Дипломный реферат, рукопись. – А.: ТГПИИ, 1991.

54. Назайкинский Е.В. Логика музыкальной композиции. – М., 1982.

55. Нурымова Н. Зарождение симфонической музыки в Туркмении (роль русских композиторов в становлении

туркменской симфонической музыки) // Проблемы музыкальной культуры народов Узбекистана, Туркмении и Таджикистана. – М.: Музыка, 1972. – с. 97-115.

56. Орджоникидзе Г. Некоторые характерные особенности национального стиля в музыке. – Л., 1985. – с. 112.

57. Осипова Е.П. Закономерности процесса освоения темы войны в творчестве композиторов Туркменистана. // Изв. АН ТССР. Серия гум. Наук. – 1991 - № 5. – с. 87-89.

58. Очеретовская Н. Содержание и форма в музыке. – Л., 1985. – с. 112.

59. Паисов Ю.И. Хоры a'capella Свиридова. // Георгий Свиридов. – М., 1979.

60. Протопопов В. Контрастно-составные формы. // Советская музыка. – 1962 - № 9. – с. 33-38.

61. Ручьевская Е.А. Функции музыкальной темы. – М., 1977.

62. Ручьевская Е. “Руслан” Глинки, “Тристан” Вагнера, “Снегурочка” Римского-Корсакова. Стиль Драматургия. Слово и музыка. – СПб: Композитор, 2009. – с. 396.

63. Ручьевская Е. Функции музыкальной темы. – Л., 1977.

64. Ручьевская Е. Хованщина Мусоргского как художественный феномен. К проблеме поэтики жанра. – СПб: Композитор, 2010. – с. 388.

65. Скребков С. О национальном своеобразии народной музыки. // Избранные статьи. – М.: Музыка, 1980. – с. 215.

66. Скребков С. Художественные принципы музыкальных стилей. – М.: Музыка, 1973. – с. 448.

67. Созанский Ю. Музична семиотика. – Львов, 2008. – с. 526.

68. Соломонова Т. Некоторые черты композиционных взаимосвязей текста и ритмики напева в узбекской народной песне. // Проблемы музыкальной культуры народов Узбекистана, Туркмении и Таджикистана. – М.: Музыка, 1972. – с. 345-362.

69. Сохов А.Н. Эстетическая природа жанра в музыке. – М., 1968.

70. Успенский В., Беляев В. Туркменская музыка. Т. 1. – А., 1979. – с. 382.

71. Ходжатов А. Хоровое творчество Г.Држевского. // Дипломный реферат, рукопись. – А.: ТГПИИ, 1980.

72. Холопова В.Н. Музыкальный тематизм. – М., 1983.

73. Холопова В.Н. Фактура. – М., 1979.

74. Хохлов Ю. Песни Шуберта. Черты стиля. – М., 1978.

75. Хохловкина А. Советская оратория и кантата. – М., 1955.

76. Цуккерман В.А. Анализ вариационных произведений. Вариационная форма. – М., 1967.

77. Цуккерман В. Музыкальные жанры и основы музыкальных форм. – М., 1964.

78. Чарыханов Р. Становление туркменского профессионального музыкального искусства (20-30-е годы). // Известия АН Т. Гуманитарные науки – 1993 - № 3. – с. 60-65.

79. Шахназарова Н. О двух типах музыкального профессионализма в контексте культуры. // Профессиональная музыка устной традиции народов Ближнего, Среднего Востока и современность. – Ташкент, 1981.

80. Шахназарова Н. О национальном в музыке. – М., 1968.

## MAZMUNY

Giriş .................... 7
I Bap. Türkmenistanda hor sungatynyň döreýşiniň
we ösüşiniň taryhy .................... 9
II Bap. Türkmenistanyň kompozitorlarynyň wokal-simfonik
döredijiligi .................... 21
Kantatalar we oratoriýalar .................... 21
Wokal-simfonik sazynyň kiçi göwrümli gurluşlary .................... 68
Türkmen kompozitorlarynyň operalarynda horlaryň ähmiýeti .................... 77
III Bap. Türkmenistanyň kompozitorlarynyň kamera
hor döredijiligi .................... 97
Hor üçin täzeden işlenen türkmen halk aýdymlary .................... 97
A’capella horlary .................... 105
Sazandarlyk edilýän hor eserleri .................... 124
Netije .................... 135
Edebiýat .................... 137

*Hudaýnazar Amangeldiýew*

# TÜRKMENISTANYŇ HOR SUNGATY


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Annaweliýewa* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Abdyrahmanow* |

Ýygnamaga berildi 06.03.2014. Çap etmäge rugsat edildi 21.04.2014.
A–81508. Ölçegi 60×84 $^{1}/_{16}$. Çap listi 9,00. Hasap-neşir listi 5,07.
Neşir №31. Sargyt №43. Sany 300.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000, Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.